**O. M. Geldimuhamedowa, H. Ç. Geldiýewa**

# BANK IŞINIŇ ANALIZI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 336.71
G 32

**Geldimuhamedowa O. M. , Geldiýewa H. Ç.**
G 32 **Bank işiniň analizi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

«Bank işiniň analizi» okuw kitaby 15 bapdan ybarat bolup, onda Türkmenistanyň bank ulgamynda ýerine ýetirilýän amallaryň esasy ugurlar boýunça görkezijileriniň maglumatlary halkara tejribesine esaslanylyp açylyp görkezilýär. Bu okuw kitabynda bank işine analiz geçirmekligiň usullary şekiller, tablisalar arkaly görkezilýär.

«Bank işiniň analizi» okuw kitaby ýurdumyzyň ykdysady ugurlarynda okaýan talyplara niýetlenip, ondan mugallymlar, ykdysatçylar, aspirantlar we beýlekiler peýdalanyp bilerler.

TDKP № 39, 2016 KBK 65.9 (2) 262

© O. M. Geldimuhamedowa, H. Ç. Geldiýewa, 2016



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Bazaryň sazlaşykly ösmegini üpjün etmeli maliýe institutlary bolan banklar, maýa goýum gaznalary, ätiýaçlandyryş edaralary hil taýdan täze görnüşe eýe bolmalydyr.*

## GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň Bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde Türkmenistanyň milli bank ulgamyny döwrebap ösdürmek umumydöwlet bähbitlerini göz öňünde tutýar. Ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmek esasynda ösen döwletleriň derejesine ýetirmek hem-de milli puluň durnuklylygyny üpjün etmek esasy wezipeleriň hatarynda durýar. Şu nukdaýnazardan Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 17-nji awgustynda ykdysadyýet, maliýe we bank ulgamyny ösdürmegiň meseleleri boýunça geçiren iş maslahatynda beren tabşyrygyna laýyklykda, şeýle hem «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyndan» gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy işlenilip taýýarlanyldy. Bu Döwlet maksatnamasynda bank ulgamyny ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek, maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny ornaşdyrmak, hödürlenýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak, töleg ulgamyny kämilleşdirmek ýaly çäreleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde hereket edýän täjirçilik banklarynda dolandyryş meselelerinden takyk we dogry baş alyp çykmak, onuň işiniň ahyrky maliýe netijesine hemmetaraplaýyn täsir edýän oňaýly we oňaýsyz ýagdaýlary

ýüze çykarmak bilen baglanyşykly analiz işleriniň gurnalmagy möhüm ähmiýete eýedir. Bank amallarynyň ýerine ýetirilişiniň analizi geçirilende balansyň likwidliligini we girdejililigini artdyrmaga ýardam bermek bilen goýumçylaryň ynamyny ödemegini hem-de bank bazarynda bäsdeşlige ukyplylygy üpjün edýär.

Türkmenistanyň bank ulgamynyň döwletiň pul dolanyşygyny sazlaşdyrmakda hem uly ähmiýeti bardyr. Olar bank işi bilen baglanyşykly amallarda araçyllyk etmek arkaly edara-kärhanalaryň, hojalyk birlikleriniň, ilatyň wagtlaýynça boş duran pul serişdelerini goýum görnüşinde banka çekip, karzlaşdyrmagyň ýörelgeleri esasynda önümçiligi giňeltmek üçin zerur bolan subýektleri malýeleşdirmäge gönükdirýärler. Bank ulgamynyň ösüşinde milli ykdysadyýeti ösdürmäge maliýe goldawyny bermek, milli puluň hümmetiniň durnuklylygyny saklamak, bank hyzmatlaryny döwrüň talabyna laýykylykda hödürlemek we daşyndan çekilen serişdeleri netijeli peýdalanmak ileri tutulýan ugurlardyr.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň bank syýasaty, esasan hem, banklaryň balansynyň likwidliligini sazlaşdyrmak, onuň walýuta bazaryndaky durnuklylygyny gazanmak, bankara hasaplaşyklary çaltlandyrmak, plastik kartlar boýunça edilýän hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmek, halkara maliýe guramalary we daşary ýurt banklary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny giňeltmek ýaly ugurlara gönükdirilendir. Şu nukdaý nazardan täjirçilik banklarynda analiz işleriniň gurnalmagy hünärmenleriň döwrebap taýýarlanylmagy bilen baglanyşykly meseleleri çözmek bilen bir hatarda geljekki bankirlere analiz geçirmegiň usullaryny we tärlerini öwretmekden ybaratdyr. «Bank işiniň analizi» dersiniň predmeti hökmünde bank amallary ýerine ýetirilýän pursady emele gelýän ykdysady prosesler, bank ulgamynda analiz geçirmek üçin ulanylýan usulyýetler hem-de bankyň maglumat binýady çykyş edýär. Bank işiniň analizini gurnamak üçin esasy maglumat çeşmesi hökmünde bankyň buhgalter hasabynyň kämilleşdirilmegi we maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna doly geçmegi, hasaplaryň täze meýilnamasynyň ornaşdyrylmagy, usuly resminamalaryň taýýarlanylmagy, işgärleriň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmagyň yzgiderli geçirilmegi milli bank ulgamyny dünýä tejribesi derejesinde ösdürmekde möhüm orun eýeleýär.

# I BAP
# BANK IŞINIŇ ANALIZI DERSINIŇ MANYSY WE WEZIPELERI

## 1.1. Bank işiniň analizi dersiniň manysy we wezipeleri

Ösen bazar ykdysadyýeti şertlerinde hereket edýän täjirçilik banklarynyň işini döwrebap dolandyrmak üçin bank işiniň analizi dersiniň ähmiýeti has uludyr. Bank işiniň analiziniň netijesinde, onuň bäsdeşleriniň arasynda durnuklylygyň gazanylmagy, bankyň ynamdarlygy we tölege ukyplylygy, balansynyň likwidliligi, müşderilere döwrebap bank hyzmatlarynyň hödürlenilmegi, geljek döwür üçin biznes-meýilnamalarynyň işlenilmegi bilen baglanyşykly dolandyryş meselelerinden baş alyp çykmak mümkinçilikleri ýüze çykarylýar.

Bank işiniň ykdysady analiziniň käbir görnüşleri buhgalter hasabyndan ugur alýar. Bu analiz bankyň dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga, meýilnama tabşyryklarynyň esaslandyrylandygyna baha bermäge, ýüze çykarylan gyşarmalaryň sebäplerini öwrenmäge ýardam berýär. Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy bilen ykdysady analiziň arabaglanşygynyň ýüze çykmagy, esasan hem, bank işiniň analizi geçirilende hasaplardaky galyndylaryň we buhgalteriýa hasabatlygynyň maglumatlarynyň peýdalanylýandygy bilen baglanyşyklydyr.

Edara-kärhanalarda maliýe analiziniň umumy ykdysady analiziň bir bölegi hasap edilýändigine garamazdan, bank ulgamynyň tejribe-

sinde bu düşünjä deň derejeli seredilýär. Bank işi maliýe gatnaşyklary bilen utgaşdyrylýar, onuň işiniň maliýe analizi geçirilende bolsa, umumy ykdysady analiziň meseleleri bilen jebis özara baglanyşykly alnyp barylýar. Häzirki döwürde täjirçilik banklaryny döwrebap dolandyrmak üçin maliýe analizi esasy gural hökmünde ulanylýar. Bankyň hojalyk-maliýe amallary boýunça hasaplaşyklaryny geçirmek, onuň pul serişdeleriniň hasaba alnyşyna we saklanylyşyna gözegçiligi ýerine ýetirmek, däp bolmadyk amallary tejribä ornaşdyrmak ýaly maliýe meselelere ykdysady analiz işlerini gurnamazdan bank işini dolandyrmak mümkin däldir. Mysal üçin: lizing, faktoring, forfeýting, brokerçilik hyzmatlary we ş.m. Bank işine analiz işleri geçirilende ilkinji nobatda bank tarapyndan ykdysady kadalaşdyryjylaryň ýerine ýetirilişine üns berilýär. Ykdysady kadalaşdyryjylar öwrenilende bolsa, maliýe koeffisiýentlerine gatnaşdyrylyp hasaplanylýar. Eger-de ykdysady kadalaşdyryjylar ýerine ýetirilmeýän bolsa, onuň ýerine ýetirilmeýänliginiň sebäplerini kesgitlemek üçin maliýe işleriniň ykdysady görkezijilerine analiz işleri geçirilýär.

Banklarda analitiki işleriň binýatlaýyn dogry ýola goýulmagynyň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- bankyň maliýe-hojalyk işleriniň ykdysady görkezijilerini hemmetaraplaýyn öwrenmek;
- bank işini netijeli ýola goýmak maksatly geçirilýän maliýe-hojalyk amallaryna oňaýly we oňaýsyz täsir edýän faktorlary ýüze çykarmak;
- bank işiniň analiziniň geçiriliş usullaryny tutuş bank ulgamy we beýleki ugurlar boýunça öwrenmek;
- bank işiniň analiziniň netijesinde ýüze çykarylan meselelerden netijeli baş alyp çykmak;
- bank işini geljek döwre meýilnamalaşdyrmak üçin analiziň netijeleri boýunça teklipler girizmek we ş. m. *(1-nji tablisa)*

*1-nji tablisa*




## 1.2. Bank işiniň analizinde ulanylýan usullaryň aýratynlyklary

Bank ulgamynyň işiniň toplumlaýyn özara arabaglanyşykly matematiki, statistiki hasaplamalary we beýleki emelleri peýdalanyp, ýygnalan maglumatlaryň yzygiderlilikde öwrenilmegine *bank işiniň analizinde ulanylýan usullar* diýilýär. Bank işiniň analizini geçirmekigiň usullarynyň birnäçe görnüşleri bardyr: toparlamak; deňeşdirmek; ulgamlaýyn analiz geçirmek; koeffisiýentler; analiziň netijelerini anyk şekillendirmek we ş. m. usullary bardyr.

*Toparlamak usuly* – bu usulda bank işine mahsus bolan ykdysady emele gelmeleriň mazmunynyň arabaglanyşygyny we özbaşdaklygyny häsiýetlendirýän görkezijilere faktorlaryň täsir edişiniň aýratynlyklary öwrenilýär. Toparlamak usuly bilen Merkezi bankda ykdysady analiz geçirilende, täjirçilik banklarynda emele gelen ykdysady görkezijiler boýunça hasabat maglumatlary ýygnalyp, olaryň bank ulgamynda tutýan orny, bank bazarynda durnuklylygy, balansynyň likwidliligi, tölege ukyplylygy we ş. m. görkezijiler bahalandyrylýar. Täjirçilik banklarynda toparlamak usuly arkaly bank işiniň ykdysady analizi geçirilende bolsa, ortaça ululyklarda bankyň balansynyň maglumatlarynyň mazmunyny açyp görkezmek göz

öňünde tutulýar. Analiz geçirmek üçin maglumat çeşmesi hökmünde balansyň aktiw-passiw hasaplaryndaky galyndylary boýunça görkezijileriň ykdysady taýdan emele gelmeginiň sebäplerine üns berlip, bankyň balansyna analiz geçirilende ilkinji nobatda aktiw we passiw hasaplar boýunça maglumatlar toparlandyrylýar. Bankyň balansyna toparlamak usulyny peýdalanyp, analiz geçirmeklik bolsa, passiw hasaplardaky pul serişdeleriniň, aktiw hasaplar boýunça ulanylyşynyň sazlaşykly alnyp barlyşyna baha bermeklige mümkinçilik döredýär.

*Deňeşdirmek usuly* – bu usul bilen bank işiniň analizi geçirilende meýilnamalaşdyrylan ykdysady görkezijileriň ýagdaýlary bilen hakyky mälim bolan ýagdaýlar deňeşdirilip, ykdysady görkezijilere täsir edýän faktorlaryň umumy häsiýetleri ýa-da aýratynlyklary ýüze çykarylýar. Ykdysady görkezijilerde emele gelmeleriň umumylygy ýa-da aýratynlyklary öwrenilende, olaryň kanunalaýyklygy ýa-da üýtgemekligi bahalandyrylýar. Bank işiniň ykdysady analizinde deňeşdirmek usulynyň şu aşakdaky görnüşleri ulanylýar:

- *hasabat döwrüniň ykdysady görkezijilerini meýilnamalaşdyrylan ykdysady görkezijiler bilen deňeşdirmek usuly ulanylanda,* meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň ýagdaýyna gözegçilik etmek maksady bilen hasabat döwrüniň görkezijileriniň meýilnamadan gyşarmalaryna täsir edýän oňaýly we oňaýsyz ýagdaýlaryny ýüze çykarmak mümkinçiligi döreýär. Şeýlelikde bu usul arkaly deňeşdirmegiň netijesinde bank işini geljek döwür üçin meýilnamalaşdyrmagyň esaslandyrylyşy hem-de hili öwrenilýär.
- *meýilnamanyň ykdysady görkezijilerini geçen ýyllaryň degişli döwürleriniň meýilnama görkezijileri bilen deňeşdirmek.* Hasabat görkezijilerini kadalaşdyryjy görkezijiler bilen deňeşdirmek usuly – bu usul banky dolandyrmak üçin çykdajylar bilen tygşytlylygy ýa-da artykmaçlygy hem-de olaryň ulanylyşynyň netijeliligini kesgitlemeklige mümkinçilik berýär.

- *hasabat döwrüniň ykdysady görkezijileriniň ýagdaýyny geçen döwürleriň hasabat görkezijileri bilen deňeşdirmek.* Bu usulyň kömegi bilen görkezijileriň dinamikasy hem-de ykdysady ýagdaýlaryň ösüş kanunalaýyklygy öwrenilýär. Analiz geçirilýän pursadynda bankyň daşyndan çekilen serişdeleri, hususy serişdeleri, uzak we gysga möhletli karzlary, aktiw-kassa amallary, girdejileriň we çykdajylaryň ähli görkezijileri boýunça maglumatlary deňeşdirmek usuly görnüşinde ulanylýar.
- täjirçilik banklarynyň bank ulgamyndaky ykdysady ýagdaýyny öwrenmek üçin geçirilýän analize *bankara deňeşdirme analizi* diýilýär. Bu analiz geçirilende, esasan hem bankyň bazardaky tutýan ornuny anyklamak, bank hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmak, dolandyryş işlerini kämilleşdirmek, bankyň müşderileriniň sanyny köpeltmek, bank menejmentiniň netijeliligini bahalandyrmak mümkinçiligi ýüze çykarylýar.
- ulgamlaýyn analiz geçirmegiň usuly tutuş bank ulgamynda toplanan ykdysady görkezijiler boýunça maglumatlaryň deňeşdirilip öwrenilmegi esasynda çylşyrymly dolandyryş meselelerinden baş çykarmaga mümkinçilik berýär. Ulgamlaýyn analiz diňe elektron hasaplaýjy maşynlary (EHM) ulanmak arkaly geçirilýär.
- koeffisiýentler usulyny toparlamak we deňeşdirmek usullary bilen bir hatarda ulanmak mümkindir. Koeffisiýentler usulynyň kömegi bilen täjirçilik banklarynyň ýerine ýetirýän amallarynyň töwekgelçilik derejesini, hususy maýasynyň ýeterlikdigini, düşewüntliliginiň derejesini bahalandyrmak we ş. m. göz öňünde tutulýar.
- analiziň netijelerini anyk şekillendirmek usuly geçirilen analiziň jemleriniň kesgitlenilen görnüşi we sanlary boýunça barlagyň netijelerini tablisa geçirmek üçin ulanylýar. Mundan başga-da bu usulyň gazanylan netijeleri grafik

boýunça suratlandyrmak görnüşi hem ulanylýar. Ykdysady analiziň usullaryny beýan etmegiň esasy ýörelgeleri:

a) bankyň işini hemmetaraplaýyn häsiýetlendirýän, operatiw hasaby, buhgalter hasaby we gözegçilik ýerine ýetirilýän pursady ýüze çykýan görkezijiler ulgamy ulanylýar.

b) görkezijileriň üýtgemegine täsir edýän faktorlary öwrenmeklik, onuň ykdysady taýdan emele gelşiniň we öňe gidişlikleriniň arabaglanyşyklarynyň sebäplerini, analiziň faktorlaryny öwrenmekligi şertlendirýär.

ç) faktorlaryň arasyndaky arabaglanyşygy ýüze çykarmak.

## 1.3. Bank işiniň analizini geçirmegiň esasy ugurlary

Bank işine baha bermäge esaslandyrylan dürli ugurlar boýunça ykdysady analiz geçirmekligiň birnäçe usullary ulanylyp, öwrenilýän ugurlaryň meselelerine baglylykda bank işiniň analizini gurnamaklyk tematiki we doly görnüşlere bölünýär.

Tematiki analiz geçirmeklik – bank işiniň gysga we dar meselelerini öz içine alýar. Analiziň bu görnüşi gurnalanda bellibir ugur boýunça görkezijileri ulanmak arkaly meselelere seretmek göz öňünde tutulýar. Mysal üçin: düşewüntliligiň analizi geçirilende diňe bankyň düşewüntliligine degişli meselelere seredilýär. Bu analiz düşewüntlilik, girdejililik hem-de amallar boýunça ýüze çykýan töwekgelçilikler öwrenilende ulanylýar.

Doly analiz geçirmeklik – ähli bank amallarynyň hojalyk-maliýe netijelerine baha bermäge esaslandyrylan bank işlerini toplumlaýyn tutuşlygyna yzygiderlilikde hemmetaraplaýyn takyk öwrenmeklige mümkinçilik döredýär. Ýöne bankyň işine baha bermek üçin doly analiz geçirmeklik zerurdyr.

Bank işine geçirilýän analiziň häsiýetine we maksadyna baglylykda tematiki we doly analiz birnäçe tapgyrlarda amala aşyrylýar.

*2-nji tablisa*

**Bank işiniň analiziniň esasy ugurlary**




Başlangyç analiz – täjirçilk banklarynyň haýsydyr bir amallarynyň emele gelmegini ýüze çykarmak üçin hasaplaryň ýagdaýyny bahalandyrmakda ulanylýar.

Çaklama analizi bankyň pul-karz syýasatynyň geljek döwürdäki ugurlaryny, geljek döwrüň netijelerini anyklamak üçin geçirilýär.

Jemleýji analiz ykdysady analiziň öwrenilen hasabat döwründäki ähmiýetidir. Bu analiz geçirilen hasabat döwri boýunça täjirçilik banklarynyň ösüş derejesini kesgitlemek, iş netijelerini bahalandyrmak, girdejililigi ýokarlandyrmak hem-de ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmak maksady bilen ulanylýar.

Bank işine analiz geçirmekligi gurnamak esasy şu aşakdaky ugurlar boýunça alnyp barylýar:

- bank balansynyň we maliýe hasabatynyň beýleki görnüşleri boýunça analiz işini gurnamak;
- hasaplaryň ýagdaýy boýunça analiz işini gurnamak;
- şertnamalaryň we döredijilik resminamalarynyň ýagdaýy boýunça analiz işlerini gurnamak.

Bank hasabynyň we hasabatynyň analizi analitik we sintetik hasaplar boýunça geçirilýär.

Sintetik hasap bank işiniň görkezijileriniň jeminiň pul ölçeginde görkezilmegini aňladýar, analitik hasapda bolsa, bu görkezijiler bölekleýin aýdyňlaşdyrylyp görkezilýär. Analitik hasap bankyň balans hasaplarynda düzgüne laýyklykda tarap (lisewoý) hasaplarda ýöredilýär. Analitik hasapda gymmatlyklar we serişdeleriň ýagdaýy öwrenilýär, karz hasabynda bolsa karzlaşdyrmagyň maksady, möhleti boýunça berlen karzlaryň ýagdaýy müşderileriň hasaplary boýunça bölekleýin açylyp görkezilýär. Sintetik hasap analitik hasapda toplanan maglumatlaryň jemini aňladýar. Balans analitik hasabyň esasy resminamasydyr. Kesgitlenilen senede analitik we sintetik hasaplary boýunça tarap hasabynyň galyndylary görkezilýär. Mundan başga-da kassa we buhgalter žurnaly, aýlanyşyk sanawnamasy ulanylýar.

# II BAP
# BANK IŞINIŇ ANALIZINIŇ GURALYŞY WE ONUŇ MAGLUMAT ÇEŞMELERI

## 2.1. Banklarda analiz işleriniň guralyşy

Täjirçilik banklary döwletiň pul serişdeleriniň dolanyşygy boýunça akymyny sazlaşdyrmakda esasy orny eýeleýär. Olar araçyl hökmünde çykyş edip, döwletiň, edara-kärhanalaryň, ilatyň wagtlaýynça boş duran serişdelerini goýum görnüşinde banka çekip, öz adyndan önümçiligi giňeltmek üçin zerur bolan hem-de karz serişdelerine isleg bildirýän ýuridiki we fiziki taraplara paýlaýar. Täjirçilik banklarynda pul serişdeleriniň dolanyşygy çalt hereket edýär. Şu nukdaýnazardan ähli bölümleriň ýerine ýetirýän işlerine ykdysady analiz işlerini yzygiderli ýola goýmak zerurlygy ýüze çykýar. Guramaçylyk işlerinde geçirilýän ykdysady analiziň maksadyna laýyklykda öwrenilmeli analitiki meseleleri çözmegiň usullary göz öňünde tutulmalydyr.

Bank edaralarynda esasy ykdysady analitiki işleri gurnamak ykdysady-maliýe seljeriş müdirliginiň hünärmenleriniň wezipesine degişlidir. Bu müdirligiň işgärleri bank işi bilen baglanyşykly ähli bölümler boýunça geçirilýän ykdysady analiziň maliýe netijelerini öwrenip, geljek döwre biznes meýilnamasyny işläp düzýär. Analiziň ahyrky netijelerine laýyklykda bank işine oňaýly we oňaýsyz täsir edýän faktorlary içgin öwrenip, olar boýunça teklipleriň iş tejribesinde ornaşdyrylmagyna gözegçilik edýär. Bu bolsa müdirligiň hünärmenlerinden usulyýet we guramaçylyk işleri boýunça başarnygynyň bolmagyny talap edýär. Ykdysatçy hünärmenler maliýe analiz işleri

2. Sargyt №2973.

geçirende, onuň maliýe ýagdaýynyň görkezijileri boýunça: hususy maýanyň düzümindäki üýtgemeler, bankyň aktiwlerini we passiwlerini, ýerine ýetirilýän amallaryň sanawyny, bank müşderileriniň sanyny öwrenip, bankyň ätiýaçlyklary boýunça mümkinçiliklerini ýüze çykarmalydyr. Aktiwleri dolandyrmak boýunça analiz işleri gurnalanda bankda bu ugura ýöriteleşdirilen ökde hünärmenler saýlanylyp alynýar. Sebäbi aktiwleri ýerleşdirmegiň usulyýeti karz edarasynyň işiniň kadalaşdyrylmagy bilen baglanyşyklydyr. Analiz geçirmegiň yzygiderliliginiň tertibi berlen karzyň möçberine we möhletine baglydyr. Banka goýumlaryň hem-de berlen karzlaryň möçberini anyklamak analitiki tablisalaryň we grafikleriň üsti bilen aňladylýar. Aktiwleri we passiwleri dolandyrmagyň analiziniň möhüm wezipesi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen ykdysady kadalaşdyryjylar bilen gündelik likwidliligi deňeşdirmekden ybaratdyr.

Bankyň karz müdirliginde analiz işleri gurnalanda bankyň töwekgelçilik derejesini peseltmek bilen baglanyşykly meseleleri çözmek göz öňünde tutulýar. Analiziň esasy wezipesine karzlary bermek üçin müşderileri saýlamak, bankyň karz bukjasynyň düzümini barlamak, karzlar boýunça bolup biljek ýitgileri anyklamak we ş. m. girýär. Karzlar boýunça analitik işler gurnalanda karzyň maksadyny öwrenmek; karz berlenden soňra ulanylyşyny barlamak; karzyň yzyna gaýtarylmagyna we göterimleriň tölenilmegine gözegçilik etmek ýaly meseleleri çözmek göz öňünde tutulýar. Karz müdirliginiň hünärmenleri tarapyndan analitiki işleri gurnalanda töwekgelçiligi aradan aýyrmak maksady bilen müşderiniň tölege ukyplylygyny içgin öwrenmek üçin şertnama baglaşylmanka degişli resminamalara analiz işlerini geçirmelidir. Sebäbi karzyň yzyna gaýdyp gelmegi karz alyjy müşderä baglydyr.

Täjirçilik banklarynda gymmat bahaly kagyzlar bilen amallary ýerine ýetirýän bölümiň hünärmenleriniň maliýe bazaryndaky gymmat bahaly kagyzlaryň ýagdaýyny anyklamak maksady bilen maliýe analiz işlerini yzygiderli geçirmekligi zerurdyr. Bu analiziň öňünde durýan esasy mesele goýumyň netijeliligini kesgitläp, onuň göwrümini bahalandyrmak bilen bir hatarda bankyň iň ygtybarly goýumlaryny

anyklap, maýa goýumlarynyň hilini gowulandyrmak göz öňünde tutulýar. Gymmat bahaly kagyzlaryň analizi gurnalanda aşakdaky meseleleriň çözgüdini tapmak göz öňünde tutulýar:

- bankyň gymmat bahaly kagyzlarynyň maliýe bazaryndaky ýagdaýyny öwrenmek;
- bankda gymmat bahaly kagyzlaryň haýsy görnüşleri dolanyşyga goýberilýär:
- bank gymmat bahaly kagyzlaryň haýsy görnüşlerini satyn alýar;
- bankyň gymmat bahaly kagyzlary dolanyşyga goýbermek üçin töwekgelçiliginiň pes bolmagy üçin geçirýän çäreleri;
- gymmat bahaly kagyzlaryň maliýe bazaryndaky geljekki bahasyny çaklamak.

Gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallaryň bank üçin töwekgelçilik derejesi örän ýokarydyr. Şonuň üçin seresaplylyk syýasatyndan ugur alyp, olaryň düşewüntli we tölege ukyply görnüşlerini saýlap almak maslahat berilýär.

Bankyň maglumat ulgamynda analiz işleri gurnalanda bank işini kämilleşdirmek maksatly innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy netijesinde programma üpjünçiligine; Baş bankyň şahamçalary bilen bankara hasaplaşyklar boýunça torlaryň birikdirilmegine, gündelik we çaklama analizini geçirmek üçin maglumatlaryň ýygnalyşyna we ş. m. meselelere seredilýär. Bankyň maglumatlar ulgamy bölüminiň hünärmenleri maliýe hasabatynyň görnüşleriniň toplanan maglumatlaryny grafik, tablisa, diagramma görnüşlerinde analitiki işleri geçirmek üçin taýýarlaýar.

Buhgalter hasaby we maliýe hasabatlylygy müdirliginde eýeleýän iş wezipesine laýyklykda hünärmenler tarapyndan bankyň maliýe-hojalyk işleriniň analizi yzygiderli geçirilip durýar. Bu bölümde bankyň gündelik maliýe ýagdaýy barada hasabaty (balansy) düzülýär. Bankyň beýleki bölümlerinde analitiki işleri gurnamak üçin maglumat binýady hökmünde ulanylýan bankyň maliýe ýagdaýy hakyndaky hasabatyny we analiz geçirmeklige zerur bolan beýleki maglumatlary taýýarlaýar. Buhgalteriýanyň umumy hasabat bölüminiň hünärmenleri hasabat ýylynyň ahyrynda maliýe netijeleriniň (peýda we zyýan)

ahyrky galyndysy esasynda emele gelen peýdany paýlamak bilen baglanyşykly hem-de ýylyň ahyrynda hasaplaryň dogry ýapylmagyna, ätiýaçlyklaryň talaba laýyk döredilmegine analiz işlerini ýola goýýarlar.

Buhgalteriýanyň esasy serişdelerine analiz geçirmek işlerinde: esasy serişdeleri satyn almak üçin çeşmeler, olary gaýtadan bahalandyrmak bilen baglanyşykly amallar, emläk we goşmaça baha üçin býujete tölegleriň möçberi, ulanyş tutumlarynyň hasaplanylyşyna we hasaplarda dogry hasaba alnyşyna üns berilýär.

Auditi dolandyrmak müdirliginde analiziň obýekti hökmünde şahamçalar, bölüm birlikleri, müşderilere hyzmat edýän bölümiň ýerine ýetirýän işlerini dolandyrmak bilen baglanyşykly meseleleri çykyş edýärler. Auditiň maksadyna laýyklykda amallaryň tutuşlygyna ýa-da saýlama barlanylmagy; bölüm birlikleriniň işiniň aýratyn ugurlaryna hökmany auditor barlagy; auditor barlagyny ýerine ýetirmek üçin toplanan maglumat üpjünçiliginiň ýeterlikdigi we hili baradaky görkezijiler öwrenilýär.

Halkara hasaplaşyklary müdirliginde bank ulgamyndaky döwrebap hyzmatlary kämilleşdirmeklik müşderilere walýuta hyzmatlarynyň täze görnüşlerini gözläp tapmak we iş tejribesinde ulanmak; daşary ýurt banklary bilen işewür gatnaşyklary kämilleşdirmek; bank müşderileriniň islegi boýunça halkara hasaplaşyklary dogry ýola goýmak meseleleri çözmeklige gönükdirilendir. Audit işi boýunça maliýe analizi meýilnamalaşdyrylanda Türkmenistanyň walýuta amallary hakyndaky kanunyna laýyklykda iş alnyp barlyşyny bahalandyrmaklyga; bank maýasynyň ýerleşdirilen döwletinde syýasy we ykdysady ýagdaýlaryň analizine; walýuta töwekgelçiligine we ony ätiýaçlandyrmagyň analizine; halkara hasaplaşyklaryny ýerine ýetirýän bankyň balansynyň aýratynlyklaryna; walýuta amallaryndan gelýän peýda üçin salgyda tölegleriň öz wagtynda geçirilişine üns berilmelidir.

Bank işiniň analiziniň birnäçe görnüşleri bolup, olary geçirmegiň guramaçylygy talaba laýyk ýola goýulmalydyr. Mysal üçin: Bank işini geljek döwre meýilnamalaşdyrmak üçin tematiki analiziň geçiriliş usuly tutuşlaýyn analiziň mazmunyndan tapawutlanmalydyr. Şol bir

wagtda analiziň ähli görnüşleri boýunça analiziň maksadyna laýyklykda obýektini we subýektini kesgitlemek; analitiki işleriň meýilnamasyny düzmek; analiziň görnüşlerini saýlamak; wezipesine laýyklykda analiz işlerini ýerine ýetirmeli subýektleri saýlamak; analitiki işleri maglumatlar bilen üpjün etmek; analiziň netijelerini öwrenmek; analiziň netijeleri boýunça teklipleri girizmek ýaly gelýän ülňüler boýunça tapgyrlarda (3-nji tablisa) düzgüne laýyk göz öňünde tutulmalydyr.

Bank işiniň maliýe analizi gurnalanda tapgyrlaýyn geçirmek maksady bilen ol deslapky tapgyra, analiz geçirilýän tapgyra hem-de jemleýji tapgyra bölünýär.

*3-nji tablisa*

| № | **Deslapky tapgyr** | | |
|---|---|---|---|
| 1 | Gurnamak | Analiz geçirmek üçin maglumatlary ýygnamak we görkezijileri deňeşdirme ýagdaýyna getirmek | Toparlamak hem-de deňeşdirmek usullary ulanmak |
| 2 | Barlag | Analiziň dürli ugurlary boýunça görkezijileriň özara gatnaşygyny barlamak | Deňeşdirme usuly, ykdysady-statistika usuly, absolýut we otnositel tapawut usuly we ş. m. |
| 3 | Bahalandyrmak | Ykdysady görkezijileriň bahasyny hasaplamak | Koeffisiýentler usuly, absolýut we otnositel ululyklar usuly |
| 4 | Deňeşdirmek | Hasaplanan görkezijileri deňeşdirip häsiýetlendirmek | Deňeşdirme usuly, dinamiki hatarlaryň analizi usuly |
| 5 | Şekilli taýýarlamak maglumatlary | Dinamiki şekilli belentlikleri saýlamak we barlanýan görkezijileriň gurluşyny, seredip suratlandyrmagyň görnüşini kesgitlemek | Alnan netijeleri görmek arkaly suratlandyrmak (tablisa, grafik) |

*3-nji tablisanyň dowamy*

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Analiz geçirilýän tapgyr** | | | |
| 6 | Analiz | Maglumat çeşmelerini ulanyp, analiz işlerini geçirmek. Görkezijilere täsir edýän oňaýly we oňaýsyz faktorlary ýüze çykarmak | Bank işiniň analiziniň görkezijilere degişli usullaryny ulanmak |
| **Jemleýji tapgyr** | | | |
| 7 | Ekspertizanyň bahalandyrmasy | Analiziň netijesini düzmek we alnan hasaplamalary beýan etmek | Teklip girizmek |

Bank edaralarynda analiz işlerini geçirmekligi gurnamak arkaly maliýe-ykdysady görkezijileriň arasyndaky üýtgemeler we özara baglanyşyklary düýpli barlanylyp ýüze çykarylýar. Täjirçilik banklarynda maliýe-ykdysady analiz işlerini gurnamak özbaşdak alnyp barylýandygyna garamazdan, onuň netijeliligi: çaltlandyrmak, yzygiderlilik, takyklyk, obýektiwlik, suratlandyrmak, şekillendirmek ýaly talaplara laýyklykda berjaý edilmelidir.

## 2.2. Bank işine analiz geçirmegiň içerki we daşarky şertleri

Täjirçilik banklarynyň ykdysady analiziniň obýekti, olaryň her biriniň alyp barýan işleri boýunça aýratynlykda (çäkler boýunça ýerleşişi, ýerine ýetirýän işleri we beýleki alamatlar boýunça) toparlanýar. Bank işiniň analiziniň subýektleri bolup, tajirçilik banklary, Türkmenistanyň Merkezi bankyny goşmak bilen kontragent banklary, karz edaralary, döwlet salgyt gullugy, auditor şereketleri, merkezi we ýerli dolandyryjy edaralar, bankyň hakyky we geljekdäki müşderileri, beýleki şahsy we edara taraplary çykyş edýärler. Analiz döwründe subýektleriň hersi öz bähbitli maksatlaryny nazara

almak bilen bank işiniň içerki we daşarky şertlerini emele getirýär. Bank ulgamynda eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişlilikde hereket edýän döwlet täjirçilik (paýdarlar) banklarynyň içerki şertlerinde analiz işlerini geçirmek bilen bank işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen dolandyryş-guramaçylyk meselelerini çözmek, bankyň maliýe-ykdysady ýagdaýyna baha bermek, karz edarasynyň bazarda özüni alyp barşyny bahalandyrmak, tehniki taýdan enjamlaşdyrylyş üpjünçiligine gözegçilik etmek we ş. m. şertleri öwrenmek göz öňünde tutulandyr. Bank işini bahalandyrmak arkaly, onuň bahasynyň bazaryň islegine laýyk gurnalmagyny üpjün etmek, bankyň ösmegini we geljekki ýagdaýyny esaslandyrýan meýilnama işläp düzmek, ýüze çykýan meseleleri çözmekde esasy ugurlary kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Analiziň bu mümkinçilikleri bolsa bankyň içerki we daşarky işleriniň oňaýly ýola goýulmagyny we gurnalmagyny şertlendirýär.

Bank işiniň daşky şertlerinde hereket etmeklik döwletiň ykdysady syýasatynyň ugry boýunça hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gözegçilik barlag işleri bilen kesgitlenilýär. Täjirçilik banklarynyň işine Türkmenistanyň Merkezi banky analiz geçirende, olara Merkezi bank tarapyndan goýlan ykdysady kadalaşdyryjylaryň berjaý edilişine, düşewüntliliginiň derejesini kesgitlemäge we merkezleşdirilen gaznalara pul geçirmelerine gözegçilik etmäge mümkinçilik döreýär. Türkmensitanyň Merkezi banky döwletiň pul-karz syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitlemeklige, täjirçilik banklarynyň işini döwlet tarapyndan sazlaşdyrmaklyga esaslanyp, täjirçilik banklarynyň işine analiz geçirende ilki bilen olaryň bank ulgamyndaky ýagdaýy we durnuklylygy gyzyklandyrýar.

Bank işini döwlet tarapyndan sazlaşdyrmak bolsa onuň işiniň alnyp barlyşyny bahalandyryp, oňa gözegçiligi amala aşyrmaklygy kesgitleýän, ýörite düzgünnamalary we gözükdirijileri ulanmak arkaly ýerine ýetirilýär. Täjirçilik banklarynyň işini sazlaşdyrmagyň barşynda bank tarapyndan geçirilýän amallar we hyzmatlar ýola

goýulmazdan öň, olara işlemeklige Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ygtyýarnama bermekden başlanýar. Munuň üçin täjirçilik banklaryna esaslyk maýanyň iň pes möçberi; dolandyryş düzüminiň hili; hususy eýeçiligiň çäklendirilmegi baradaky talaplar bildirilýär.

Döwlet salgyt gullugy tarapyndan täjirçilik banklarynyň ýyllyk hasabaty boýunça maliýe ýagdaýyna analiz geçirilende, olaryň býujete tölegleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edilýär. Bank işine gözegçilik iki görnüşde ýerine ýetirilýär:

1. Sazlaýjy (hasabatyň barlanylmagy);
2. Gözegçilik (gözegçilik resminamalaýyn barlag).

Gözegçilik gullugy tarapyndan bank işine analiz geçirmeklik onuň buhgalter, balansynyň aktiw – passiw amallary hem-de girdejileri we çykdajylary baradaky hasabatynyň maglumatlaryny ulanmak arkaly amala aşyrylýar.

Bank müşderileri we aragatnaşyjylar bank işine analiz geçirenlerinde, onuň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyna, ynamdarlylygyna, balansynyň likwidliligine, bank hyzmatlarynyň döwrebaplygyna, hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilişine üns berýärler. Täjirçilik banklarynyň balansyna analiz geçirilende, olaryň hakyky girdejileriniň we çykdajylarynyň möçberi barada doly maglumat bermezlige hukugynyň bardygy göz öňünde tutulmalydyr. Bu bolsa, maglumatlaryň çap edilmegi bilen goýumçylaryň arasynda dowul döremeginiň öňüni almaklygy şertlendirýär. Köplenç, banklar ätiýaçlyklary barada maglumatlary çap etmeýärler. Türkmensitanyň ähli banklary öz müşderileriniň we gatnaşyjylarynyň amallary, hasaplary we goýumlary boýunça syr saklamagy kepillendirýär. Ykdysady analiziň nazaryýetinde bankyň maliýe analizine dolandyryş we maliýe hasabynyň esasy bölegi hökmünde seredilýär. Maliýe analizi içerki we daşarky şertlerde geçirilende şu aşakdaky görnüşe eýe bolýar *(4-nji tablisa).*

*4-nji tablisa*

| № | Aýratynlyklarynyň häsiýetnamasy | | |
|---|---|---|---|
| | **Maliýe analiziniň ölçeg alamatlary** | **Içerki maliýe analizi** | **Daşarky maliýe analizi** |
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1 | Analiziň maksady | Karz edarasynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin mümkinçilikleri ýüze çykarmak | Bankyň maliýe ýagdaýyna we emläklerine umumy baha bermek |
| 2 | Analiziň predmeti | Ykdysady-maliýe ýagdaýlara faktorlaryň täsirini öwrenmek | Ykdysady-maliýe ýagdaýlaryň netijesi |
| 3 | Analiziň obýekti | Bankyň maliýe ýagdaýy we düşewüntliligi, maliýe netijesi, dolandyrmagyň ykdysady netijeliligi | Bankyň ýagdaýynyň we düşewüntliliginiň maliýe netijesiniň görkezijileri |
| 4 | Analiziň subýektleri | Bank hünärmenleri, dolandyryjy menejer, içerki auditorlar we gözegçiler, ýolbaşçylar, gyzyklanýan taraplar | Bank auditorlary, gözegçilik guramalary |
| 5 | Dolandyryş derejesi | Banky dolandyryjylaryň çözgüdi | Milli we halkara standartlary |
| 6 | Ulanylýan maglumatlaryň möçberi | Bank ulgamynyň işini gurşaýan daş-töwerek | Maliýe hasabatynyň hereket edýän çägi |
| 7 | Maglumatlaryň ýetiriliş usuly | Analizi geçirmegiň maksadyna laýyklykda – islendik usul | Halkara hasap we hasabatlylykda kabul edilen umumy ýörelgeler |
| 8 | Ölçeg birligi | Milli we daşary ýurt walýutasynda | Pul görnüşinde çäklendirilmedik möçberde |

*4-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 9 | Analiz geçirmegiň yzygiderliligi | Islendik ýagdaýda | Kadalaşdyryjy namalar esasynda |
| 10 | Jogapkärçilik derejesi | Bellenilen tertipde | Dolandyryjy häsiýetde |

Bankyň maliýe analizi geçirilende, esasan hem, deňeşdirmek, toparlamak, gorizontal we wertikal analiz, maliýe koeffisiýentler arkaly hasaplamak usullary ulanylýar.

## 2.3. Bank işiniň analizinde ulanylýan esasy maglumat çeşmeleriniň aýratynlyklary

Täjirçilik banklarynda analiz işlerini geçirmeklik bankyň ykdysady-maliýe işiniň netijesini öwrenmek bilen baglanyşykly, hojalyk işleriniň ösüş meýillerine gatnaşykly faktorlary ýüze çykarmagy, bankyň ösüş ugurlaryny esaslandyrýan ýörite bilim ulgamyny öz içine alýar. Bank işiniň analizini geçirmek üçin esasy maglumat çeşmesi hökmünde bankyň maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda taýýarlanylýan ýyllyk maliýe hasabatynyň görnüşleri we beýleki hasabatlaryň maglumatlary ulanylýar. Mundan başga-da emele gelen maliýe ýagdaýy aýdyňlaşdyrmak maksady bilen maliýe hasabatyna düşündiriş haty hökman goşulmalydyr. Düşündiriş hatynyň kömegi bilen hasabat döwründäki ähli bolup geçen maliýe-hojalyk amallary boýunça görkezijileriň düzümini doly açyp görkezmek arkaly hasaplardaky galyndylaryň emele gelişi anyklanylýar. Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülen banklarda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasyndaky balans we balansdan daşary hasaplaryň galyndylary hem bank işiniň analizi geçirilende peýdalanylýar.

Bank işiniň maliýe analizini geçirmek üçin maglumat çeşmeleri daşarky we içerki habarlaryň hasabyna üpjün edilýär.

Içerki maglumat çeşmeleri bankyň içerki maliýe-hojalyk işleriniň hereketine göz ýetirmäge niýetlenendir. Ol bank işiniň netijesinde emele gelip, onda bankyň işindäki maglumatlar doly we dogry görkezilen bolmalydyr. Bu meseläni çözmek üçin bankyň maglumat toplaýyş tilsimatlaşdyrylan ulgamy tarapyndan täze habarlary ýygnap we ýetirip durmagynyň üpjün edilmegi zerurdyr. Bankyň içki maglumat çeşmeleriniň üpjünçiliginiň görnüşleri buhgalter hasabatyndan; karzlaşdyrmak üçin hasaplamalardan: içerki barlagyň netijesinden; gözegçiligiň we barlagyň namalaryndan (akty); dürli görnüşdäki güwänamalardan (mysal üçin, wagtlaýyn ulanmak üçin gymmatlyklaryň dolanyşykdan alynmagy barada) we ş. m. ybaratdyr. Täjirçilik banklarynyň işine analiz geçirmekde ulanylýan esasy içerki maglumat çeşmesi hökmünde bankyň buhgalter hasabaty hem-de oňa goşulmalar we düşündirişler ulanylýar. Bu hasabat bank işine analiz geçirmek, onuň işi bilen tanyşmak we bahalandyrmak üçin Türkmenistanyň Merkezi bankyny, täjirçilik banklarynyň ýolbaşçylaryny hem-de bankyň işi bilen gyzyklanýan beýleki ýuridiki we fiziki taraplary maglumat ulgamy hökmünde üpjün etmäge mümkinçilik döredýär. Bankyň buhgalter hasabatynyň esasy aýratynlygy, bankyň işinin maliýe-hojalyk işi baradaky maglumatlarynyň toplumlaýyn ýygnanmagy, ykdysady analiz geçirmegiň usulyýetine laýyklygy bilen baglanyşyklydyr. Şeýlelikde bankyň buhgalter hasabatynyň görnüşleriniň hemmesiniň bir ýerde jemlenmesi analiz geçirilýän wagtynda öwrenilýän obýekt barada doly maglumat almaklyga ýardam berýär. Bankyň buhgalter hasabatynda maglumatlaryň bir ýere jemlenmegi, onuň maliýe ýagdaýyny bahalandyrmaga, täjirçilik banklarynyň işiniň töwekgelçiligini kesgitlemäge, karz bukjasynyň ýagdaýyny öwrenmäge doly we anyk maglumat çeşmesi bolup durýar.

Içerki hasabat maglumatlary bankyň ýolbaşçylaryna islendik wagtda zerur bolan bank işi baradaky habarlary almaga esas döredýär. Şeýle-de, alnyp barylýan işler baradaky maglumatlaryň bellibir döwür boýunça ýygnanmagyny üpjün edýär.

Daşarky habarlar ulgamy – bank ýolbaşçylarynyň, dolandyrýan bankyň ýurduň çäginde hereket edýän bank ulgamyndaky ýagdaýyny anyklamak üçin gyzyklanýan maglumat çeşmelerinden ybaratdyr.

## 2.4. Bank işiniň analizini geçirmek üçin analitik koeffisiýentler ulgamy

Bank işine analiz geçirilende ilkinji nobatda, onuň aşakdaky ykdysady kadalaşdyryjylarynyň ýerine ýetirilişine üns berilmelidir:

- täze döredilýän banklar üçin esaslyk maýanyň iň az möçberi;
- hususy maýanyň ýeterlikliliginiň kadalaşdyrylyşy;
- bankyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ukyplylyk (likwidlilik) kadalary;
- bir bergidara töwekgelligiň ýokary möçberi;
- uly karz töwekgelliginiň ýokary möçberi;
- bir bergidara-paýdara (gatnaşyja) töwekgelçiligiň ýokary möçberi;
- başga ýuridik taraplaryň paýnamalaryny (aksiýasyny) satyn almak üçin bankyň hususy serişdelerini ulanmagyň kadalaşdyrylyşy.

Eger bank tarapyndan ykdysady kadalaşdyryjylar ýerine ýetirilmeýän bolsa, onda ýerine ýetirilmeýänliginiň sebäpleri öwrenilýär.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda maliýe hasabatynyň maglumatlaryna bank işiniň analizini geçirmek üçin birnäçe analitik koeffisiýentler ulgamyny ulanmak teklip edilýär.

*Hususy maýa*

1. Hususy maýanyň ýeterlikdiginiň koeffisiýenti $K_1$ bankyň passiwleriniň gurluşynyň düzüminde hususy maýanyň tutýan paýyny görkezýär. Onuň paýy näçe ýokary boldugyça, şonça-da bankyň maliýe taýdan durnuklylygyna, ykrarlylygyna oňaýly täsir edýär. Ol aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$K_1 = \frac{hususy\ maýa}{ähli\ passiwler}.$$

2. Bankyň hususy maýasynda esaslyk maýanyň paýy $K_2$ bankyň işiniň netijeliligini görkezip, esaslyk maýanyň näçe möçberiniň döredijileriň serişdeleriniň paýyna düşýändigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ol aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$K_2 = \frac{esaslyk\ maýa}{hususy\ maýa}.$$

3. Töwekgelçiligi hasaba alnyp çekilen aktiwleriň $K_3$ – hususy maýa bolan gatnaşygy aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

$$K_3 = \frac{\textit{hususy maýa}}{\sum \textit{töwekgelçiligi hasaba alnyp çekilen aktiwler}}.$$

*Aktiwler*

4. Aktiwleriň girdejililik derejesi $K_4$ aktiwleriň gurluşynda girdeji getirýän aktiwleriň paýyny görkezýär. Aktiwleriň düzümindäki girdeji getirýän aktiwleriň paýy 65–70%-e ýeten halatynda kadaly hasap edilýär. Ol aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$K_4 = \frac{\textit{girdeji getirýän aktiwler}}{\textit{jemi aktiwler}}.$$

5. Satyn alnan serişdeleri ýerleşdirmegiň koeffisiýenti $K_5$ bankyň daşyndan çekilen serişdeleri amallar boýunça ýerleşdirilende, onuň düzümindäki satyn alnan serişdeleriň paýy kesgitlenýär. Eger koeffisiýent 1-den ýa-da 1, 2-den ýokary bolsa, onda ol daşyndan çekilen serişdeleriň talaba laýyk ýerleşdirilmeýändigine şaýatlyk edýär. Mälim bolşy ýaly «Talap edilýänçä» hasabyndaky serişdelere tölenýän derejesi göterim (1%) pesdir. Bu göterim derejesi häsiýeti boýunça üýtgäp durýar. $K_5$ aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$K_5 = \frac{\textit{satyn alnan serişdeler}}{\textit{girdeji getirýän aktiwler}}.$$

6. Bankyň borçnamalaryna karz bukjasynyň gatnaşygy $K_6$ bank işiniň esasy ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik döredýär:

$$K_6 = \frac{\textit{karz bukjasy}}{\textit{borçnamalar}}.$$

7. Karz bukjasynyň ätiýaçlyklaryň hasabyna ýapylmagy $K_7$ bankdan karz berlende, onuň töwekgelçilik derejesini kesgitlemäge, berlen karzlaryň hilini hem-de ösüş depginini kesgitlemäge mümkinçilik döredýär:

$$K_7 = \frac{\textit{karzlar boýunça ätiýaçlyklar}}{\textit{karz bukjasy}}.$$

*Likwidlilik*

8. Pursatlaýyn ukyplylyk kadasy $K_8$ bankyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin ýokary ukyply aktiwleriniň jeminiň «Talap edilýänçä» hasaplar boýunça borçnamalarynyň jemine gatnaşygy bilen kesgitlenilýär:

$$K_8 = \frac{\textit{Merkezi bankdaky pul serişdeleri}}{\textit{«Talap edilýänçä» depozitler}}.$$

9. Umumy likwidlilik (ukyplylyk) kadasy $K_9$ borçnamalary ýerine ýetirmek boýunça ukyply aktiwleriň bankyň jemi aktiwine gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Bankyň ukyply aktiwlerini şu aşakda görkezilen aktiwler düzýär: bankyň korrespondent hasabyndaky serişdeler; bankyň kassasyndaky nagt pul serişdeleri we inkassirlenen nagt pul serişdeleri; gymmat bahaly kagyzlara goýlan pul serişdeleri; altyn we gymmat bahaly metallar degişlidir:

$$K_9 = \frac{\textit{girdeji getirýän aktiwler}}{\textit{tölegli çekilen serişdeler}}.$$

*Bank işiniň netijeliligi*

10. Bankyň düşewüntlilik koeffisiýenti $K_{10}$ ähli aktiwleriň girdejililiginiň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik döredýär. Düşewüntlilik bu bankyň esasy maliýe görkezijileriniň biridir:

$$K_{10} = \frac{\textit{hasabat döwrüniň peýdasy}}{\textit{aktiwleriň hasabat döwründäki ortaça galyndysy}}.$$

11. Paýdarlaryň hususy maýasynyň düşewüntliliginiň koeffisiýenti $K_{11}$ – bu koeffisiýent paýdarlaryň hususy maýasyny bahalandyrmak üçin ulanylýar:

$$K_{11} = \frac{\textit{hasabat döwrüniň peýdasy}}{\textit{paýdarlaryň hasabat döwründe hususy maýasynyň ortaça galyndysy}}.$$

12. Aktiwleriň girdejililiginiň koeffisiýenti $K_{12}$ umumy girdeji getirýän amallary geçirmegiň netijeliligini häsiýetlendirýär. Aktiwleriň girdejililigi boýunça – bu peýdanyň girdeji getirýän aktiwlere gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Bu görkeziji aktiwlere goýlan 1 manadyň näçe möçberde getirýän peýdasynyň möçberini görkezýär:

$$K_{12} = \frac{bankyň\ girdejileri}{ortaça\ girdeji\ getirýän\ aktiwler}.$$

13. Arassa göterim maržasyny hasaplamak koeffisiýenti $K_{13}$ bankyň peýdasyny emele getirýän wajyp görkezijidir:

$$K_{13} = \frac{arassa\ göterim\ girdejisi}{göterimli\ aktiwleriň\ ortaça\ galyndysy}.$$

14. SPRED $K_{14}$ bu koeffisiýent aktiwleriň göterim girdejisi bilen borçnamalaryň göterim goýumlarynyň aratapawudy hasaplananda ulanylýar:

$$K_{14} = \frac{göterim\ girdejileri}{\%\text{-}li\ aktiwleriň\ ortaça\ galyndysy} - \frac{göterim\ çykdajylary}{\%\text{-}li\ borçnamalaryň\ ortaça\ galyndysy}$$

Ýokarda görkezilen koeffisiýentler esasynda bankyň işgärleriniň iş netijeliliginiň görkezijilerini bir işgäre düşýän arassa göterim we göterim däl girdejisini, bir işgäre düşýän umumy girdejini, bir işgäre düşýän arassa peýdany we ş. m. hasaplamak bolar.

# III BAP
# TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ BALANSYNYŇ ANALIZI

## 3.1. Täjirçilik banklarynyň balansynyň gurluşynyň beýany hem-de gündelik balans barada düşünje

Bankyň balansynda bank amallaryndan (gelen we giden) pul serişdeleri aktiwde we passiwde görkezilýär. Diýmek, balans gurluşy boýunça aktiw we passiw bölümlerden ybaratdyr. Aktiw hasaplara «Aktiwler», «Çykdajylar» bölüminiň balans hasaplary degişlidir, passiw hasaplara «Borçlar», «Maýa» we «Girdejiler» bölüminiň hasaplary degişlidir.

*Balansyň aktiw bölüminde* bankyň serişdeleriniň ulanylyşy baradaky maglumatlar jemlenip, onda bankyň algylary görkezilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky ätiýaçlyklar, maýa goýumlar, banklara we müşderilere berlen karzlar we ş. m. görkezilýär. Şeýlelikde balansyň aktiw bölümi bankyň serişdeleriniň ýagdaýyny we ýerleşdirilişini häsiýetlendirýär.

*Balansyň passiw bölüminde* bankyň borçnamalary we hususy serişdeleri görkezilýär. Passiw serişdeleriň döreýiş çeşmeleriniň ýagdaýyny häsiýetlendirýär.

Täjirçilik banklary depozit edarasy hökmünde özüne goýum serişdelerini näçe köp çekip bilse, şonça-da olaryň peýdasy artýar. Balansdaky «Passiw» sözi bankyň paýdarlarynyň we algydarlarynyň emläk serişdeleriniň ýagdaýyna gatnaşykda, olara bankyň bergidarlygyny aňladýar. Diýmek, emläk serişdeleri bankda köp boldugyça,

onuň bergisi artýar. Täjirçilik banklarynyň balansynyň binýatlaýyn gurluşy aşakdaky görnüşe eýe bolýar:

Aktiw = Passiw ýa-da

Aktiw = Borçnamalar + Hususy serişdeler.

*4-nji tablisa*

| № | Aktiwler | Pul möçberi |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1 | Pul serişdeleri we oňa deňleşdirilen serişdeler | 100 |
| 2 | Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky hökmany ätiýaçlyklar | 50 |
| 3 | Peýdanyň ýa-da ýitginiň üsti bilen adalatly baha boýunça bahalandyrylýan maliýe aktiwleri | |
| 4 | Banklardaky we maliýe gurluşlardaky serişdeler | 100 |
| 5 | Müşderilere berlen karzlar we hakujylar | 200 |
| 6 | Satmak üçin bar bolan maliýe aktiwleri | |
| 7 | Üzlüşilýänçä saklanýan maliýe aktiwleri | 50 |
| 8 | Maýa goýumlar | |
| 9 | Gozgalmaýan emläge maýa goýumlar | |
| 10 | Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler | 1000 |
| 11 | Peýda salynýan salgyt boýunça gündelik talaplar | |
| 12 | Gaýra goýlan salgyt aktiwleri | |
| 13 | Gaýry aktiwler | |
| | **Jemi aktiwler** | **1500** |
| | **Borçnamalar** | |
| 14 | Banklaryň we maliýe gurluşlaryň serişdeleri | 1000 |
| 15 | Müşderileriň serişdeleri | 100 |
| 16 | Peýdanyň ýa-da ýitginiň üsti bilen adalatly baha boýunça bahalandyrylýan maliýe borçnamalary | |
| 17 | Çykarylan borçnamalaýyn gymmatly kagyzlar | |
| 18 | Peýda salynýan salgyt boýunça gündelik talaplar | |
| 19 | Gaýra goýlan salgyt borçnamalary | 20 |
| 20 | Gaýry borçnamalar | 100 |
| | **Hususy maýa** | **1220** |

3. Sargyt №2973.

*4-nji tablisanyň dowamy*

| **1** | **2** | **3** |
|---|---|---|
| 21 | Esaslyk maýa | 50 |
| 22 | Goşmaça tölenen maýa | 210 |
| 23 | Täzeden bahalandyrylmagynyň ätiýaçlyklary | |
| 24 | Paýlanylmadyk peýda (toplanan ýitgi) | 20 |
| | **Jemi hususy maýa** | **280** |
| | **Jemi borçnamalar we hususy maýa** | **1500** |
| | **Jemi passiw** | **1500** |

Balansyň aktiwi we passiwi birnäçe bölümlerden ybarat bolup, birmeňzeş toparlara jemlenýär. Olara balansyň «maddalary» diýilýär hem-de her biri aýratynlykda balansyň bellibir kesgitli setirinde görkezilýär. Balansyň esasy aýratynlygy aktiwiň we passiwiň pul jeminiň hökmany deň çykmaklygy bilen häsiýetlendirilýär. Sebäbi balansyň aktiwinde serişdeler düzümi boýunça bellibir kesgitli pul bahasynda görkezilýän bolsa, passiwinde serişdeler şol bahalarda döreýiş çeşmeleri boýunça görkezilýär. Bank balansy – bu bank işine analiz geçirmeklikde esasy maglumat çeşmesi hökmünde ulanylyp, ol bankyň işiniň jemini toplumlaýyn häsiýetlendirmekde möhüm orun eýeleýär. Täjirçilik banklarynyň balansynyň gurluşyndaky esasy ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:

- balans ýeňil okalmalydyr we düşnükli bolmalydyr;
- balansyň maddalary logiki we ykdysady ýörelgelere esaslanmalydyr;
- balans düzülende maglumatlaryň hakyky we ýalňyşsyz şöhlelendirilmegi gazanylmalydyr;
- täjirçilik syrlaryny saklamak maksady bilen amallaryň bölekleýin çintgäp seredilmegi çäklendirilmelidir. Munuň üçin bolsa balansda şübheli we çykdajyly amallary hem-de olar üçin ulanylýan ätiýaçlyklaryň möçberleri görkezilmeýär.
- balansyň ähli pul jemi balansyň puly diýip atlandyrylýar.
- debet we kredit dolanyşyklary boýunça galyndylar görkezilýär.

Balansyň gurluşynda ätiýaçlyklaryň döredilmegi hem möhüm ähmiýete eýedir. Bu karz berýän we goýum alýan bank edaralaryn-

da kanunalaýyklykda alnyp barylmalydyr. Haçan-da, karz yzyna gaýtarylanda kassada pul serişdeleri ýene-de köpelýär we täzeden bankyň karzlaşdyrmaklyga ukyplylygyny artdyrýar. Banklar goşmaça pul serişdelerini gymmat bahaly kagyzlary satyn almakdan (aksiýa, obligasiýa) hem emele getirmekleri mümkindir. Şonda-da täjirçilik banklarynyň täze pul serişdelerini emele getirmekligi, onuň ätiýaçlyklarynyň döredilmegi bilen çäklendirilýär.

«Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda çykaran №11139 kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň bank ulgamynda maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryna geçmegini guramak maksady bilen Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň Meýilnamasy «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Täjirçilik banklary we bank işi hakynda» we «Buhgalter hasaby we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň esasynda işlenilip taýýarlanyldy. Banklarda buhgalter gündelik aýlanyşyk – galyndy balansyny düzmek üçin *(5-nji goşundy)* hasaplar meýilnamasyndaky balans we balansdan daşary hasaplaryň maglumatlary ulanylýar. Mundan başgada maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülen banklarda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasynda balansdan daşary hasaplar we memorand hasaplar atly aýratyn bölümler bardyr. Gündelik aýlanyşyk – galyndy balansy düzülende balans hasaplar boýunça analitik we sintetik hasaplaryň galyndylary boýunça maglumatlar görkezilýär. Bankyň gündelik balansy – bu bankda bolup geçýän hojalyk-maliýe amallaryň hereketini şöhlelendirip, bankyň gündelik maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän esasy buhgalter hasabatydyr. Buhgalter hasabaty – bu galyndy-dolanyşyk sanawnamasynyň ýa-da ýönekeý galyndy wedomostyň we baş kitap boýunça banklarda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasyndaky balans we balansdan daşary hasaplaryň, analitiki hasaplaryň hereketi baradaky bölekleýin hasabatyň görnüşidir. Bankyň gündelik balansynda amallaryň mazmunyna laýyklykda iş gününiň dowamynda geçirilen ähli hojalyk-maliýe amallaryna şol sene boýunça gündelik aýlanyşyk-galyndy balansy düzülýär. Gündelik aýlanyşyk-galyndy

balansy düzülende aktiw we passiw bölümlerde galyndylaryň jeminiň deň gelmegi; klaslar boýunça toparlandyrylmagy we aýratynlykda her bir klasyň jemi boýunça möçberiniň görkezilmegi; balansyň düşnükli ýeňil okalmagynyň gazanylmagy; balansyň düzülen senesi; bankyň ady, balansda pul ölçeg birliginiň milli manatda görkezilmegi we ş.m. talaplar göz öňünde tutulmalydyr.

Gündelik balans banklarda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasynyň toparlara bölünişine laýyklykda düzülýär. Täze hasaplar meýilnamasy aktiwler; borçlar; hususy maýa; girdejiler; çykdajylar diýen bäş bölümi özünde jemleýändir.

Balans hasaplarda hasaba almak üçin buhgalter hasabyny ýöretmegiň ikitaraplaýyn ýazgy usuly ulanylýar. Bu bolsa, bankyň balansyny almaklygy üpjün edýär. Hojalyk amallarynyň mazmunyna laýyklykda, onuň jemi bir hasabyň debeti tarapyna, beýleki bir hasabyň bolsa kredit tarapyna deň ululykda iki gezek ýazylýar. Hasaplarda hökmany deňlik bolmagy talap edilýär. Balansdan daşary hasaplar boýunça girdeji we çykdajy ikitaraplaýyn ýazgy usuly ulanmazdan alnyp barylýar. Her hasabat döwrüniň ahyrynda baş buhgalter ähli debet we kredit aýlanyşyklar boýunça dolanyşygyň jemini jemleýär. Sanlaryň deň bolmadyk ýagdaýy hasaplarda ýalňyşlygyň bolandygyny aňladýar. Hasabyň debeti we krediti boýunça ýazgylaryň jemine *aýlanyşyk* diýilýär. Hasabyň bir tarapynda görkezilen pul jeminiň aratapawudyna «galyndy» ýa-da «saldo» diýilýär. Galyndylar debet tarapda-da, kredit tarapda-da bolup bilýär. Täze galyndyny hasaplamak üçin serişdeleriň artmagyny görkezýän dolanyşyk bilen başdaky galyndy goşulýar, ondan soňra bolsa, serişdeleriň kemelmegini görkezýän dolanyşyk aýrylýar. Eger galyndy bolmadyk ýagdaýynda, onda hasap ýapylan hasaplanylýar. Hasabyň debetinde we kreditinde galan ahyrky galyndy aktiw we passiw hasaplar boýunça, şu aşakdaky görnüşde hasaplanylýar:

$$\text{Aktiw hasaplarda: } A_g = B_g + D_t - K_t;$$
$$\text{Passiw hasaplarda: } A_g = B_g + K_t - D_t,$$

bu ýerde $A_g$ – ahyrky galyndy; $B_g$ – başdaky galyndy; $D_t$ – hasabyň debetindäki galyndy; $K_t$ – hasabyň kreditindäki galyndy.

Buhgalter hasaplary balansa bolan gatnaşyklary boýunça aktiw we passiw görnüşlere bölünýärler.

Aktiw hasaplar hojalyk serişdeleriniň düzümini, ýerleşişini we ulanylyşyny hasaba almak üçin ulanylýar.

Passiw hasaplar hojalyk serişdeleriniň döreýiş çeşmelerini we maksadalaýyk ulanylyşyny hasaba almak üçin ulanylýar.

## 3.2. Bankyň balansynyň esasy ugurlaryna analiz geçirmegiň usullary

Bankyň balansynyň gurluşyna analiz geçirmek üçin maglumat çeşmesi hökmünde buhgalter hasabatynyň maglumatlary, bankyň gündelik aýlanyşyk-galyndyly balansy, jebislendirilen balans, maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülen ýyllyk maliýe hasabatynyň maglumatlary peýdalanylýar. Islendik hojalygyň, şol sanda banklaryň balansyna analiz işleri geçirilip, hojalygyň her bir görkezijisi boýunça ähli ýagdaýlar anyklanylýar. Mysal üçin, banklarda:

- pul akymlarynyň gelip-gidişini;
- bankyň karz serişdeleriniň hereketini;
- bankyň hususy serişdeleriniň hereketini;
- hasaplaşyk we habarçy hasap hereketlerini;
- daşyndan çekilen serişdelerini we olaryň ýerleşdirilişini;
- nagt pul dolanyşygyny;
- bankyň ykdysady görkezijileriniň kada laýyklygyny;
- maliýe iş netijelerini (girdejiler, çykdajylar, peýda);
- bankyň düşewüntliligi, ukyplylygy balansa analiz geçirmek arkaly anyklanýar.

Bankyň balansyna analiz geçirmek deslapky tapgyrdan başlanýar. Bu tapgyrda balans okalýar we analiz geçirmeklige taýýarlanylýar. Bankyň balansyna analiz geçirmekligiň esasy ugurlary aktiw we passiw amallarynyň düzüminiň analizinden ybaratdyr. Ykdysady analiziň maksadyna laýyklykda aktiw we passiw maddalaryň aňladylyşy toparlara bölünýär. Passiwlerde eýeçiligiň görnüşi boýunça bahasy, talap ediliş derejesi, möhleti, amallaryň gurnalyşy,

ulanmagyň kepillendirilişi, çeşmeleriň görnüşleri diýen toparlamalar ulanylýar. Aktiwler eýeçiligiň hukuk-guramaçylyk görnüşinde döremeginiň ykdysady sektory we işiň görnüşi boýunça toparlanýarlar. Bank amallarynyň amala aşyrylyşyna baglylykda balansyň maddalary depozit-karz, hasaplaşyk maýa goýum we ş. m. diýip toparlanýar. Balansyň maddalary toparlandyrylanda subýektleriniň şertleri bankara amallary, bankyň içindäki amallar, müşderi bilen geçirilýän we beýleki amallar boýunça aktiwde hem passiwde özbaşdak bölünip görkezilýär. Soňra aktiw we passiw maddalar boýunça algydarlygyň we bergidarlygyň tölegleriniň görnüşi boýunça möhletleri deňeşdirilip, olaryň çeşmeleri boýunça bankyň içki düzgünlerine hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talabyna laýyklykda alnyp barlyşy barlanylýar. Balansyň aktiw we passiw maddalaryna analiz geçirmegiň netijeleri bahalandyrylyp, oňa oňyn täsir edýän faktorlar öwrenilýär. Bu bolsa geljek döwür üçin iş meýilnamalarynyň işlenilip düzülmegine mümkinçilik döredýär. Bankyň balansyna deňeşdirme usuly esasynda hasabat döwrüniň maglumatlary bilen geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlaryny deňeşdirmek arkaly ykdysady analiz işleri geçirilýär. Deňeşdirme analiziniň netijesinde ykdysady görkezijilere oňyn (a) ýa-da tersine täsir edýän (b)faktorlar anyklanylýar:

a) ykdysady görkezijiler balansyň aktiwine oňyn täsir eden ýagdaýynda, onuň artmagyna itergi berip, passiwdäki borçnamalaryň azalyp, hususy maýanyň köpelmegine getirýär.
b) degişli döwrüň ykdysady analizinde aktiwiň azalmagy, passiwdäki borçnamanyň köpelmegine ýa-da hususy maýanyň azalmagyna getirýär. Analiziň şeýle netijesi geljek döwrüň meýilnamasyna gysga wagtda täzelik girizilmegini talap edýär.

## 3.3. Bankyň balansynyň likwidliliginiň (tölege ukyplylygynyň) analizi

Balansyň likwidliligi – bu Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen ykdysady kadalaşdyryjylaryň balansynyň aýratyn

maddalarynyň gatnaşygyna gabat gelmegi bilen kesgitlenilýär. «Likwidlilik» sözüniň manysyna material gymmatlyklarynyň aňsat ýerlenilip, çalt pula öwrülijilik ukyby diýip düşünilýär. Bankyň balansy – onuň aktiwlerini ýerleşdirmek arkaly, passiwleri boýunça borçnamalaryny ýapyp bilen halatynda tölege ukyply diýip hasaplanylýar. Başgaça aýdylanda, passiwleriň möhleti haýsy wagta çenli bolsa, aktiwleriň möhleti hem şol möhlete görä sazlanylmalydyr.

Bankyň öz borçlary boýunça gündelik jogap bermäge ukyplylygyny üpjün etmek üçin täjirçilik banklarynyň aktiwleriniň düzümi likwidliligiň hil taýdan talaplaryna dogry gelmelidir. Şu maksat bilen bankyň ähli aktiwleri ýapylmaly möhletine baglylykda olaryň likwidliliginiň derejesi boýunça ýokary likwidli aktiwlere; bada-bat ýerleşdirip bolýan aktiwlere; ýerleşdirip bolýan aktiwlere hem-de uzak möhletde ýerleşdirip bolýan aktiwler boýunça toparlara bölýärler. Bada-bat ýerleşdirip bolýan aktiwlere nagt pul we oňa deňeşdirilen serişdeler, Merkezi bankdaky hasaplardaky serişdeler, döwletiň bergidarlyk borçnamalary, rezident däl banklarda açylan habarçy hasaplardaky serişdeler girýärler. Bu serişdeler likwidli serişdelere degişli, sebäbi zerur bolan ýagdaýynda çalt bankyň dolanyşygyndan aýrylmaga degişli bolup durýarlar. Ýokarda sanalan bada-bat ýerleşdirip bolýan aktiwlerden başga-da, ýerleşdirip bolýan aktiwleriň düzümine 30 günüň dowamynda yzyna gaýtarmaklyk şerti bilen berlen karzlar we bankyň peýdasyna 30 günüň dowamynda geçirilmeli tölegler (debitorlar hem-de hökmany ätiýaçlyk gorlaryna artykmaç geçirilen serişdeleriň yzyna gaýtarylmagy) girýärler. Uzak wagtyň dowamynda ýerleşdirip bolýan aktiwlere bir ýyldan artyk möhleti bilen berlen ähli karzlar, möhleti geçen karzlar girýärler.

Balansyň likwidliligine birnäçe faktorlar täsir edýär. Ol ilkinji nobatda onuň aktiwleriniň gurluşy bilen baglanyşyklydyr. Ýokary derejeli aktiwleriň umumy aktiwleriň jemindäki paýy köp boldugyça, şonça-da bankyň balansynyň likwidliligi ýokary bolýar.

Bankyň balansynyň likwidliligi bank amallarynyň derejesine baglydyr. Bankyň balansynda ýokary töwekgelçilikli aktiwleriň paýy ýokary boldugyça, onuň likwidliligi pese gaçýar. Müşderiniň karza ukyplylygynyň derejesi hem bankyň likwidliligine täsir edip, töleg

borçnamalaryny öz wagtynda yzyna gaýtarmaklygy üpjün edýär. Bankyň karz bukjasynda ýokary töwekgelçilikli karzlaryň paýynyň artdygyça, onuň likwidliligi pese gaçýar. Mundan başga-da, likwidlilik balansyň passiwleriniň gurluşyna baglydyr. Eger «Talap edilýänçä» goýum hasabyndaky serişdeleri müşderileriň islendik wagty yzyna almaga hukugy bar bolsa, onda bankyň ygtyýarynda saklanylýan möhletli goýumlar hem müşderilere serişdeleri yzyna almak boýunça zerurlyk ýüze çykan halatynda şertnama bozulyp, pul serişdeleri gaýtarylyp berilýär. Şeýle ýagdaýlarda «Talap edilýänçä» goýumlaryň jeminde möhletli goýumlaryň paýy köpeldigiçe bankyň likwidliligi pese gaçýar. Bankda beýleki karz edaralarynyň galan depozitleriniň we bergileriniň ynamdarlygy hem bankyň balansynyň likwidliliginiň derejesine täsir edýär. Depozitleriň we bergileriň aktiw we passiw maddalaryň özara hereketindäki möhletleri boýunça sazlaşykly herekétde alnyp barylmagy möhümdir.

Bankyň tölege ukyplylygy diýlip, onuň maliýe bergilerini, ýerlenmek üçin ulanýan çeşmeleri boýunça töleg borçnamalaryny öz wagtynda yzyna gaýtarmak üçin nagt serişdeleriniň we beýleki aktiwleriniň jeminiň ýeterlik bolmagyna aýdylýar. Diýmek, bankyň balansynyň likwidliligi töleg borçnamalaryny wagtynda töläp bilmek ukyby bilen baglanyşyklydyr. Bankyň tölege ukyplylygy diýlip, onuň kreditorlarynyň öňünde öz borjuny berjaý edip bilijilik mümkinçiligine düşünilýär. Munuň üçin Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ukyplylyk kadasy girizilýär we ony ýerine ýetirmek ýurduň çäginde ýerleşýän ahli banklar üçin hökmandyr.

Banklaryň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ukyplylyk ýagdaýyna gözegçilik etmek maksady bilen borçnamalary ýerine ýetirmäge ukyplylygynyň (likwidliligi) gündelik, pursatlaýyn we umumy kadalary bellenilýär. Olar aktiwleriň we passiwleriň möhleti, möçberi, görnüşi hem-de beýleki ýagdaýlary hasaba alnyp, aktiwleriň passiwlere özara gatnaşygy bilen kesgitlenýär.

1. *Gündelik ukyplylyk kadasy* bankyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ukyply aktiwleriniň jeminiň (şol sanda 30 günüň dowamynda tölemek möhleti ýetip gelen karzlar we bankyň haýryna şol möhletde geçirmäge degişli beýle-

ki tölegler) 30 güne çenli möhletli we «Talap edilýänçä» hasaplar boýunça borçnamalaryna gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Gündelik ukuplylyk kadanyň ($N_2$) iň az möçberi 70% bolsa, onda maliýe ýagdaý oňaýly diýlip hasaplanylýar:

$$N_2 = \frac{A_ý}{B_b} \times 100\% \ (70\%),$$

bu ýerde $A_ý$ ýerlenýän aktiwler we şol möhletlerde geçirilýän beýleki tölegler; $B_b$ – bankyň borçnamasy. «Talap edilýänçä» we 30 güne çenli möhletde üzülmeli borçlar + bank tarapyndan 30 güne çenli üzmek üçin berlen kepilnamalaryň we zamunlyklaryň ählisi (100%).

2. *Pursatlaýyn ukyplylyk kadasy* bankyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin ýokary ukyply aktiwleriniň jeminiň «Talap edilýänçä» hasaplar boýunça borçnamalarynyň jemine gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Pursatlaýyn ukyplylyk kadanyň iň az möçberi 50%-e deň bolmalydyr:

$$N_3 = \frac{A_d}{B_b} \times 100\% \ (50\%),$$

bu ýerde $A_d$ – ýokary derejede ýerlenýän aktiwler; $B_b$ – «Talap edilýänçä» borçlar we «Talap edilýänçä» depozitler.

3. *Umumy ukyplylyk kadasy* borçnamalary ýerine ýetirmek boýunça ukyply aktiwleriň bankyň jemi aktiwine gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Bu görkezijiniň umumy ukyplylyk kadasy ($N_4$) iň az möçberi 25% diýip bellenilýär:

$$N_2 = \frac{A_ý}{A} \times 100\% \ (25\%),$$

bu ýerde $A$ – balans hasaplarynyň debet galyndylary aýrylan balans boýunça bankyň ähli aktiwleriniň jemi.

Bank aktiwleriniň oýlanyşykly düzümini kesgitlemek bilen, likwidlilik boýunça talaplary ýerine ýetirmelidir. Has dogrusy borçlaryna görä, olaryň möçberini, möhletini we görnüşlerini hasaba almak bilen ýeterlik derejede bada-bat ýerleşdirip bolýan we uzak wagtyň dowamynda ýerleşdirip bolýan aktiwleriň ýeterlik möçberini saklamaly hem-de bada-bat, gündelik we uzak möhletlik likwidliligiň kadalary ýerine ýetirilmelidir. Bankyň likwidliligini ýokarlandyrmagyň nazaryýeti, onuň işleriniň birnäçe ugurlaryny öz içine alýar:

- «talap edýänçä» karzlary – eýesiniň ilkinji talaby boýunça yzyna gaýtarmak;
- müşderileriň serişdelerini banka çekmek boýunça ýerine ýetirilýän passiw amallarynyň gerimini giňeltmek;
- möhleti dolýan yzyna gaýtarylmaly karzlary tölemek;
- bank bazarynda (auksionda) ýerleşdirilýän, pul serişdeleriniň aglaba bölegini Merkezi bankdan almak we ş. m.

Bank tölege ukyplylygynyň durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen garaşylmadyk ýagdaýlarda dürli faktorlaryň täsirinde ýüze çykýan, töleg borçnamalaryny öz wagtynda çalt tölemek üçin likwidlilik ätiýaçlygyny kesgitlenen möçberde saklamalydyr.

Bankyň likwidliligine täsir edýän faktorlara şu aşakdakylar degişlidir:

- ýerleşýän çägindäki syýasy we ykdysady ýagdaýlar;
- Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirmegi;
- bank bazarynda gymmat bahaly kagyzlaryň gymmatlamagy;
- bankyň hususy maýasynyň ýeterlikdigi;
- müşderileriň ynamdarlygy;
- bank menejmentiniň dolandyryş derejesi we ş. m.

Bankyň likwidlilik derejesi aktiwleriň we passiwleriň özara baglanyşykly hereketini ýola goýmak arkaly gazanylýar.

# IV BAP
# TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ AKTIW WE PASSIW AMALLARYNYŇ ANALIZI

## 4.1. Täjirçilik banklarynyň aktiw we passiw amallarynyň gurluşy we olaryň dolandyrylyşynyň hiliniň analizi

Bankyň aktiw we passiw amallaryna analiz geçirilende esasy maglumat çeşmesi hökmünde maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda taýýarlanan «Maliýe ýagdaýy hakyndaky hasabatyň» görnüşine hem-de buhgalter hasabatyndaky degişli maglumatlara üns berilýär. Bu hasabatlaryň mazmunynda aktiw amallar boýunça serişdeleri ýerleşdirmegiň esasy ugurlary, bankdan berlen karzlaryň hereketi, olaryň karz bukjasyndaky paýy, karzyň yzyna gaýtarylyşy, möhleti geçen karzlar, olar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlygy baradaky maglumatlar doly açylyp görkezilýär.

Täjirçilik banklarynyň maliýe ýagdaýynyň umumy netijeliligini, onuň maliýe-hojalyk işlerindäki aktiw we passiw amallarynyň dolandyrylyşynyň hili häsiýetlendirýär. Aktiwleriň we passiwleriň görkezijileriniň özara baglanyşykly sazlaşykly dolandyrylmagy bankyň maliýe taýdan durnuklylygyny we ynamdarlygyny üpjün etmeklige esas bolup durýar. Netijeli dolandyrmagyň ahyrky maksady bankyň peýdasyny emele getirýän marža göteriminiň girdejiliginiň möçberini artdyrmak üçin aktiw amallarda ýerleşdirilýän serişdeleriň, passiw amallar boýunça emele gelýän serişdeleriň çeşmeleriniň akymyny döretmekden ybaratdyr. Bankyň aktiw we passiw amallarynyň dolandyrylyşynyň hiline analiz geçirilende, olaryň her biriniň gurluşyna aýratynlykda seredilýär *(5-nji tablisa)*.

Täjirçilik banklarynyň passiw amallary boýunça hususy serişdeleriniň ($H_s$) we borçnamalarynyň ($D_{\text{ç}}$) dolandyrylyş ýagdaýynyň hiline analiz geçirilende, bu serişdeleriň ýerlenmek mümkinçiligi aşakdaky iki görkeziji boýunça kesgitlenilýär:

$$H_s = \frac{\textit{hususy serişdeler}}{\textit{karz goýumlar}}; \quad D_{\text{ç}} = \frac{\textit{daşyndan çekilen serişdeler}}{\textit{karz goýumlar}}.$$

*5-nji tablisa*

**Bankyň passiwleriniň gurluşyny dolandyrmagyň hiliniň analizi**



Bankyň passiw amallarynyň dolandyrylyşynyň hiliniň analizi, daşyndan çekilen we hususy serişdeleriň emele geliş çeşmelerini öwrenmekden hem-de balansyň umumy pul jemindäki passiwleriň paýyny bahalandyrmakdan ybaratdyr.

Bankyň borçnamasy boýunça müşderileriň toparlanyşyna we goýum serişdeleriniň talap edilişiniň düzümine analiz geçirmek hem möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle analiz çekilen serişdeleriň aglaba böleginiň ykdysadyýetiň haýsy pudagyna degişlidigini anyklamaga we goýumlaryň ortaça hasaplarda saklanyş möhletiniň dowamlylygyny aýdyňlaşdyrmaklyga mümkinçilik döredýär.

Bankyň passiw amallarynyň düzümine analiz geçirmek bilen birwagtda, ony dolandyrmagyň şu aşakdaky meselelerini çözmek göz öňünde tutulýar:

- bankyň aktiw amallaryny ösdürmek we müşderileriň karz isleglerini doly kanagatlandyrmak üçin zerur bolan karz serişdeleriniň çeşmesini tapmak;
- bankda bar bolan serişdeleriň girdeji getirmeýän we bergiler üçin ätiýaçlyk döredilmedik böleginiň ulanylmagyna ýol bermezlik;
- «arzan» çekilen serişdeleriň hasabyna banka peýda gelmegini gazanmak;
- bankyň passiw amallarynyň kämilleşdirilmegi netijesinde pul dolanyşygynyň durnuklylaşdyrylmagyny we serişdeleriň çalt hususylaşdyrylmagyny üpjün etmek we ş. m. Bankyň passiw amallarynyň dolandyrylyşynda töwekgelçilik derejesini bahalandyrmak zerurdyr. Sebäbi passiw amallaryň töwekgelçilik derejesi, aktiwlerde serişdeleri ýerleşdirmek bilen berk arabaglanyşyklydyr.

Aktiw amallaryň dolandyrylyşynyň analizi bank işiniň analiziniň esasy ugurlarynyň biri bolup, bankyň serişdeleriniň ykdysady taýdan netijeliligini bahalandyrmak hem-de aktiw amallar esasynda serişdeleri ýerleşdirmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemek üçin geçirilýär. Aktiw amallar boýunça serişdeleri ýerleşdirmek aktiwleri dolandyrmagyň hiline baglydyr. Bankyň aktiwlerini dolandyrmagyň hili bolsa köp ugurly we çylşyrymly gurnalandyr.

*6-njy tablisa*

**Aktiwleri dolandyrmagyň hiliniň analiziniň gurluşy**

| | | |
|---|---|---|
| Bankyň aktiwlerini dolandyrmagyň hili boýunça analiziň esasy ugurlary | → | Aktiwleri ýerleşdirmegiň esasy ugurlarynyň gurluşynda peýdalylyk, maksadalaýyk diwersifikasiýalaşdyrmak |
| | → | Aktiwleriň töwekgelçilik derejesiniň analizi |
| | → | Aktiwleriň girdejililiginiň analizi |
| | → | Aktiwleriň likwidliliginiň analizi |

Aktiwleri dolandyrmagyň esasy wezipesi banka peýda getirýän işleri ornaşdyrmak arkaly, onuň balansynyň düşewüntliliginiň üpjünçiligini berjaý etmekdir. Dürli aktiwler banka birmeňzeş peýda getirmeýärler, sebäbi olar töwekgelçilikleriniň derejesi boýunça dürli-dürlüdir. Şonuň üçin banklar ähli aktiwlerini serişdeleriň goýlan möhletleriniň töwekgelçilik derejesi we peýdalylygy boýunça toparlara bölýärler.

Aktiw amallaryň dolandyrylyşynyň hiline analiz geçirmek üçin ilkinji nobatda bankyň aktiw amallary boýunça töwekgelçilik derejesini hem-de aktiwleriň likwidliligini öwrenmek maksada laýykdyr.

Bankyň aktiwleriniň gymmatynyň bellibir böleginiň ýetirilmeginiň mümkindigini göz öňünde tutup, ony töwekgelçilik derejesi boýunça (I–%, II–20%, III–50%, IV–100%) dört topara bölýärler.

Birinji topardaky aktiw amallaryň töwekgelçilik derejesi 0%-e deň bolup, oňa şu aşakdaky serişdeler degişlidir:

- kassa we oňa deňeşdirilen serişdeler;
- Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky habarçy we depozit hasaplaryndaky serişdeler;
- gymmat bahaly kagyzlaryň dürli görnüşleri;
- guýma görnüşdäki gymmatbaha metallar girewine goýlan karzlar;

Ikinji topardaky aktiw amallaryň töwekgelçilik derejesi 20%--dir:

- inkassanyň dowamyndaky nagt serişdeler we oňa deňeçer aktiwleriň töwekgelçilik derejesi;
- karz berýän edaradaky depozitlenen pul serişdeleri bilen üpjünçilikli karzlaryň paýynyň töwekgelçiligi;
- Türkmensitanyň we ýerli häkimlikleriň hojalyk birlikleriniň bergi borçlaryna goýumlar;
- Türkmensitanyň we ýerli häkimlikleriň hojalyk birlikleriniň gymmatly kagyzlarynyň girewine berlen karzlar;
- inkassa goýberilen resminamalar we gymmatlyklar;
- nagt pul, gymmat bahaly metallary we gymmat bahaly kagyzlary bermek boýunça talapnamalar;
- tölege akkredetiwler, daşary ýurt pulundaky akkredetiwler boýunça töwekgelçilikler degişlidir.

Üçünji topardaky aktiw amallaryň töwekgelçilik derejesi 50%-e deň bolup, oňa raýatlara jaý satyn almak ýa-da gurmak üçin berilýän ipoteka karzlary degişlidir.

Dördünji topardaky aktiw amallar boýunça töwekgelçilige täjirçilik banklarynyň hususy serişdeleri (maýa) boýunça hasaplarynda hasaba alnan serişdelerinden başga ähli bank aktiwleri degişlidir:

- bank tarapyndan berlen kepillendirmeler we zamunlyklar;
- gymmatly kagyzlary we beýleki aktiwleri satyn almaklyga borçnamalar;
- forfard borçnamalary boýunça töwekgelçilikler:

a) yzyna gaýdyp almak şerti bilen satylan gymmat bahaly kagyzlaryň satylmagy;

b) daşary ýurt pulundaky forfard şertnamalary töwekgelçilikler.

Aktiwleri töwekgelçilik derejeleri boýunça hasaplamak degişli balans hasaplaryndaky serişdeleriň galyndysyny ýa-da olaryň böleklerini töwekgelçilik koeffisiýentine (%-de) köpeldip, soňra 100-e bolmek arkaly tapylýar.

Aktiwleriň girdejililigi peýdanyň girdeji getirýän aktiwlere gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Bu görkeziji aktiwlere goýlan

1 manadyň näçe möçberde peýdasynyň bardygyny görkezýär. Bankyň aktiwlerini girdeji getirýän we girdeji getirmeýän aktiwlere bölünýärler. Banka girdeji getirýän aktiwler: karz bukjasy; faktoring we lizing amallary; gymmat bahaly kagyzlara goýumlardyr. Girdeji getirmeýän aktiwlere kassadaky we inkassirlenen nagt pul serişdeleri; habarçy hasapdaky galyndylar; esasy serişdeler; düýpli maýa goýumlary; bankyň debitorlary; Merkezi bankdaky hökmany ätiýaçlyklar degişlidir.

Aktiwleriň likwidliligi – aktiwleriň aýratyn görnüşleriniň tiz pula öwrülip bilijilik ukybynyň bolmagydyr. Bankyň likwidli aktiwlerine şu aşakdakylar degişlidir.

1. Bankyň habarçy hasabyndaky serişdeleri.
2. Bankyň kassasyndaky nagt pul serişdeleri we inkassirlenen nagt pul serişdeleri.
3. Gymmat bahaly kagyzlara goýlan pul serişdeleri.
4. Altyn we beýleki gymmat bahaly metallar.

Bankyň likwidli däl aktiwleri hökmünde esasy serişdelerini, hojalyk we gurluşyk materiallaryny hem-de maddy däl aktiwlerini mysal getirmek bolar.

Bankyň balansyndaky aktiwleriň jemini hasaplamak üçin şu aşakdaky hasaplardaky galyndylar ulanylýar:

1) Pul serişdeleri we oňa deňleşdirilen serişdeler: bankyň kassasyndaky pul serişdeleri; edara kärhanalaryň gündelik hasaplaryndaky pul serişdeleri; habarçy hasabyndaky serişdeler; täjirçilik bankynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynda saklanylýan ätiýaçlyk hasabyndaky pul serişdeleri; walýuta gymmatlyklary boýunça:
a) gymmat bahaly metallar;
b) daşary ýurt walýutasyndaky nagt pul serişdeleri.
2) Karzlar we oňa deňleşdirilen aktiwler: berlen karzlaryň umumy möçberi; beýleki banklara berlen karz serişdeleri; fiziki taraplara berlen karzlar; faktoring amallaryň umumy möçberi we ş. m.

## 4.2. Bank serişdeleriniň ýerleşdirilmeginiň esasy ugurlarynyň analizi

Bank serişdeleriniň ýerleşdirilmeginiň esasy ugurlaryna analiz geçirilende, bankyň balansynyň aktiw amallary boýunça serişdeleri kassa amallary, karz amallary, gymmat bahaly kagyzlara goýumlar hem-de gaýry amallar boýunça toparlandyrylyp, olaryň her biriniň ýerleşdiriliş ugurlarynyň aýratynlyklary öwrenilýär.

Kassa amallary boýunça pul serişdeleriniň ýerleşdirilişine analiz geçirilende, esasan hem «Talap edilýänçä» goýum hasabyndaky pul serişdeleriniň galyndylaryny öwrenmek zerurdyr. Sebäbi bankyň aktiw amallar boýunça serişdeleri ýerleşdirilende, onuň passiw amallary bilen jebis arabaglanyşygy göz öňünde tutulmalydygy mälimdir. Müşderilerden «Talap edilýänçä» goýum hasabyna pul serişdeleri şertnama esasynda kabul edilende, pul serişdeleri boýunça borçnamanyň yzyna gaýtarylmaly möhleti mälim däldir. Şeýlelikde täjirçilik banklarynyň «Talap edilýänçä» goýum hasabynda saklanylýan pul serişdeleri eýesiniň ilkinji talaby boýunça bölekleýin ýa-da tutuşlygyna yzyna gaýtarmaklyga borçlandyrylandyr. Diýmek, bankyň kassasynda serişdeleriň yzyna gaýtarylmaklygyny üpjün etmek üçin nagt pul serişdeleriniň bellibir möçberi kassada saklanylmalydyr. Bank tejribesinden mälim bolşy ýaly, «Talap edilýänçä» goýum hasabyndaky serişdelerini yzyna almak islegi müşderileriň ählisinde birwagtda ýüze çykmaýar. Ýöne muňa garamazdan ätiýaçlygy elden bermezlik üçin bank hünärmenleri goýum goýujylary içgin öwrenip, müşderileriň banka girdeji getirip biljek bölegini saýlamagy başarmalydyr. Täjirçilik banklary diňe öz kassasyndaky nagt pul serişdelerini saklamak bilen çäklenmän, eýsem beýleki banklar bilen kliring hasaplaşyklaryň gündelik balanslaryny goldamak üçin Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky aragatnaşyk hasaplarynda nagt däl pul serişdeleriniň hem bellibir möçberdäki galyndysynyň bolmagyny üpjün etmelidirler.

*Karz amallary* – bu karz beriji bank bilen karz alyjy müşderiniň arasyndaky bankyň pul serişdelerini ulanmak baradaky şertnama esasynda ýola goýlan kesgitli ykdysady gatnaşyklardyr.

4. Sargyt №2973.

Türkmenistanyň bütewi pul-karz syýasatyna laýyklykda täjirçilik banklarynyň karz amallary aktiw we passiw häsiýete eýedir. Bu ýerde karzlaşdyrmaklyk iki sany görnüşe eýe bolýar:

a) *karz* – bank pul serişdelerini şertnama esasynda öz müşderilerine karzyna ýerleşdirende aktiw tarap bolup çykyş edýär.

b) *depozit* – borçnama hökmünde beýleki banklardan ýa-da müşderilerden pul serişdelerini daşyndan çeken halatynda bank passiw tarap bolup çykyş edýär.

Aktiw amallar boýunça karz serişdeleriniň çeşmeleri hökmünde täjirçilik banklarynyň öz serişdeleri, daşyndan çekilen serişdeler hem-de bankara karz serişdeleri ulanylýar. Bankyň aktiwlerini ýerleşdirmegiň esasy ugurlarynyň analizinde karz syýasatynyň emele gelmegine täsir edýän karza bolan isleg, bankyň maýasynyň bolmagy, karzlaryň dürli görnüşi boýunça töwekgelçilikleriň we peýdanyň derejesi, depozitleriň durnuklylygy, bank hünärmenleriniň tejribesi we işe ukyplylygy we ş. m. içerki we daşarky faktorlar öwrenilýär. Karz goýumlarynyň ýagdaýyna analiz geçirilende, onuň ýerleşdirilen ugurlaryny we möçberini öwrenmek göz öňünde tutulýar. Ilkinji nobatda karzyň umumy möçberi, karz ugurlary boýunça kesgitlenýär. Karzyň umumy möçberini ($K_o$) gysga we uzak möhletli berlen karzlaryň görnüşlerini, olaryň balans hasaplaryndaky galyndylary boýunça hasaplamak bolar. Karzlaryň umumy möçberindäki karz goýumlarynyň düzüminiň her bir görnüşiniň udel agramy aýratynlykda kesgitlenilýär. Gysga we uzak möhletli karzlaryň analizini bölekleýin geçirmek üçin karzlaryň aýratyn ykdysady kontragentlerdäki umumy jemini, gysga we uzak möhletli karzlaryň jemine gatnaşdyrmak arkaly hasaplanylýar. Karzyň umumy möçberinde möhleti geçen bergileriň udel agramy (14701+14702+14703+14704+14705+14706+14707+14708) aktiw balans hasaplaryň galyndylary boýunça hasaplanylyp öwrenilýär.

Bank karzynyň ösüş depgininiň netijeliligi wagt dowamlylygy boýunça deňeşdirilip, onuň ösüş derejesiniň ýokarlanmagy bankyň işine oňaýly netijeleriň gazanylandygyny aňladýar.

Bank karzlarynyň ortaça galyndylarynyň möçberiniň dinamikasynyň üýtgemegine gözegçilik etmek zerurdyr. Karz aktiwleriniň ana-

liz geçirilýän döwürdäki üýtgemelerini, geçen ýylyň degişli döwrüniň görkezijileri bilen deňeşdirip, ösüş depgini ($T_ö$) häsiýetlendirilýär:

$$T_ö = \frac{\textit{hasabat döwründäki karz aktiwleriniň ortaça galyndysy}}{\textit{geçen döwrüň karz aktiwleriniň ortaça galyndysy}} \times 100\% .$$

Bu ýerde eger $T_ö > 100\%$ bolsa, onda bankyň işi oňaýly diýip bahalandyrylýar. Eger $T_ö < 100\%$ bolsa, onda ol oňaýsyz diýip hasap edilýär.

Karz aktiwleriniň ortaça galyndysynyň ösüş depgini aktiwleriň ösüş derejesiniň jemi bilen deňeşdirilýär. Alnan görkeziji öňe geçmekligiň koeffisiýenti ($K_{öp}$) diýip atlandyrylýar:

$$K_{öp} = \frac{\textit{karz aktiwiniň ortaça ösüş depgini}}{\textit{aktiwleriň möçberiniň ösüş depgini}} \times 100\% .$$

Bu koeffisiýent bolsa, karz aktiwiniň ortaça galyndysynyň, deňeşdirilýän aktiwiň ösüş depgininden näçe esse öňe geçýändigini görkezýär. Koeffisiýentiň ähmiýetiniň birden köp bolmagy, bankyň karz amallary boýunça işiniň oňaýly alnyp barylýandygyna şaýatlyk edýär.

Gymmat bahaly kagyzlary ýerleşdirmegiň esasy ugrunyň maliýe analizi gurnalanda maglumat çeşmesi hökmünde satmak üçin bar bolan gymmat bahaly kagyzlar boýunça 15101, 15102, 15103, 15105, 15106 aktiw balans hasaplaryň galyndylary bilen bir hatarda 15105, 15107 passiw balans hasaplaryň galyndylary, bankyň üzlüşilýänçä saklanylýan gymmat bahaly kagyzlary saklanylýan 15301, 15302 aktiw balans hasaplary, bu aktiw hasaplar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlyk gory hökmünde ulanylýan 15399 passiw balans hasaplaryndaky galyndylar ulanylýar.

*7-nji tablisa*

| **№** | **Gymmat bahaly kagyzlara goýumlar** | **Manat möçberinde** | **Göterimde** |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1. | Döwletiň goýumlary | 500000 | 68,43 |
| 2. | Kärhanalaryň goýumlary | 15000 | 2,05 |
| 3. | Banklaryň goýumlary | 200000 | 27,38 |

*7-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 4. | Daşary ýurt kärhana goýumlary | 10700 | 1,46 |
| 5. | Daşary ýurt karz edaralarynyň gymmatly kagyzlaryna goýumlar | 5000 | 0,68 |
| | **Jemi:** | **730700** | **100** |

Bankyň gymmat bahaly kagyzlara gönükdirýän goýumynyň ahyrky netijesi, maliýe bazarynyň ýagdaýyna gönüden-göni baglydyr.

Gaýry aktiwlerde serişdeleriň ýerleşdirilişiniň analizi bankyň şahamçasynyň, kärhanalarynyň paýnamalary, esasy serişdeleriniň ýagdaýy boýunça geçirilýär.

## 4.3. Aktiw we passiw amallaryň özara baglanyşygynyň analizi

Bank işinde täjirçilik banklarynyň balansynyň aktiw we passiw amallarynyň analizi geçirilende, olaryň biri-birine özara berk baglanyşykly hereketiniň sazlaşykly alnyp barlyşyna üns berilýär. Täjirçilik banklarynyň balansynyň aktiw we passiw maddalarynyň özara hereketi örän çylşyrymly häsiýete eýedir. Mälim bolşy ýaly, banklar passiw amallary boýunça emele gelen serişdelerini, aktiw amallarynyň üsti bilen ýerleşdirmekligi ýola goýýarlar.

*8-nji tablisa*

**Serişdeleri ýerleşdirmegiň usullary**

| **Emele geliş çeşmeleri** | | **Ýerleşdirilişi** |
|---|---|---|
| «Talap edilýänçä» goýum | | Ilkinji ätiýaçlyklar |
| Möhletli goýumlar | | Ikinji ätiýaçlyklar |
| Bankara borçlar | | Karzlar |
| Süýşürintgiler goýumy | | Gymmat bahaly kagyzlar |
| Hususy serişdeler | | Esasy serişdeler |



Şeýlelikde passiwleriň düzümindäki serişdeleri hemişe barlamak zerurlygy ýüze çykýar. Eger bu serişdeleriň çeşmeleri boýunça banka akym haýal gelýän bolsa, onda bankyň aktiw amallary boýunça alyp barýan syýasatynyň üýtgemegine öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, bankyň daşyndan çekilen serişdeleriniň bahasy ýokarlansa, karzyna ýerleşdirilýän serişdelere öz täsirini ýetirip, marža göterimi boýunça peýdanyň azalmagyna getirýär. Bank bu ýerde aktiw amallary boýunça syýasatyny üýtgedip, maliýe netijeliligini artdyrmak maksady bilen maýa goýumynyň has amatly ulgamyny gözlemeklige itergi berýär. Bankyň aktiw we passiw amallaryndaky karzlary ulanmak babatynda örän jebis arabaglanyşyk sazlaşykly saklanylmalydyr. Kähalatlarda tejribesiz bank hünärmenleri töwekgelçilikli karzlary bermeklige ýykgyn edýärler. Bu bolsa, bank tarapyndan uly töwekgelçilige ýol berlip, ony tölege ukypsyzlyk ýagdaýyna getiräýmegi-de ahmaldyr. Şu nukdaýnazardan bankyň aktiw we passiw amallarynyň arabaglanyşygyny sazlaşdyrmaklyga aşakdaky ýörelgeler mahsusdyr:

- bar bolan serişdeleriň ählisini bir görnüşli amallara ýa-da müşderileriň çäklendirilen sanyna gönükdirmeli däldir.
- daşyndan çekilen serişdeleriň aglaba bölegi gysga möhletli karz häsiýetine eýe bolsa, onda uzak möhlet üçin berilýän karzlaryň möçberi çäklendirilmelidir. Bu ýerde «bankyň altyn düzgünleri» syýasatyna laýyklykda «gysga möhletli saklanylýan depozitler uzak möhlete ulanylmaga berilmeli däldir» diýen şygar öňe sürülýär.
- gysga möhletli depozit karzlaryň hemmesini ýerleşdirmän, gündelik tölegler üçin hem saklanylmalydyr.

Diýmek, bankyň balansynyň passiw amallarynyň analizi bankyň serişdelerine gözegçiligi ýola goýmak bolsa, aktiw amallarynyň analizi serişdeleri netijeli ýerlemekligiň esasy ugurlaryny kesgitlemekligi öz içine alýar. Aktiwleriň bahalarynyň üýtgemegi boýunça töwekgelçilikleri, möhleti, düşewüntliligi boýunça toparlara bölünişine 9-njy tablisada seredeliň.

*9-njy tablisa*

| № | Aktiwler | Bahalarynyň üýtgemek töwekgelçiligi | Möhletliligi | Düşewüntliligi |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Paýnamalar | Ýokary | Uzak möhletli | Ortaça/pes |
| 2 | Obligasiýalar | Örän ýokary | | |
| 3 | Döwletiň GBK | Beýle bir ähmiýetli däl | Gysga we orta möhletli | Ýokary ortaça |
| 4 | Gozgalmaýan emläkler | Ortaça/ýokary | Uzak möhletli | Pes/ortaça |

Aktiwleriň we passiwleriň özüne düşýän gymmaty boýunça görkezijileriniň bahasynyň üýtgemegini we yzyna gaýtarylýan möhletine toparlamak arkaly analiz geçirmek, olaryň tölege ukyplylyk möhletiniň deň bolmagyny gazanmaklyga mümkinçilik döredýär. Sebäbi pul serişdeleriniň aktiw amallaryna ortaça deňeşdirme geçirilmegi bilen borçnamalaryň ortaça möhlet boýunça yzyna gaýtarylmagynyň gabat gelmekligi talap edilýär. Şu maksat bilen aktiwlerde we passiwlerde pul serişdeleriniň akymy tölegler we pul geçirmeler boýunça deňeşdirilip barlanylýar.

Karzyň ýörelgelerine gözegçilik (möhleti boýunça) etmek maksady bilen her çärýek boýunça meýilnama görkezijilerini hakyky görkezijiler bilen deňeşdirýärler. Karz aýlanyşygynyň wagty $A_t$ şu aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$A_t = \frac{G_o}{K_g} \times D,$$

bu ýerde $G_o$ – bank karzy boýunça ortaça galyndy; $K_g$ – yzyna gaýtarylan karz; $D$ – hasabat döwründäki günüň sany.

*10-njy tablisa*

**Daşyndan çekilen serişdeleriň möhleti bilen ýerleşdirilen serişdeleriň möhleti boýunça gabat gelmeginiň deňeşdirilişi**

| № | Görkezijiler | Hemmesi | Şol sanda | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | 1 aýa çenli | 1–3 aý | 3–6 aý | 6–12 aý | 1–3 ýyl | 3 ýyldan köp |
| 1 | Gysga möhletli karzlar: | 148 000 | 60 000 | 49 000 | 25 000 | 12 000 | 2 000 | – |
| 2 | Faktoring | 10 000 | – | 10 000 | – | – | – | – |
| 3 | Sarp ediş karzlary | 82 000 | 10 000 | 9 680 | 49 200 | 12 300 | 820 | – |
| 4 | Uzak möhletli karzlar | 115 000 | – | – | – | – | – | 115 000 |
| 5 | Lizing | 18 000 | – | – | – | – | – | 18 000 |
| 6 | Kassa | 25 000 | 25 000 | – | – | – | – | – |
| | **Jemi aktiwler** | **398 000** | **95 000** | **68 680** | **74 200** | **24 300** | **2 820** | **133 000** |
| 7 | Depozitler | 180 000 | 6 000 | 5 000 | 7 000 | 12 000 | 15 000 | 135 000 |
| 8 | Ilat goýumy | 49 000 | 12 500 | 4 000 | 7 500 | 20 000 | 5 000 | – |
| 9 | Beýleki banklardan alnan karzlar | 120 000 | 90 000 | 30 000 | – | – | – | – |
| 10 | Habarçy hasabyndaky müşderileriň serişdeleri | 49 000 | 49 000 | – | – | – | – | – |
| | **Jemi borçnama** | **398 000** | **157 500** | **390 00** | **14 500** | **32 000** | **20 000** | **135 000** |

Deňeşdirme analizini geçirýän täjirçilik bankymyzda aktiw we passiw amallardaky pul serişdeleri möhletleri boýunça sazlaşykly ýola goýlupdyr. Bu ýerde daşyndan çekilen serişdeleriň agramly böleginiň uzak möhletli, ýagny 3 ýyldan köp bolmagy (depozitler – 135000), serişdeleri aktiw amallar boýunça (lizing – 18000, uzak möhletli karz – 115000) ýerleşdirmeklige mümkinçilik döredýär. Gysga möhletli karz serişdeleri boýunça borçnamalar (beýleki banklardan – 120000, habarçy hasabyndaky – 49000) deň bolup, serişdeleriň gysga möhletli karz amallary boýunça ýerleşdirilişi 148000 manada deňdir. Netijede täjirçilik bankynda serişdeleriň aktiwlerde ýerlenmek möhleti, borçnamalaryň yzyna gaýtarylmaly möhletleri bilen sazlaşykly alnyp barylýar. Mundan başga-da deňeşdirme analiziniň kömegi bilen aktiw we passiw amallar boýunça pul serişdeleriniň akymynyň göterim maržasynyň girdejililiginiň hasaplanylmagyna, borçnamalaryň öz wagtynda yzyna gaýtarylmagyna hem-de karz goýumlary boýunça töwekgelçiliklere gözegçilik etmäge mümkinçilik döredýär. Bank amallary boýunça töwekgelçilikler häsiýetlendirilende, aktiw we passiw amallar boýunça özara baglanyşykly töwekgelçilikleriň emele gelmeginiň jemi baradaky maglumatlara üns berilýär.

# V BAP
# TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ HUSUSY WE DAŞYNDAN ÇEKILEN SERIŞDELERINIŇ ANALIZI

## 5.1. Bank serişdeleri barada umumy düşünjeler

Bank serişdeleri bahalandyrylanda Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülýän ýyllyk maliýe hasabatynyň «Maýadaky üýtgemeler» hasabatyň görnüşine analiz geçirmek üçin maglumat çeşmesi hökmünde ulanylýar. Täjirçilik banklarynda passiw amallar boýunça serişdeler hususy serişdeler we daşyndan çekilen serişdeler diýen iki görnüşde häsiýetlendirilýär. Bank serişdeleri passiw amallaryň esasynda emele gelýär hem-de balansyň passiw tarapynda görkezilýär. Bank serişdelerine hususy, karz we daşyndan çekilen serişdeler degişlidir. Olaryň ählisi bankyň aktiw amallaryny ýerine ýetirmeklige, ýagny girdeji almak maksady bilen serişdeleri ýerleşdirmek üçin peýdalanylýar. Mälim bolşy ýaly aktiw we passiw amallar özara içgin arabaglanyşykda bolýar. Sebäbi passiwleriň düzümi we häsiýetleri, bankyň aktiw amallaryny amala aşyrmak üçin mümkinçiliklerini kesgitleýär. Bankyň karz syýasatynyň üýtgemegi serişdeleriň häsiýetine düýpli täsirini ýetirýär. Bank serişdeleriniň emele gelmeginiň esasy çeşmesi hökmünde bank müşderileriniň goýumlary çykyş edýär. Karz edaralarynyň daşyndan çekilen serişdeleriniň analizi geçirilende maliýe hasabatynyň halkara standartlary (MHHS (IAS) 1. b. 77) boýunça ýuridiki we fiziki taraply müşderilerden daşyndan çekilen serişdeler barada maglumat berilýär. Ýöne müşderileriň maýasy banka çekilen halatynda,

olaryň goýumlaryny yzyna almak islegi dörän pursadynda, öz hususy maýasynyň hem bardygyny müşderilere subut etmelidir. Bu müşderileriň banka bolan ynamyny artdyrýar. Diýmek, bankyň hususy serişdeleriniň esasy wezipesi – bankyň goýumdarlarynyň öňündäki jogapkärçilik kepillendiriş möçberi boýunça emele gelýän borçnamalara hyzmat etmekden ybaratdyr. Hususy maýa baradaky maglumatlar MHHS (IAS) 1. b 79 hem-de hususy maýany dolandyrmak hakyndaky MHHS (IAS) 1-iň. b. 134 esasynda görkezilýär. Bank tejribesinde hususy serişdelere bankyň töleg ukyplylygynyň saklanmagyna mümkinçilik döredýän serişdeleriň ätiýaçlygy hökmünde hem garaýarlar. Hususy serişdeler banklar üçin özleriniň maddy esasyny ösdürmek boýunça wajyp çeşme bolup çykyş edýärler. Olaryň hasabyna jaýlar, maşynlar, enjamlar, hasaplaýjy tehnikalar we beýlekiler satyn alynýar. Bu harajatlary meýilleşdirmegiň gönüden – göni çeşmesi bolup, peýdanyň hasabyna döredilýän maýa toplamak gaznasy çykyş edýär. Bankyň hususy serişdeleriniň düzümine: esaslyk maýasy, ätiýaçlyk gaznasy, bankyň girdejisiniň hasabyna döredilýän beýleki gaznalar hem-de ýylyň dowamynda peýdalanylmadyk peýdasy girýär. Bankyň esaslyk maýasy bank işini gurnamagyň ilkinji ädimlerinde döreýän serişdelerdir. Bankyň guramaçylyk – hukuk görnüşlerine garamazdan, oňa gatnaşyjy fiziki we ýuridiki taraplaryň goýumlaryndan esaslyk maýasy döreýär. Bank döredilende esaslyk maýa diňe pul serişdeleriniň, esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň hasabyna döredilip, ol döredijileriň borçnamalar boýunça üpjünçiligini berkidýär. Bank tejribesinde hususy maýa netto we brutto görnüşlerde bolýar. Brutto hususy maýa – bu bankyň ähli gaznalarynyň we deňeşdirme (balans) boýunça paýlanmadyk peýdasynyň jemidir. Netto hususy maýa – bu bolsa hususy çeşmeden artyk gelen düýpleýin häsiýetli harajatlar çekilen we çekilmesi mümkin bolan zyýanlar, algylar möçberinde azaldylan brutto maýadyr. Şeýlelikde netto maýa bankda hakykatda bar bolan hususy serişdeleri aňladýar. Bank işinde hususy serişdeleriň esaslyk binýady bank maýasy işjeňligiň görkezijisi bolup, ol Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenen ykdysady kadalaşdyryjylary hasaplamaklyga esasdyr. Esaslyk maýanyň daşyndan çekilen serişdeleriň

hasabyna döredilmegine ýol berilmeýär. Bankyň esaslyk maýasy bank işinde amallar geçirilende ätiýaçlyk çeşmeleri bolup hyzmat edýär. Müdiriýetiň karary esasynda bankyň esaslyk maýasy her hasabat ýylynda sap peýdadan döreýär.

Bank maýasynyň möçberiniň ösüş depgini ýokarlandygyça, şonça-da müşderileriň banka bolan ynamy artýar, sebäbi garaşylmadyk ýagdaýlar ýüze çykan ýagdaýynda hem bankyň esaslyk maýasy töleg ukypsyzlygyň öňüni almak bilen bank töwekgelçiliginiň derejesini peseldýär. Täjirçilik banklarynda esaslyk maýanyň möçberi şeýle kesgitlenilýär:

$$1.\ \textit{Esaslyk maýa göterim tölegi} = \frac{\textit{Esaslyk maýa hakyky tölenen serişdeler}}{\textit{Esaslyk maýa hakyky tölenen geçirimler} + \textit{Esaslyk maýa hakyky tölenmedik serişdeler}} \times 100.$$

$$2.\ \textit{Esaslyk maýanyň aktiw amallaryň 1 manadyna düşýän gymmaty} = \frac{\textit{Esaslyk maýa hakyky tölenen serişdeler}}{\textit{Aktiw amallar}} \times 100.$$

$$3.\ \textit{Esaslyk maýanyň karzyň 1 manadyna düşýän gymmaty} = \frac{\textit{Esaslyk maýa hakyky tölenen serişdeler}}{\textit{Karz goýumy}} \times 100.$$

$$4.\ \textit{Esaslyk maýanyň karzyň 1 manadyna düşýän gymmaty} = \frac{\textit{Esaslyk maýa hakyky tölenen serişdeler}}{\textit{Hususy serişdeler}} \times 100.$$

$$5.\ \textit{Esaslyk maýanyň çekilen serişdeleriň 1 manadyna düşýän gymmaty} = \frac{\textit{Esaslyk maýa hakyky tölenen serişdeler}}{\textit{Daşyndan çekilen serişdeler}} \times 100.$$

Täjirçilik banklarynda ätiýaçlyk gaznalary aktiw amallardan çekilen zyýanyň öwezini dolmak üçin niýetlenendir. Ätiýaçlyk gaznasy ýylyň dowamynda geçirilen geçirimleriň hasabyna döredilýär.

Banklaryň serişdelerini artdyrmak, esasan hem, peýdanyň toplanmagy arkaly we bankyň paýnama eýeleriniň sanynyň artmagy netijesinde alnyp barylýar. Peýdanyň toplanmagy bankyň ätiýaçlyk

we beýleki gaznalarynyň ýokary depginlerde döredilmegi we olaryň soňlaýyn maýalaşdyrylmagy netijesinde amala aşyrylýar. Hasabat ýyly tamamlananda peýdanyň bellibir böleginiň göni maýalaşdyrylmagy bolup bilýär.

Täjirçilik banklarynyň daşyndan çekilen serişdeleri depozit we karz görnüşinde bolup, ol bankyň müşderileriniň öňündäki borçnamasyny emele getirýär. Bankyň daşyndan çekilen serişdelerine müşderiniň depozitleri, olaryň bank hasaplaryndaky (pensiýa, lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy) kanuna laýyklykda saklanylýan pul serişdeleri, hasaplaşyk amallary boýunça wagtlaýynça boş duran serişdeleri degişlidir.

Banklarda depozit serişdeleriniň köp bolmagy bolsa, karz serişdeleriniň maýasy bolmak bilen hojalygyň dürli ugurlary boýunça amatly ýerleşdirmegi üpjün edýär. Banklarda depozit we karz serişdeleriniň göterim aratapawudyndan peýda gazanylýar. Bankyň depozit serişdeleriniň çeşmesiniň emele gelmeginde, goýum goýýan müşderiler aktiw tarap hökmünde çykyş edýärler.

Karz alnan serişdelere bankara karzlar, wagtlaýynça bankara maliýe kömek serişdeleri we gymmat bahaly kagyzlaryň uzak möhlete karz berilmegi we ş. m. degişlidir. Karz alnan serişdeleriň çeşmeleriniň emele gelmeginiň aýratynlygy bolsa, bankyň serişdeleriniň döremeginde işewürlik görkezýändigi bilen baglanyşyklydyr.

Bankyň karzyna alan we daşyndan çekilen serişdeleriniň möçberiniň balansdaky jemi bankyň borçnamasyny kesgitleýär. Bank borçnamasy – bu serişdeleriň banka degişli däldigine garamazdan, şol bankyň aýlanyşygyna gatnaşyp, aktiw amallaryny ýerine ýetirmek üçin çeşme bolup hyzmat edýär. Bank borçnamalary: a) gündelik we b) gaýry borçnamalara bölünýär.

a) *gündelik borçnamalara* banklaryň öňündäki borçnamasy, goýumçylaryň we müşderileriň öňündäki borçnamasy, tölenilmedik diwidentler, tölenilmedik salgytlar we ş. m. degişlidir.

b) *gaýry borçnamalara* gündelik borçnama häsiýetine eýe bolmadyk passiwler, pensiýa we ätiýaçlyk gaznalary, şübheli algylary ýapmak üçin ätiýaçlyklar degişlidir.

## 5.2. Bankyň hususy we daşyndan çekilen serişdeleriniň düzüminiň analizi

Bankyň hususy we daşyndan çekilen serişdeleriniň analizi geçirilende, bu serişdeleriň passiwlerde emele geliş çeşmeleri öwrenilip, olary aktiwlerde ýerleşdirmek bilen baglanyşykly harajatlaryny anyklamak göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da analiziň dowamynda karzlaşdyrmak üçin «arzan serişdeleri» banka çekmek, daşyndan çekilen serişdeleri öz wagtynda yzyna gaýtarmak, borçnamalar boýunça bankyň tölege ukyplylygyny gazanmak, düşewüntliligini ýokarlandyrmak, hususy we daşyndan çekilen serişdeler boýunça geljek döwre meýilnamalary işläp düzmek üçin oňaýly we oňaýsyz faktorlaryň täsirleri içgin öwrenilýär. Banklarda passiw amallaryň netijesinde emele gelen pul serişdeleriniň çeşmeleriniň akymyna analiz geçirilende, bu serişdeleri aktiwlerde ýerleşdirmek bilen baglanyşykly meselelere üns berilýär. Bankyň serişdeleri hususy serişdeler we daşyndan çekilen serişdeler hökmünde öwrenilýär. Hasabat döwri boýunça ykdysady analiz işlerinde daşyndan çekilen serişdeleriň düzümi bahalandyrylanda, olaryň banka goýum ýa-da karz görnüşinde çekilendigi gyzyklandyrýar. Diýmek, hususy we daşyndan çekilen serişdeleriň düzümine ykdysady analiz geçirmek üçin serişdeleriň her birini aýratynlykda içgin öwrenmek möhüm ähmiýete eýedir. Bankyň hususy serişdeleriniň düzümine ykdysady analiz geçirmek birnäçe wezipeleri öz içine alýar:

- Bankyň hususy serişdeleriniň ýagdaýyny anyklamak;
- Hususy serişdeleriň düzüminiň üýtgemegini bahalandyrmak;
- Bankyň hususy serişdelerini netijeli ulanmagyň esasynda, balansyň likwidliligini we bankyň girdejisiniň ösüşini kesgitlemek.

Bank işiniň analizinde, onuň hususy serişdelerine ykdysady analiz geçirmek, aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu ýerde bankyň esaslyk maýasynyň hasabat döwründäki ösüş derejesi ($Ö_d$) kesgitlenilýär:

$$Ö_d = \frac{\textit{Esaslyk maýanyň hasabat döwründäki möçberi}}{\textit{Esaslyk maýanyň başdaky galyndysy}}.$$

Mundan başga-da, esaslyk maýanyň jemindäki hususy serişdeleriň we çekilen serişdeleriň möçberi esasy görkeziji bolup hereket edýär:

$$H_s = \frac{Esaslyk\ maýa}{Hususy\ serişdeleriň\ möçberi};$$

$$Ç_s = \frac{Esaslyk\ maýa}{Daşyndan\ çekilen\ serişdeleriň\ möçberi}.$$

Täjirçilik banklarynyň hususy serişdeleriniň düzümine analiz geçirilende, onuň düzümindäki her bir üýtgemeleri bahalandyrmak arkaly amala aşyrylýar.

*11-nji tablisa*

| № | Maddalaryň atlary | 01.01.2013 ý. | | 01.01.2014 ý. | | Döwürde üýtgemegi |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | müň man | Jemi, % | müň man | Jemi% | |
| 1 | Esaslyk maýa | 1000.0 | 25.0 | 2000.0 | 36.0 | 200.0 |
| 2 | Ätiýaçlyk gaznasy | 82.0 | 2 | 100 | 1.8 | 121.9 |
| 3 | Ýörite gazna | 12.1 | 0.3 | 27.6 | 0.5 | 22.8 |
| 4 | Esasy serişdeleriň könelmesi | 8.1 | 0.2 | 9.4 | 0.2 | 116.1 |
| 5 | Sarp ediş gaznasy | 265.5 | 6.7 | 379.1 | 6.8 | 142.8 |
| 6 | Sarp ediş gaznasyndan banky ösdürmäge gönükdirileni | 3.6 | 0.1 | 3.6 | 0.1 | 100.0 |
| 7 | Hasabat ýylynyň peýdasy | 2609.6 | 65.4 | 3025.4 | 54.4 | 115.9 |
| 8 | Geçen ýylyň peýdasy | – | – | – | – | – |
| 9 | Karzlardan bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlygy | 11.2 | 0.3 | 13.9 | 0.2 | 124.1 |

Tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly bankyň hususy serişdeleriniň düzüminde bankyň peýdasynyň paýy (65.4, 54.4%) beýleki çeşmeleriň paýy (dürli gaznalar) 34.6 we 45.6%-e deňdir. Analiz geçirilýän döwründe hususy serişdeleriň düzüminde peýdanyň paýynyň peselmeginiň sebäbini esaslyk maýanyň möçberiniň artýandygy bilen düşündirmek bolar. Analiz geçirilýän bankda hasabat ýylynda dürli gaznalar 45.6%-e çenli şol sanda: peýdanyň hasabyna ätiýaçlyk gaznasy we ýörite maksatly gaznasynyň möçberi artan bolsa, beýleki gaznalaryň artmagy, esasan hem, ýörite maksatly gaznalaryň esasy serişdelere gaýtadan baha kesmek netijesinde, emele gelýän gaznalar esasy serişdeleriň düzüminiň üýtgemegi, esasy serişdeleriň düzüminiň hümmetsizlenmesiniň ösüş depgini bilen baglanyşykly esasy serişdeleriň düzüminiň üýtgemegini häsiýetlendirýär.

Bankyň hususy serişdeleriniň ösüş depgini bank işiniň hiliniň gowulygyny aňlatmaýar. Eger-de paýdarlar bankyň esaslyk maýasyny emele getirmek üçin aksiýany nominal bahadan gymmat satan bolsa, onda ýörite gaznalaryň düzüminde bankyň «goşmaça hususy serişdeleri» diýip hasaplanylýar. Şonuň üçin analiz geçirilende ýörite gaznalaryň hersi boýunça aýratynlykda aýdyňlaşdyrmalydyr.

Analiz geçirilýän bankda ýylyň dowamynda esaslyk maýanyň absolýut bahasy iki esse ýokarlanypdyr, onuň hususy serişdeleriniň jemindäki paýy bolsa 25%-den 36%-e çenli artypdyr. Bu bolsa bankyň işiniň oňaýly alnyp barylmagy netijesinde artandygyny aňladýar.

Karz töwekgelçiligini ýapmak üçin hususy serişdeleriniň düzümindäki paýynyň 24,1% artmagy uly ähmiýete eýe däldir. Sebäbi ätiýaçlyklaryň ýeterlikdigini doly bahalandyrmak üçin aktiwleriň hilini öwrenmek zerurdyr. Şeýlelikde bankyň hususy serişdeleriniň düzüminde bankyň peýdasynyň paýynyň möhüm ähmiýetiniň bardygyny analiziň netijesi görkezýär. Bu bolsa, bankyň işiniň ahyrky netijesinde peýdanyň paýynyň esasy serişdeleriniň düzüminde köpdügini aňladýar. Başga bank üçin oňaýsyz ýagdaýlarda girdeji gelmegi bilen hususy serişdeleriň paýynyň pese düşmegi hem ahmaldyr. Şonuň

üçin bankyň maliýe taýdan durnuklylygyny üpjün etmek üçin hususy serişdeleriň bellibir bölegini esaslyk maýa we ätiýaçyk gaznasyna geçirmelidir. Bankyň hususy serişdeleriniň esasy wezipesi bankyň goýumdarlarynyň öňündäki borçlaryna hyzmat etmekden ybaratdyr. Bank tejribesinde hususy serişdelere bankyň tölege ukyplylygynyň saklanmagyna mümkinçilik döredýän serişdeleriň ätiýaçlygy hökmünde hem garaýarlar. Hususy serişdeler banklaryň maddy esasyny ösdürmekde wajyp çeşme bolup, olaryň hasabyna jaýlar, maşynlar, enjamlar hasaplaýjy tehnikalar we beýlekiler alynýar. Bu harajatlary maliýeleşdirmegiň gönüden-göni çeşmesi hökmünde peýdanyň hasabyna döredilýän maýa toplaýyş gaznasy çykyş edýär. Bankyň daşyndan çekilen serişdeleriniň düzümine şu aşakdakylar degişlidir:

- möhletli we «Talap edilýänçä» depozitler;
- hasaplaşyk hasaplaryndaky serişdeler;
- ýuridiki we fiziki taraplara gymmat bahaly kagyzlary satmakdan gelen serişdeler;
- beýleki banklardan alnan karzlar.

Banklarda daşyndan çekilen serişdeleriň maliýe analizi geçirilende, olary hil we san taýdan bahalandyrmak zerurdyr. Daşyndan çekilen serişdeleriň jeminiň ösmegi bankdaky depozit serişdeleriň agramynyň artýandygyna şaýatlyk edýär we onuň hil taýdan düzümini barlamaklykdygyny ýüze çykarýar.

Banklarda müşderileriň uzak möhletleýin depozit serişdeleriniň paýynyň artdygyça, onuň bankara karzyna bolan garaşlylygy peselip, balansynyň likwidliligine oňaýly täsir edýär. Bank borçnamalaryna depozit hasaplaryndaky goýumlaryň subýektleri we möhletleri boýunça analiz geçirilýär. Mysal üçin, daşyndan çekilen serişdeler möhletleri boýunça gysga möhletli, orta möhletli, uzak möhletli bolýar. Subýektleri boýunça bolsa fiziki, ýuridiki (kärhanalar, edaralar), býujet edaralaryndan we ş.m. çekilýär.

*12-nji tablisa*

**Täjirçilik banklarynyň daşyndan çekilen serişdeleriniň düzüminiň analizi**

| № | Serişdeleriň düzümi | 01.01.13. | | 01.01.14. | | Döwürleýin üýtgemeler |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | müň man | Jemi, % | müň man | Jemi, % | Jemi, % |
| 1 | «Talap edilýänçä» depozitler | 2919.1 | 17,1 | 2296.3 | 10,1 | 78,6 |
| 2 | Mönletli depozitler | 768.4 | 4,5 | 1381.4 | 6,1 | 179.7 |
| 3 | Ilat goýumlary | 181.4 | 1,1 | 384.7 | 1,8 | 212 |
| 4 | Bankara karzy | 13244.3 | 77,3 | 18453.0 | 82 | 139.3 |
| | **Jemi:** | **17113.2** | **100** | **22515.4** | **100** | |

Bankyň daşyndan çekilen serişdeleriniň düzümine analiz geçirilmegi onuň ykdysadyýetiň haýsy pudagyna degişlidigini we serişdeleriň aglaba böleginiň haýsy möhlete çenli ulanyp boljakdygyny anyklamaklyga mümkinçilik döredýär. Analiz geçirilýän bankda daşyndan çekilen serişdeleriň möçberi 2013-nji ýylda 17113.2 bolandygyndan, 2014-nji ýylda 22515,4 manada çenli artyp, 31.5% ösüşe eýe bolupdyr. 12-nji tablisadaky maglumatlara görä, çekilen serişdeleriň düzüminde bankara karzlarynyň paýy 2013-nji ýyl bilen deňeşdirilende 4,6%; möhletli depozitleriň paýy 1,6%, ilat goýumlary geçen ýyldakydan 0,2% artypdyr. Umuman bankyň çekilen serişdeleriniň udel agramy geçen ýylyň görkezijileri bilen deňeşdirilende artypdyr, bu bolsa bankyň depozit binýadynyň durnuklylygyny berkidýär. Daşyndan çekilen serişdeleriň düzüminiň analizi geçirilýän bankda, bankara karzlaryndaky pul serişdelere bolan garaşlylygyny açyp görkezýär. Bu bolsa, bankyň ýuridiki taraply müşderileriniň ýokdugyny, şonuň üçin hem aktiw amallary geçirmäge depozit serişdeleriniň ýeterlik däldigini görkezýär. Analiz geçirýän bankymyz durnukly maliýe ýagdaýyny dolandyryp, öz işini üstünlikli ýola goýmak üçin edara-

5. Sargyt №2973.

-kärhanalary, eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişli müşderileri banka çekmegi kämilleşdirmelidir. Banklarda müşderileriň depozitleri näçe köp bolsa, şönça-da çekilen serişdeleriň düzümi ýokary hilli diýip hasaplanylýar.

## 5.3. Daşyndan çekilen karz serişdeleriniň netijeliligini bahalandyrmak

Täjirçilik banklarynda daşyndan çekilen serişdeleriň düzümine maliýe analiz geçirilende, olaryň netijeli ulanylyşy bahalandyrylýar.

$$N_{ç} = \frac{\text{Daşyndan çekilen serişdeleriň jemi}}{\text{karz goýumlaryň jemi}} \times 100,$$

bu ýerde $N_{ç}$ = çekilen serişdeleriň netijeliligi.

Bu görkezijiler bankyň karz goýumynyň 1 manadyna düşýän çekilen serişdeleriň möçberini häsiýetlendirýär. Bu bolsa daşyndan çekilen serişdeleriň hasabyna karz goýumynyň jemini göterimde kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Eger onuň ähmiýeti mysal üçin, 75%-e deň bolsa, onda bu daşyndan çekilen serişdeleriň ýerlikli ulanylmandygyny aňladýar. Bellemeli zatlaryň biri hem görkezijileriň (depozit bukjasynyň emele geliş ösüş derejesiniň, karzlaşdyrma amallaryndan öňe düşen halatynda) ähmiýetiniň 100%-den köp bolmagy hem ahmaldyr.

Banklaryň daşyndan çekilen serişdeleriniň möçberiniň karzlaşdyrylýan serişdelerden agdyk bolan halatynda, olar çekilen serişdeleri diňe karzlaşdyrma maksatlary üçin däl-de eýsem, beýleki bank aktiwlerine we bank harajatlaryny ýapmaklyga ulanýarlar.

Bankyň umumy borçnamalarynyň jemine ($B_j$) analiz geçirilende, çekilen we karz serişdeleriniň hersi boýunça aýratynlykda udel agramy anyklanylyp, olaryň bankyň balansynyň walýutasynyň emele gelmegindäki paýy kesgitlenilýär:

$$B_j = \frac{\text{Umumy borçnamalaryň jemi}}{\text{Balansyň walýutasy}} \times 100.$$

Daşyndan çekilen karz serişdeleriniň netijelligini bahalandyrmak üçin ilki bilen gymmat bahaly kagyzlardaky (aksiýa, obligasiýa, wek-

sel), hasaplaşyk, gündelik we depozit hasaplaryndaky alnan bankara serişdeleriniň bahasyny kesgitlemek zerurdyr. Serişdeleriň bahasy ($S_b$) göterimde görkezilip, şu formula arkaly kesgitlenilýär:

$$S_b = \frac{\textit{Satyn almak üçin harajatlar}}{\textit{Ortaça ýyllyk galyndylar (çärýekleýin)}} \times 100.$$

Analiz geçirmeklik üçin çekilen serişdeleriň bahasy baradaky maglumatlar 13-nji tablisada berlendir.

*13-nji tablisa*

| № | Serişdeler | 2013 ý. ortaça ýyllyk galyndy, müň man | Bahasy | | 2014 ý. ortaça ýyllyk galyndy, müň man | Bahasy | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | müň man | %-de | | müň man | %-de |
| 1 | «Talap edilýänçä» depozitler | 2920 | 43.8 | 1.5 | 2760 | 56.2 | 2.0 |
| 2 | Möhletli goýum | 715 | 572.5 | 80 | 820 | 656.0 | 80.0 |
| 3 | Ilat goýumlary | 150 | 135.0 | 90 | 370 | 296.0 | 80.0 |
| 4 | Aragatnaşyk hasabyndaky serişdeler | 200 | 40.0 | 20 | 360 | 72.0 | 20.0 |
| 5 | Bankara karzy | 12000 | 2160.0 | 18 | 13000 | 2535.0 | 19,5 |
| | **Jemi:** | **15985** | **2951,3** | | **17310** | **3615.2** | |

Analiz geçirilýän bankda geçen ýylda daşyndan çekilen serişdeleriň ortaça galyndysynyň umumy jeminde bankara karzynyň paýy (12 000 müň manat) 2013-nji ýylda 12 000/15 985∗100 = 75%-e deň, galan 3 985/15 985∗100 = 25%-i bolsa (3 985 müň manat) goýlan we «Talap edilýänçä» goýumlaryň paýyna düşýär. Hasabat ýylynyň (2014 ý.) maglumatlaryny geçen (2013 ý.) döwrüň maglumatlary bilen deňeşdirmek usuly arkaly, bankyň daşyndan çekilen serişdeleri boýunça syýasaty netijesinde 2014-nji ýylda daşyndan çekilen serişdeleriň ortaça galyndysynyň umumy jemi 17310 müň manat bolup, onuň aglaba böleginiň (13 000 müň manat) bankara karzynyň paýyna düşýändigini anyklamak bolýar.

*14-nji tablisa*

**Çekilen serişdeleriň bahasynyň üýtgemegi (%-de)**

| № | Görkezijiler | 2013 ý. | 2014 ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | «Talap edilýänçä» goýum | 18 | 16 |
| 2 | Möhletli goýum | 4,5 | 4,8 |
| 3 | Ilat goýumlary | 0.93 | 2,1 |
| 4 | Aragatnaşyk hasabyndaky serişdeler | 1,2 | 2 |
| 5 | Bankara karzy | 75 | 75 |
|  | **Jemi:** | **100** | **100** |

Täjirçilik banky geçen (2013 ý.) we hasabat (2014 ý.) ýyllarynda daşyndan çekilen serişdeler boýunça syýasatyny üýtgetmändir. Bu bolsa, bankara karzynyň ortaça ýyllyk galyndysynyň möçberiniň örän ýokary bolmagyna täsir edipdir. 14-nji tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly bank karzlarynyň bahasy beýleki serişdelerden has ýokarydyr. Şeýlelik-de analiz geçirilýän bankda daşyndan çekilen serişdeler boýunça syýasatyny üýtgedip, möhletli goýumlaryny hem-de hasaplaşyk hasabyndaky serişdeleriniň möçberini artdyrmaga, gymmat bahaly kagyzlar boýunça goýumlara üns bermekligi ýola goýmasa, aktiwleri ýerleşdirmekde meseleleriň ýüze çykmagy ahmaldyr.

Daşyndan çekilen bankara karzlaryny esaslandyryp, bahalandyrmak üçin bank karzynyň bazardaky aluw-satuw bahasyny deňeşdirmelidir. Eger karzyna çekilýän serişdeler bazardaky ýerleşdirmek nyrhyndan agdyk bolsa, onuň netijeliligi pes bolýar. Tersine ýerleşdirmek nyrhy ýokary bolsa, onda bankyň bellibir möçberde peýda gazanmagyna itergi berýär.

Daşyndan çekilen bankara karzynyň netijelligi dürli görnüşlerde bolup, onuň nyrhyna we möhletine baglydyr.

Banklar daşyndan çekilen serişdelerine Türkmenistanyň Merkezi bankynyň merkezleşdirilen karzy, gaýtadan malliýeleşdirmek karzy, lombard karzy boýunça nyrhlary kesgitläp analiz geçirýär. Banklar öz serişdelerini sazlaşdyrmak üçin her gün hasaplaşyk töleg balansyny düzüp, garaşylýan serişdeleriň gelmegini (karzlaryň gaý-

tarylmagy) we zerur borçnamalar boýunça jemleri deňeşdirýärler. Hasaplaşyk töleg balansynda öňaýsyz galyndy emele gelse, onda bankyň goşmaça karz serişdeleriniň (karzlaryny almaklygy ýüze çykýar) kredit galyndy köpelen bolsa, ony ýerleşdirmekligi gurnamak zerurlygy emele gelýär.

*15-nji tablisa*

**Hasaplaşyk töleg balansy**

| **Serişdeleriň gelmegi** | | **Bankyň bergi borçnamalary boýunça tölegler** | |
|---|---|---|---|
| **Töleg gelýän çeşmeler** | **Jemi (müň man)** | **Tölegiň ugrukdyrylmagy** | **Jemi (müň man)** |
| Karzyň gaýtarylmagy, şol sanda banklar | 400.0 | Möhletli goýumyň ulanylmagy boýunça bergi | 30.0 |
| GBK boýunça serişdeleriň gelmegi | 52.0 | Bankara karzynyň gaýtarylmagy | 70.0 |
| GBK-nyň satuwyndan gelen serişdeler | 48.0 | Bankyň wekseller sertifikatlary boýunça töleg geçirmegi | 13.0 |
| Gaýry serişdeleriň gelmegi | 10.0 | Gaýry serişdelere tölegler | 2.0 |
| **Jemi** | **510.0** | | **115.0** |

Hasaplaşyk töleg balansyndaky geçirilen hasaplamada (510 – 115) = 395 müň manat. Diýmek, bu ýerde 395.0 müň manat serişde bar. Passiwlerdäki serişdeleri bankara karzyna hödürlemek ýa-da beýleki aktiwlere ýerleşdirmek bolar.

Bankara karzlarynyň ulanylyşynyň netijelligini ( $N_k$) bahalandyrmak üçin bellibir döwre berlen karz girdejisiniň koeffisiýenti aşakdaky formula arkaly tapylýar:

$$N_k = \frac{\textit{Bankara karzlar boýunça ýyllyk girdeji}}{\textit{Bankara karzlaryň ortaça galyndysy}}$$

# VI BAP
# BANK KARZLAŞDYRMASYNYŇ ANALIZI

## 6.1. Bank karzlary barada umumy düşünjeler

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde karzyň esasy görnüşi hökmünde bank karzlary çykyş edýär. Bank karzlary – bu şertnama esasynda wagtlaýynça ulanmak üçin ýuridiki we fiziki tarap bolan karz alyjylara bank edaralary tarapyndan pul serişdeleri görnüşinde berilýär. Bank bilen müşderiniň arasynda baglaşylýan karz şertnamasynda, onuň ulanmaly möhleti, töleginiň möçberi, gönükdirilen maksady, karz üzülýänçä üpjünçiligi, tutuşlygyna ýa-da bölekleýin yzyna gaýtarylmagy baradaky meselelere seredilýär. Bank karzlaryny sarp edijiler (karz alyjylaryň) düzümi boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

1. *Sarp ediş karzlary* karzy sarp ediş maksatlaryna (hojalyk harytlary, maşyn, tehniki enjamlar we ş. m.) harytlary satyn almak üçin gönükdirilip, bankda müşderileriň her birine şahsy karz hasaby açylýar.
2. *Senagat karzy* senagat kärhanalarynyň önümçiligine düýpli maýa goýum goýmak üçin banklar tarapyndan berilýän karzlardyr.
3. *Oba hojalyk karzy* banklar tarapyndan oba hojalygynyň işi boýunça önümçiligi maliýeleşdirmek üçin berilýän karzlardyr;

4. *Halkara karzlary* bir ýurduň çäginde ýerleşýän bank edaralarynyň, beýleki bir ýurtda ýerleşýän banklaryň üsti bilen berýän halkara derejesindäki karzlarydyr.
5. *Lizing karzlary* uzak möhletli karzlara degişli bolup, müşderiniň emlägi kärendesine berýän edara – öndürijiden enjamy satyn almak hem-de kärendesine bermek bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklaryna berilýän karzlardyr.
6. *Faktoring karzlary* gysga möhletli karzlara degişli bolup, bank tarapyndan haryt ugradyjydan ýa-da hyzmat edijiden töleg talapnamasynyň satyn alynmagydyr;
7. *Lombard karzlar* karzyň üpjünçiligi hökmünde gymmat bahaly kagyzlary girewine goýmak arkaly berilýän karzlardyr.

Karzyň bazar bahasy – bu Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan gurnalýan auksionda karzlaryň dürli görnüşleri boýunça, karz serişdelerine islegiň we hödüriň netijesinde bazarda şol pursatda döreýän nyrhdyr.

Bank karzyny bermek üçin serişdeler bankyň ygtyýarynda durýan we karzlaşdyrmak maksatly ulanylýan pul serişdeleriniň jemidir. Karz serişdeleriniň çeşmeleri hökmünde bankyň öz serişdeleri; ýuridiki we fiziki taraplardan çekilen pul serişdeleri; beýleki banklardan alnan karz serişdeler ulanylýar.

Bank karzlary pul serişdeleriniň nagt we nagt däl görnüşlerinde berilýär. Karzlaşdyrmagyň usulyna baglylykda karz serişdesi berlende baýrakly we tölegli görnüşlere bölünýär. Baýrakly karz berlen ýagdaýynda karz serişdesi karz alyjynyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär. Tölegli ýagdaýda bolsa, bank karzy karz alyja karz çäresi boýunça tölegi töläp geçirýän hasaplaşyk-pul resminamalarynyň tölegine gönüden-göni gönükdirilýär.

Häzirki döwürde bank tejribesinde berilýän karzlar möhletlerine baglylykda: gysga möhletli bir ýyla çenli, uzak möhletli karzlar bolsa bir ýyldan köp möhleti öz içine alýar. Müşderiler tutuşlaýyn we bölekleýin usullar arkaly karzy yzyna gaýtarýarlar. Karzyň esasy bergisi bölekleýin üzülende bank hünärmenleri tarapyndan esasy bergini we karzyň göterimini tölemegiň tertibi hasaplanýar.

## 6.2. Bank karzlaşdyrmasynyň usullary we göterim derejesi

Bank karzlaşdyrmasynyň usullary karzlaşdyrmagyň ýörelgelerine laýyklykda karzlary bermekligiň we üzmekligiň bellenen tertibidir. Täjirçilik banklarynda karz bermekligiň tertibi karz şertnamasy esasynda amala aşyrylýar. Karz şertnamasy – bu bank tarapyndan ýazmaça görnüşinde müşderi bilen baglaşylýan raýat-hukuk ykdysady gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan resminamadyr. Bu resminama laýyklykda banklar karz alyjy müşderä pul serişdelerini göz öňünde tutulan şertlerde bermäge, karz alyjy bolsa karzyna alan pul serişdelerini yzyna gaýtarmaklyga hem-de bellenilen möhletde karzyň göterimini tölemeklige borçlanýar. Mundan başga-da karz şertnamasynda taraplaryň ady, karzyň möçberi, karzy ulanmagyň maksady, karzy peýdalanmak üçin göterimiň möçberi, karzy yzyna gaýtarmagyň we göterimleri tölemegiň möhleti, karz şertnamasyndaky taraplaryň borçnamalary hem-de taraplar hakyndaky maglumatlar göz öňünde tutulmalydyr. Türkmenistanyň çäginde hereket edýän täjirçilik banklarynda karzlaşdyrmagyň birnäçe usullary hereket edýär:

1. Dolanyşyk boýunça karzlaşdyrmak;
2. Galyndy boýunça karzlaşdyrmak;
3. Dolanyşyk-galyndy boýunça karzlaşdyrmak;
4. Karzlaryň bir gezeklik berilmegi boýunça karzlaşdyrmak;
5. Karz ugurlaryny açmak boýunça karzlaşdyrmak.

Olara aýry-aýrylykda seredeliň:

1. Dolanyşyk boýunça karzlaşdyrmak usuly karz serişdeleriniň dynuwsyz hereketini üpjün edýär. Karz serişdesi karzlaşdyrylýan obýektiň dolanyşygynyň soňundan gelip, müşderiniň dolanyşykdaky pul serişdeleri hasabyna gelip gowuşýança öz harajatlaryny ýapmak üçin gerek bolýar. Karzyň möçberi oňa bolan islegiň artmagy bilen ýokarlanýar we peselmegine laýyklykda üzülýär.
2. Galyndy boýunça karzlaşdyrmak usuly – karz serişdesi isleg döredýän maddy-haryt gymmatlyklarynyň we harajatlaryň galyndysy bilen baglanyşykly bolýar. Mysal üçin, müşderi

özüne zerur bolan gymmatlyklary hususy maliýe çeşmeleriniň hasabyna satyn alyp, diňe şondan soň karz üpjünçiligi üçin banka ýüz tutup, öz çykaran harajatlarynyň öwezini doldurýar. Karzlaşdyrmagyň bu usulynda pul serişdesi geljekki harajatlaryň tölegi sebäpli däl-de maddy-haryt galyndylary üçin berilýär.

3. Dolanyşyk – galyndy boýunça karzlaşdyrmak usuly boýunça sazlaşdyrmagyň birinji basgançagynda karza bolan islegiň döremegi netijesinde berilýär, ikinji basgançakda bolsa, berk kesgitlenilen möhletlerde (müşderiniň bankyň öňündäki möhletli borçlarynyň galyndylary esasynda) üzülýär.
4. Karzlaryň bir gezeklik berilmegi boýunça karzlaşdyrmak usulynda karz bellibir maksada gönükdirilip, pul serişdeleri bilen üpjün etmeklige berilýär.
5. Karzlaşdyrmagyň bu görnüşine karz ugry diýilýär. Karz ugry – bu bankyň karz alyjynyň öňündäki hukuk taýdan resmileşdirilen borçnamasy, oňa laýyklykda bank bellibir döwrüň dowamynda karz alyja ylalyşylan möçberiň çäklerinde karz bermeklige borçlanýar.

Göterim derejesi-bu karzyna berlen pul serişdeleriniň bahasydyr. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda karzlar boýunça göterimler, olaryň karzy hakyky ulanan wagty boýunça hasaplanylýar.

$$Kg = \frac{Karz\ möçberi \times göterim\ derejesi}{365} \times Ulanylan\ wagty.$$

**KARZ BOÝUNÇA TÖLEGLERIŇ AÝLYK TERTIBI**

| | |
|---|---|
| Karzyň berlen senesi: | |
| Karzyň möçberi | 4000 |
| Adaty göterimi | 18% |
| Gijikdirme göterimi | |
| Ýeňillikli döwri (aý) | 23% |
| Karzyň möhleti (aý) | 18 aý |
| Karzyň aýlyk tölegi | 222 |

*16-njy tablisa*

| Tölegleriň sany | Karzyň ulanylýan möhleti | | Başlangyç balansy | Göterim tölegleri | Gaýtarylmaly karz | Aýlyk tölegiň jemi | Ahyrky balans |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 20.11.09 | 20.12.09 | 4000.00 | 60.00 | 222.22 | 282.22 | 3777.78 |
| 2 | 20.12.09 | 20.01.10 | 3777.78 | 56.67 | 222.22 | 278.89 | 3555.56 |
| 3 | 20.01.10 | 20.02.10 | 3555.56 | 53.33 | 222.22 | 275.56 | 3333.33 |
| 4 | 20.02.10 | 20.03.10 | 3333.33 | 50.00 | 222.22 | 272.22 | 3111.11 |
| 5 | 20.03.10 | 20.04.10 | 3111.11 | 46.67 | 222.22 | 268.89 | 288.89 |
| 6 | 20.04.10 | 20.05.10 | 2888.89 | 43.33 | 222.22 | 265.56 | 2666.67 |
| 7 | 20.05.10 | 20.06.10 | 2666.67 | 40.00 | 222.22 | 262.22 | 2444.44 |
| 8 | 20.06.10 | 20.07.10 | 2444.44 | 36.67 | 222.22 | 258.89 | 2222.22 |
| 9 | 20.07.10 | 20.08.10 | 2222.22 | 33.33 | 222.22 | 255.56 | 2000.00 |
| 10 | 20.08.10 | 20.09.10 | 2000.00 | 30.00 | 222.22 | 252.22 | 1777.78 |
| 11 | 20.09.10 | 20.10.10 | 1777.78 | 26.67 | 222.22 | 248.89 | 1555.56 |
| 12 | 20.10.10 | 20.11.10 | 1555.56 | 23.33 | 222.22 | 245.56 | 1333.33 |
| 13 | 20.11.10 | 20.12.10 | 1333.33 | 20.00 | 222.22 | 242.22 | 1111.11 |
| 14 | 20.12.10 | 20.01.11 | 1111.11 | 16.67 | 222.22 | 238.89 | 888.89 |
| 15 | 20.01.11 | 20.02.11 | 888.89 | 13.33 | 222.22 | 235.56 | 666.67 |
| 16 | 20.02.11 | 20.03.11 | 666.67 | 10.00 | 222.22 | 232.22 | 444.44 |
| 17 | 20.03.11 | 20.04.11 | 444.44 | 6.67 | 222.22 | 228.89 | 222.22 |
| 18 | 20.04.11 | 20.05.11 | 222.22 | 3.33 | 222.26 | 225.56 | 0.00 |
| **JEMI TÖLEGLER** | | | | **570** | **4.000** | **4.570** | |

Karzy peýdalanmak üçin göterimiň derejesini täjirçilik banklary özbaşdak belleýär. Müşderilere berlen karzlar üçin şertnamada görkezilen nyrha laýyklykda tölegleriň aýlyk tertibi boýunça göterimler hasaplanylýar.

## 6.3. Müşderiniň karza ukyplylygynyň analizi

Bank edaralaryndan karz serişdeleri ýerleşdirilende müşderileriň karza ukyplylygyny bahalandyrmak möhüm ähmiýete eýedir. Karz töwekgelçiligini peseltmek maksady bilen karz ýerleşdiren pur-

sadyndan başlap, karz yzyna doly gaýtarylýança bank hunärmenleri tarapyndan müşderileriň maliýe ýagdaýlaryna analiz işleri yzygiderli geçirilmelidir. Müşderiniň karz ukyplylygy karz alyjynyň maliýe ýagdaýynyň görkezijilerine bankyň baha bermegi netijesinde berlen karzyň esasy bergisini we göterimini yzyna gaýtarmak boýunça tölege ukyplylygyny häsiýetlendirýär. Müşderiniň tölege ukyplylygy-fiziki we ýuridiki taraplaryň öz bergi – borçlary boýunça (esasy bergi we olara goýlan goýumlar) töleglerini öz wagtynda we doly tölemek mümkinçiliginiň barlygydyr. Müşderiniň karza ukyplylygynyň kesgitleýji görkezijisi bolup, karz alyjynyň ykdysady ýagdaýy, ygtybarlylygy we maliýe serişdeleriniň hereketleri bilen kesgitlenen karzlaşdyrma derejesi (reýtingi) çykyş edýär. Karza ukyplylygy kesgitlemek üçin kärhanalaryň çärýekleýin balansy we onuň goşundylaryna, müşderiniň taryhyna esaslanylýar.

Karza ukyplylygyň derejesiniň kesgitleýjisi hökmünde ykdysady koeffisiýentiň we pul akymynyň analizi peýdalanylýar.

Pul akymynyň analizi bankyň müşderileriniň karza ukyplylygy bahalandyrylanda ulanylýan usullaryň biridir. Bu usulda kärhananyň hakyky görkezijileri esasynda hasabat döwrüne serişdeleriniň dolanyşygy häsiýetlendirilýär. Kärhananyň karza ukyplylygy ykdysady koeffisiýentler ulgamy arkaly kesgitlenilende *(17-nji tablisa)* ykdysady görkezijileriň hasabat döwründäki galyndylary alynýar. Pul akymynyň analiziniň netijesinde pul akymynyň gelmegi we gitmegi düýpli öwrenilýär. Pul akymynyň gelmeginiň elementlerine hasabat döwründe gazanylan peýda; hasabat döwründe hasaplanylan amortizasiýa tölegi; boşadylan serişdeler: a) ätiýaçlyklardan; b) debitor algylardan; ç)esasy gorlardan; d) gaýry aktiwlerden gelmegi degişlidir.

Pul akymynyň gitmeginiň elementlerine bolsa tölegler boýunça: salgytlar; göterimler; diwidentler; jerimeler degişlidir. Pul serişdeleriniň goşmaça ýerleşdirilmegine: ätiýaçlyklara; debitor algylara; gaýry aktiwlere; esasy gorlara; kreditor bergileriň azaldylmagyna; gaýry passiwleriň azaldylmagyna; karzy yzyna gaýtarmak üçin gitmegi degişlidir.

*17-nji tablisa*

| Koeffisiýentiň ady | Hasaplanylyşy | Kesgitlemesi | Kadasy |
|---|---|---|---|
| 1. Hususy dolanyşyk serişdeleri bilen üpjünçiligiň gatnaşygy | $\frac{\textit{hususy ser.} - ES - \textit{zyýan}}{\textit{ätiýaçl. harajat we algylar}}$ | Dolanyşyk serişdeleriniň näçe %-ni hususy dolanyşyk serişdeleriniň tutýandygyny görkezýär | 0.5-den ýokary, I klasa degişli |
| 2. Dolanyşyk serişdeleriniň absolýut likwidlilik gatnaşygy | $\frac{PS + \textit{gys. möh. maýa goýum}}{\textit{gysga möh. bergiler}}$ | Bar bolan puly we maýa serişdeleri bilen gysga möhletli bergileri ýapyp bilmek mümkinçiligini görkezýär | 1.3-den ýokary, I klasa degişli |
| 3. Dolanyşyk serişdeleri bilen ýapylyşynyň gatnaşygy | $\frac{PS + \textit{gysg. möhl. maýa goý.} + \textit{ätiýaçl. we haraj.} + \textit{algy}}{\textit{gysga möhletli bergiler}}$ | Ähli dolanyşyk serişdeleri bilen gysga möhletli bergileri ýapyp bilmek mümkinçiligini görkezýär | 2.0-den ýokary, I klasa degişli |
| 4. Öz-özüni maliýeleşdirmek gatnaşygy | $\frac{\textit{hususy dolanyşyk serişd.}}{\textit{hususy serişdelere}}$ | Hususy serişdeleriň näçe %-ni hususy dolanyşyk serişdeleriniň tutýandygyny görkezýär | 0.5-e deň, I klasa degişli |
| 5. Hususy we daşyndan çekilen serişdeleriň, hususy dolanyşyk serişdeleri mobilizirlemegiň gatnaşygy | $\frac{\textit{hususy dolanyşyk serişde}}{\textit{ätiýaçlyklar we harajat}}$ | Ätiýaçlyklaryň näçe %-ni hususy dolanyşyk serişdeleriniň tutýandygyny görkezýär | 0.8-e deň, I klasa degişli |
| 6. Özbaşdaklyk gatnaşygy (awtonomiýa) | $\frac{\textit{hususy serişdeler}}{\textit{balans}}$ | Ähli çeşmeleriň näçe %-ni hususy serişdeleriň tutýandygyny görkezýär | 0.6-a deň, I klasa degişli |
| 7. Hususy we daşyndan çekilen serişdeleriň näçe göterimini düzýänligini görkezýär | $\frac{\textit{gysga möhletli bergiler} + \textit{uzak möhletli bergiler}}{\textit{hususy serişdelere}}$ | Daşyndan çekilen serişdeleriň hususy serişdeleriň näçe %-ni düzýändigini görkezýär | |

Pul akymynyň gelmeginiň we gitmeginiň tapawudy umumy pul akymynyň göwrümini kesgitleýär. Pul akymynyň analizini geçirmek üçin kärhananyň iň pesinden 3 (üç) ýyllyk görkezijileriniň deňeşdirmesi alynýar. Eger-de müşderiniň şol döwür aralygynda pul akymynyň gelmeginiň möçberi pul akymynyň gitmeginden köp bolsa ýa-da köpelip gitmese, onuň karza ukyplylygyny subut edýär. Bu görkezijileriň üýtgäp durmagy müşderiniň karza ukyplylygynyň pes derejededigini görkezýär. Pul akymynyň gelmeginiň gitmeginden aratapawudy täze karz goýbermegiň möçberi bolup durýar ýa-da hasabat döwrüne karzy gaýtaryp biljek möçberini görkezýär. Bu usul kärhananyň dolandyrylmasynyň gowşak taraplaryny açyp görkezýär.

Baha beriş görkezijileriniň we usullarynyň bütewüligine garamazdan, edara görnüşli we şahsy taraplaryň, uly we ownuk müşderileriň karz ukyplylygynyň analiziniň aýratynlyklary bolýar.

Müşderileriň karza ukyplylygyny kesgitlemek üçin täjirçilik banklarynda ulanylýan usullaryň dürli-dürlüdigine garamazdan, olaryň ählisi jemlenip maliýe koeffisiýentleriniň bellibir ulgamyny kesgitleýärler. Olar esasan hem şu aşakdakylardan ybaratdyr:

**1.** Absoýut ýerlenmek koeffisiýenti ($Ab_ý$):

$$Ab_ý = (P_s + G_{g.m})/(O_{g.b}),$$

bu ýerde $Ab_ý$ – absolýut ýerlenmek koeffisiýenti; $P_s$ – pul serişdeleri; $O_{g.b}$ – gysga möhletli borçlar.

Görkezijiniň çäk derejesi: 0,2–0,25.

$G_{g.m}$ – gysga möhletli maliýe goýumlary.

**2.** Aralyk ýapmak koeffisiýenti ($K_p^ý$):

$$K_{p.ý} = (P_s + G_{g.m} + A)/(O_{g.b}),$$

bu ýerde $K_p$ – aralyk ýapmak koeffisiýenti; $A$ – algylar.

Ýeterlik dereje – 0,7–0,8 aralygynda bolýar.

**3.** Ýapmak koeffisiýenti ($K_p$):

$$K_p = (P_s + G_{g.m} + A + ÄH)/(O_{g.b}),$$

bu ýerde $K_p$ – ýapmak koeffisiýenti; $ÄH$ – ätiýaçlyklar we harajatlar.

Hasaplaşmalaryň görnüşlerine, kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygyna we önümçilik aýratynlyklaryna baglylykda 1,0 we 2,5 aralykda bolýar.

**4.** Maliýe garaşsyzlyk koeffisiýenti ($K_{m.g}$):

$$K_{m.g} = \frac{Hususy\ serişdeler}{Balansyň\ pul\ jemi},$$

bu ýerde $K_{m.g}$ – maliýe garaşsyzlyk koeffisiýenti.

Maýadarlaryň we karz berijileriň ynamyny gazanmak üçin bu görkezijiniň derejesi 50–60% möçberinde bolmalydyr.

Müşderiniň karza ukyplylygyny bahalandyrmak üçin, olaryň karz almak maksatly bank edarasyna tabşyran aşakdaky resminamalarynyň sanawy hökmandyr:

1. Karz bermeklige arza – haýyşnama. Onda soralýan puluň jeminiň möçberi, maksady we tölenilmeli möhleti görkezilýär.
2. Karz zerurlygyny ýüze çykaran işleriň tehniki – ykdysady esaslandyrmasy. Bu resminama bankyň beren karzynyň netijeliligini aýdyňlaşdyrmak, harajatlaryň özüni ödemek wagtyny kesgitlemek we karzyň yzyna gaýtaryljak möhletini anyklamak üçin zerurdyr.
3. Karzyň maksadyny tassyklaýan şertnamalaryň ýa-da beýleki resminamalaryň nusgalary.
4. Balans: ýyllyk we soňky möhlete.
5. Karz geleşiginiň şertleri bellenen karz şertnamasynyň nusgasy.
6. Girew ýa-da kepillendirme şertnamasy, ätiýaçlandyrma, kepil haty (karz üpjünçiliginiň saýlanylyp alnan görnüşlerine görä).
7. Kesgitlenilen möhletlere laýyklykda karzy üzmeklige möhletli borçnama.
8. Beýleki banklardan alnan karz serişdeleri barada güwänama (karzdar bank, alnan karzyň möçberi, onuň üpjünçiliginiň görnüşi we üzülmeli möhleti görkezilýär).

Müşderiler tarapyndan taýýarlanylan bu resminamalara bankyň karzlaşdyryş we hasabat bölüminiň hünärmenleri tarapyndan analiz işleri geçirilýär hem-de karz alyjynyň reýtingi, maliýe ýagdaýy, tölege ukyplylygy kesgitlenilýär.

Mundan başga-da, müşderiniň karza ukyplylygyny kesgitlemekde bank tejribesi boýunça şu aşakdaky ugurlar boýunça görkezijiler nazara alynýar:

- müşderiniň häsiýeti (abraýy, jogapkärçilikli çemeleşişi, karzyň maksadyny göz öňüne getirişi we maksadynyň bankyň karz syýasatyna laýyklygy);
- müşderiniň gündelik işiniň dowamynda bergisini ýapmak üçin serişde gazanmak ukyby (müşderiniň peýda gazanyşy, onuň pul akymlary);
- müşderiniň maýasy (onuň ýeterlikdigi, karzlaşdyrylýan amala hususy maýasyny goşmak derejesi);
- karz üpjünçiligi (girew, kepil, ätiýaçlandyrma);
- karz amallarynyň amala aşyrylýan şertleri;
- ýurtdaky ykdysady we syýasy ýagdaýlar, sebit aýratynlyklary we ş. m.
- gözegçilik-karz alyjynyň işiniň kanunçylyk esaslary, karzyň häsiýetiniň bank we gözegçilik guramalarynyň talaplaryna gabat gelişi barlanylýar.

Bu şertler bankyň içerki we daşarky töwekgelçilik derejesini kesgitleýär.

# VII BAP
# BANKYŇ KARZ IŞINIŇ HEREKETINIŇ ANALIZI

## 7.1. Bankyň karz işiniň hereketiniň analizi

Häzirki döwürde bank ulgamynyň girdejileriniň 70-80%-i karz amallarynyň hasabyna emele gelýär. Şonuň üçin hem bank işiniň maliýe analizinde karzyň hereketiniň barlanylmagy möhüm ähmiýete eýedir. Karz işiniň hereketiniň analizi ýuridiki we fiziki taraplara bank karzy berlen pursadyndan başlap, karz yzyna gaýtarylýança wagt aralygyndaky döwri öz içine alýar. Bu analiziň netijesinde, karzy ýerleşdirmekligiň esasy ugurlaryny kesgitlemek, berlen karzlaryň maksada laýyk ulanylyşyna gözegçilik etmek, karz işiniň hereketine täsir edýän içki we daşky faktorlary öwrenip, ýüze çykan meseleler boýunça dolandyryş çözgütlerini kabul etmek göz öňünde tutulýar. Bankyň karz işiniň analizi esasy aşakdaky ugurlar boýunça alnyp barylýar:

- karzlaryň hereketi;
- ykdysady pudaklar boýunça karzlaryň hereketi;
- karzyň üpjünçiliginiň analizi;
- karzyň ulanylyşynyň we yzyna gaýtarylyşynyň analizi.

Bank karzynyň hereketine analiz geçirmek üçin maglumat çeşmesi hökmünde müşderilere berlen gysga we uzak möhletli karz hasabyndaky galyndylar hem-de bank hasabatlarynyň maglumatlary çykyş edýär. Bank hasabatyndaky umumy berlen karzyň möçberine üns berilýär. Umumy berlen karzlaryň düzümindäki uzak we gysga

möhletli karzlaryň ýagdaýy, olaryň düzümindäki möhleti geçen esasy bergileriň galyndysy, hasabat döwrüne karzlaryň tölegleriniň gelip gowuşmagy, debet we kredit aýlanyşyklaryň gatnaşygy, hasabat döwründe karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlygynyň ýeterlikdigi, karzyň üpjünçiligi we ş. m. görkezijiler barlanylýar.

*18-nji tablisa*

**Täjirçilik bankynyň karz işiniň hereketi barada maglumat**

| t/b | Görkezijiler | Gysga möhletli | Uzak möhletli | Berlen karzlaryň hereketi |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Başdaky galynda möhleti geçen bergini goşmak bilen: | 1000.000 | 200.000 | 1200.000 |
| 2. | Hasabat döwründe täze berlen karzlar | 5.181.128 | 242475 | 5.423.603 |
| 3. | Hasabat döwründe yzyna gaýtarylan karzlaryň möçberi | 1.168.586 | 58000 | 1226586 |
| 4. | Hasabat berlen senä bergidarlaryň galyndysy | 5.012.542 | 384475 | 5397017 |
| 5. | Göterimi hasaplanan, ýöne entäk tölenmedik karz | 785000 | | |
| 6. | Karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlygy | 192491 | | 192491 |

Bg 1 200 000 + dt 5 423 603 – kt 1 226 586 = ag 5 397 017.

18-nji tablisanyň maglumatlaryndan peýdalanyp, analiz geçirmek üçin hasabat döwründe bankdan berlen karzlar bilen yzyna gaýtarylan karzyň jeminiň umumy möçberini deňeşdireliň ($K_{\Sigma}$):

$$1)\ K_{\Sigma} = \frac{1226586}{5423603} \times 100 = 23\%.$$

Täjirçilik bankynda hasabat döwründe täze berlen karzlaryň umumy möçberinden 5423603 – 1226596 = 4197.007 manat, onuň yzyna gaýtarylan karzyň umumy (23%) möçberinden az gelýär.

6. Sargyt №2973.

Karzyň yzyna gaýtarylýan akymynyň haýal bolmagy hem-de karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlyk gorunyň ýeterlik bolmazlygy, üstesine-de gysga möhletli karzlar boýunça hasaplanan göterimleriň tölenilmezligi bankyň karz işi boýunça töwekgelçiligi-niň ýokarydygyna şaýatlyk edýär.

Bankyň karz hasabyndaky galyndylar esasynda berlen gysga ($T_g$) we uzak ($T_u$) möhletli karzlar boýunça hasaplamalary aýratynlykda geçirýäris:

$$2)\ T_g = \frac{116856}{5181128} \times 100 = 22{,}5\%;$$

$$3)\ T_u = \frac{58000}{242475} \times 100 = 23\%.$$

Sanlardan görnüşi ýaly bank karzyna ýerleşdirýän serişdeleriniň syýasatyny üýtgetmelidir.

Mundan başga-da karz hasaplary debet aýlanyşygy bilen kredit boýunça aýlanyşygy deňeşdirmek arkaly hem hasaplap bolýar:

$$4)\ \text{Aýl} = \frac{5423603}{1226596} \times 100 = 4{,}4\%.$$

Bu hasaplamada analiz geçirilýän bankymyzda ýagdaý has hem howply, sebäbi debet aýlanyşygy kredit aýlanyşygyndan 4 esse artyk gelýär. Bu bolsa karz serişdeleriniň yzyna gaýtarylmazdan bank karzlaşdyrmasynyň ösýändigine şaýatlyk edýär. Şeýlelikde, bankyň karz hereketiniň analizi boýunça şu aşakdaky meseleler ýüze çykýar:

- Hasabat döwründe karz goýumynyň hereketi birtaraplaýyn akyma ýykgyn edipdir;
- Karzlar boýunça ätiýaçlygyň diňe gysga möhletli karzlar üçin döredilip, onuň hem diňe 3,8%-i ätiýaçlandyrylyp, uzak möhletli karz bolsa düýbünden gözden salnypdyr;
- Karzlaryň hasabat döwründe yzyna gaýtarylyşy talaby öde-meýär.

Karz hereketiniň analiziniň netijesi boýunça ýüze çykarylan tek-lipler aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Hasabat döwründe üzülmeli möhleti geçen serişdeleriň üstünde işi güýçlendirmeli;
2. Karzlar boýunça ýitgileriň ätiýaçlyk goruny hakyky ýagdaýa görä döretmeli;
3. Debet we kredit aýlanyşyklaryň karz hasaplar boýunça sazlaşygyny gazanmaly;
4. Möhleti geçen karzlar we göterimler boýunça degerli hasabatlary düzmek arkaly talaby güýçlendirmek zerurdyr.

## 7.2. Ykdysady pudaklar boýunça karzlaryň hereketiniň analizi

Pudaklar boýunça karzlaryň ýerleşdirilişiniň analiziniň geçirilmegi netijesinde karz çägindäki töwekgelçilikleri ýüze çykarmaklyga mümkinçilik döreýär. Mundan başga-da bankyň karz syýasatyny işläp düzmeklige pudaklaryň hersi boýunça aýratynlykda karz çägini (limidini) goýmaklygy we aýratyn pudaklar we müşderiler boýunça karzlaşdyrmaklygy ýola goýmaklygy kesgitleýärler. Karzlaryň pudaklar boýunça ykdysady analiziniň geçirilmegi, onuň geçen hasabat döwri boýunça deňeşdirilip diwersifikasiýalaşdyrmaklygy kesgitlemeklige mümkinçilik berýär. Munuň üçin ähli pudaklara berlen karz ugurlarynyň umumy jeminde gysga we uzak möhletli karzlaryň her biriniň aýratynlykda tutýan udel agramyny hasaplamaly.

19-njy tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly bankyň karz ugurlary boýunça serişdelerini ýerleşdirmek işleri sazlaşykly gurnalmandyr. Karz goýumlarynyň umumy jemindäki esasy paýyň 28%-i beýleki ykdysady pudaklara; 28%-i telekeçilere; senagat pudagyna15,3%-i; gurluşyk üçin bolsa bary-ýogy 3%-i ýerleşdirilip; oba hojalygynda 14,2% karzlaşdyrma işleri geçirilipdir. Uzak möhletli karzlar bolsa, diňe ilata berlipdir. Ýöne muňa garamazdan geçen hasabat döwrüniň ahyrynda karzlaşdyrmagyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna üns berlipdir. Senagat pudagynda karzlaşdyrma işleri emele gelip, şol sanda ýangyç-energetika toplumy hem karzlaşdyrylypdyr, telekeçilere 27%, gurluşyk we sarp ediş karzy 3%, şol bir wagtyň özünde hem

*19-njy tablisa*

**Ykdysady pudaklar boýunça karz hereketiniň analizi**

| Görkezijiler | Hasabat döwrüniň ahyrynda | | | | Hasabat döwrüniň başynda | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Gysga möhlet | Uzak möhlet | Jemi hemmesi | %-de jemi | Gysga möhlet | Uzak möhlet | Jemi hemmesi | %-de jemi |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Senagat (müň man) | 929793 | – | 929793 | 15, 3 | – | – | – | – |
| Ýangyç-energetika toplumy (müň man) | 763993 | – | 763993 | 12, 6 | – | – | – | – |
| Oba hojalygy (müň man) | 865000 | – | 865000 | 14, 2 | – | – | – | – |
| Gurluşyk | 175000 | | 175000 | 3 | 10. 000 | | 10. 000 | 0, 8 |
| Telekiçiler | 1614106 | | 1614106 | 27 | 238716 | | 238716 | 19, 9 |
| Beýleki pudaklar | 1705277 | | 1705277 | 28 | 950462 | | 950462 | 79, 2 |
| Jemi | 6053169 | | 6053169 | 100 | 1199178 | | 1199178 | 100 |
| Ilata karzlar | 50094 | 84333 | 134427 | | 509 | 843 | 1352 | |
| Hemmesi | 6103263 | 84333 | 6187596 | | 1199687 | 843 | 1200530 | |

hasabat döwrüniň başy bilen deňeşirilende beýleki ykdysady pudaklara karzlaşdyrma işleri duýdansyz pese düşüpdir. Şeýlelikde, geçen hasabat döwründe karz bukjasynyň diwersifikasiýasy gatnaşykda peselmegine seretmezden, bank töwekgelçiliginiň derejesini peseltmek maksady bilen senagat, gurluşyk, sarp ediş karzlarynyň möçberini artdyryp, halk hojalygynda esasy orny eýelemeýän beýleki ykdysady pudaklary karzlaşdyrmagyň depginini gowşatmak meselesine üns bermelidir. Munuň üçin bolsa, bankyň halk hojalygynyň dürli pudaklaryna we raýatlara berilýän uzak möhletli karzlarynyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmagy zerurdyr.

## 7.3. Karz üpjünçiliginiň analizi

Türkmenistanyň bank kanunçylygynda täjirçilik banklarynyň dürli görnüşdäki üpjünçilikli karzlary bermekligi göz öňünde tutulýar. Karz üpjünçiliginiň esasy görnüşlerine girew, zamunçylyk we kepil geçmek degişlidir.

Girew – bu karz alyjynyň öz hususy eýeçiligine degişli bolan emlägini karz borçnamasynyň üpjünçiligi hökmünde bank edarasyna geçirmegi bilen baglanyşykly ykdysady geleşikdir. Bu geleşik bank bilen müşderiniň arasynda emlägi girewine goýmak hakyndaky şertnamasyna laýyklykda resmileşdirilýär. Girew şertnamasynyň ýazmaça görnüşde doldurylmagy hem-de kepilhanada (notariusda) tassyklanan görnüşde hasaba alynmagy zerurdyr. Bu ikitaraplaýyn şertnama esasynda täjirçilik banklary, karz alyjynyň toleg borçlaryny ýerine ýetirmedik halatynda, onuň girewe goýan emläginiň bahasyndan öz hakyny almak boýunça hukugyny kesgitleýär. Girewine goýlan emlägi Döwlet tarapyndan hasaba almaklygy ýola goýmak işi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan hukuk berlen gurama tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň «Emläk hakyndaky» kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, girew bolup raýatlaryň dolanyşygyndan alynmadyk, ähli emläk görnüşi (kärhana, jaý, desga, enjamlar we beýleki önümçilik serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlar, pul serişdeleri) çykyş edip bilýärler. Girew üçin ulanyp bolmaýan

obýektleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär. Girew goýujy hökmünde emlägiň eýesi ýa-da girewine goýlan emlägiň öz hojalyk işinde doly ulanmaklyga hukugy bar bolan ýuridiki we fiziki tarap çykyş edip bilýär. Bank edarasyna emlägi girewine almak boýunça çäklendirmeler diňe döwlet eýeçiligindäki kärhanalara goýulýar. Sebäbi olar jaýlary we desgalary girewine goýmak üçin Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginden rugsat almaklyga borçludyrlar.

Karz üpjünçiliginiň analizi geçirilende girewine goýlan emlägiň hökmany iki häsiýeti göz öňünde tutulmalydyr. Onuň a) girew hökmünde kabul etmeklige ýaramlylygy hem-de b) karz serişdesi yzyna tölenmedik ýagdaýynda ýapmak üçin ýeterlikdigine analiz işleri geçirilmelidir. Bu iki görkezijiniň öwrenilmegi: kabul edilmäge ýaramlylyk girew emlägini hil taýdan bahalandyrmaga mümkinçilik döredýän bolsa, onuň ýeterlikdigine analiz geçirmek arkaly mukdar taýdan üpjünçiligi anyklanylýar.

a) Girewine goýlan emlägi hil taýdan häsiýetlendirýän görkezijilere täsir edýän faktorlara emlägiň çalt ýerlenmek ukyby, bazardaky nyrhlarynyň durnuklylygy, ätiýaçlandyrma mümkinçiligi, uzak möhletiň dowamynda saklanylmagy (maddy haryt gymmatlyklary üçin), gymmat bahaly kagyzy çykaryjynyň maliýe ýagdaýy we ş. m. degişlidir.
b) Girewine goýlan emlägiň mukdar kesgitleýji faktory hökmünde karzyna berlen pul möçberinden girewine goýlan emlägiň bahasynyň artykmaçlygy çykyş edýär. Bu iki faktoryň özara täsiri analiz geçirilende arabaglanyşykly öwrenilýär.

Karz üpjünçiligi boýunça girew esasy iki görnüşe bölünýär:

1. Girewe goýlan serişdeler, onuň eýesinde galmak şerti bilen karzlaşdyrylýar.
2. Girewe goýlan serişdeler bankyň ygtyýaryna girew hökmünde (eýeçilik emlägine) geçirmek şerti bilen berilýär. Banklarda karzlar boýunça girewine alnan üpjünçiligiň analizi geçirilende 71101 – Karz boýunça alnan girew – gymmatly kagyzlar, 71102 – Karz boýunça alnan girew – esasy serişdeler

we maddy däl aktiwler, 71104 – Karz boýunça alnan girew – gaýry aktiwler atly memorand hasaplar boýunça girdejileriň we çykdajylaryň möçberlerine üns berilýär.

Bu hasaplar bankdan berlen karzlar girew hökmünde kabul edilen emläkleriň ýüzünde gökezilen bahasyny hasaba almaklyga niýetlenilendir. Şonuň üçin hem hasaplaryň girdejisi boýunça berlen karzlaryň esasynda girew hökmünde kabul edilen gymmatly kagyzlaryň ýüzünde gökezilen bahasynyň möçberine analiz geçirilýär. Çykdajyda bolsa, karzlar boýunça göterimler babatdaky bergi üzülenden soňra gaýtarylan, şeýle hem girew hakynda şertnama laýyklykda bellenen tertipde ýerleşdirilen emläkleriň möçberlerine analiz geçirilýär.

Karz üpjünçiliginiň zamunçylyk görnüşi – bu karz alyjynyň özbaşdak borçlary ýerine ýetirmekligi başarmadyk halatynda üçünji tarapyň zamun hökmünde jogapkärçilige goşulmagy netijesinde ýüze çykýar. Baha bermek üçin görkeziji bolup, güwä geçijiniň maliýe durnuklylygy çykyş edýär. Güwä geçmek ýörite güwä haty bilen doldurylyp, karz alyja gowşurylýar we kepil geçmekligiň aýratyn bir görnüşi bolup durýar.

Kepil geçmek – kepil geçiji algydarynyň öňünde, bergidaryň borçlaryny doly ýa-da bölekleýin tölemäge borçlanýar. Karz alyjy bilen kepil geçiji karz berijiniň öňünde bergidar hökmünde deň jogap berýär. Bank tarapyndan alnan kepillikler, zamunlyklar – 71105 memorand hasapda hasaba alynýar. Bu hasap kabul edilen kepillikleriň we zamunlyklaryň ýüzünde görkezilen bahasyny hasaba almaklyga niýetlenilýär.

Kabul edilen kepillikler we zamunlyklar boýunça beýleki banklara we müşderilere bolup biljek talaplaryň möçberlerine analiz geçirilende hasabyň girdejisini bahalandyrmak göz öňünde tutulýar. Çykdajysy öwrenilende bolsa, beýleki banklara we müşderilere bolup biljek talaplaryň möçberleriniň hasapdan aýrylmagyny we ýok edilmegini anyklamak üçin analiz işleri geçirilýär. Bank karzlarynyň gaýtarylmak üpjünçiliginiň bellenip geçilen görnüşleri ýörite resminamalar görnüşinde doldurylýar. Bu resminamalar bergi-borçlaryny gaýtarmak pursady gelip ýetende, karz alyjyda serişde bolmadyk

ýagdaýynda, karz berijä alan karzyny üzmek üçin bellenilen kanunyň çeşmesi görnüşinde berkidilýär.

Karz üpjünçiliginiň analizini geçirmek üçin esasy maglumat çeşmesi «karz bukjasy» baradaky bankyň hasabatydyr. Bankyň karz bukjasy bolup, karz alyjylaryň alan gysga we uzak möhletli tölemeli möhleti geçen karzlary (14701–14708), şeýle-de möhleti geçen göterimleri (14801–14808) boýunça bergileri çykyş edýär.

Karz bukjasynyň düzüminiň analizi alnyp barylýan karz syýasaty boýunça müşderileriň eýeçilik görnüşlerinden (döwlet, hususy, paýdarlar şereket kärhanalary, şahsy taraplar) başga-da ençeme sebäplere görä jikme-jik öwrenilýär.

*20-nji tablisa*

**Karz bukjasynda üpjünçiligiň görnüşleri**

| № | Karzyň görnüşi | Üpjünçiligi | Töleg saklamak möhleti (gün hasabynda) | Ätiýaç landyrma derejesi |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Adaty (standart) | Girewine emläk goýlan (MDA) | 30 güne çenli | 2% |
| 2. | Aýratyn adaty (substandart) | Kepil geçilen | 31–90 | 2–20% |
| 3. | Şübheli | Girew-gaýry aktiwler | 91–180 | 20–50% |
| 4. | Ygtybarsyz | Üpjünçiliksiz | 180 günden köp | 50–100% |

Bank karzynyň üpjünçiliginiň analizi, onuň görnüşleri we hili boýunça karz hasabaty esasynda geçirilýär. Bu analiziň maksady berilýän karzlaryň yzyna gaýtarylmadyk ýagdaýyndaky bolup biljek ýitigileri ýapmak üçin ätiýaçlyklary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Karzlaryň möhletiniň näçe gün geçendigine garamazdan, üpjünçiliginiň ýagdaýyna baglylykda bank tarapyndan karz bukjasy her çärýekde bir sapar karzyň maksadyny öwrenmek üçin aşakdaky klaslara bölünýär *(21-nji tablisa).*

*21-nji tablisa*

| **Karzyň ýagdaýy** | **Üpjünçiligi bar** | **Üpjünçiligi şübheli** | **Üpjünçiligi ýok** |
|---|---|---|---|
| Möhleti 30 güne çenli geçen | | Standart | Substandart |
| Möhleti 31–90 güne çenli geçen | Standart | Substandart | Substandart |
| Möhleti 91–180 güne çenli geçen | Substandart | Substandart | Şübheli |
| Möhleti 180 günden köp geçen | Substandart | Şübheli | Umytsyz |

Üpjünçilik bar bolan ýagdaýynda ätiýaçlygyň iň az möçberi şu aşakdaky görnüşde kesgitlenilýär:

$$\ddot{A} = H \times \left(1 - \frac{K_i \times \ddot{U}_{g.i}}{E_b}\right),$$

bu ýerde $\ddot{A}$ – ätiýaçlygyň iň az möçberi. Karz edaralar tarapyndan döredilýän ätiýaçlygyň iň az möçberi boýunça kesgitlenýär.

$H$ – hasaplaşyk ätiýaçlygyň möçberi; $E_b$ – karzlar boýunça esasy berginiň möçberi;

$\ddot{U}_{g.i}$ – degişli hil derejesiniň üpjünçiliginiň gymmaty (üpjünçiligi ýerlemek boýunça karz edaranyň goşmaça çykdajysy aýrylanda); $K_i$ – hil üpjünçilik derejesiniň koeffisiýenti (indeksi).

Üpjünçiligiň hil derejesi boýunça *Ki* deň diýlip hasap edilýär:

I hil derejeli – 1,0;

II hil derejeli – 0,8;

III hil derejeli – 0,5;

IV hil derejeli – 0,2;

V hil derejeli – 0.

Eger $Ki \times \ddot{U}_{g.i} = E_b$ bolsa, onda $H$ nola deň bolýar.

Bank karzynyň üpjünçiligini, onuň müşderileriniň karz bergidarlarynyň jemindäki her bir üpjünçiligiň görnüşleri boýunça aýratynlykda udel agramyny kesgitlemek zerurdyr *(22-nji tablisa).*

*22-nji tablisa*

**Täjirçilik bankynyň karz üpjünçiligi**

| Üpjünçiligiň görnüşleri | Müň manat | | | Jemi%-de | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | söwda | önüm-çilik | hemmesi | söwda | önüm-çilik | hemmesi |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | |
| Girew | 419667 | 1960462 | 2380129 | 8 | 37 | 45 |
| Kepillik | 258257 | 1011145 | 1269402 | 5 | 19 | 24 |
| Ätiýaçlyk | 161410 | 843533 | 1004943 | 3 | 16 | 19 |
| Ynamdarlyk karzy | 629512 | 5190 | 634702 | 12 | | 12 |
| **Jemi** | **1468846** | **3820330** | **5289176** | **28** | **72** | **100** |

Tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly karzyň girew bilen berlen bölek paýy 45%, şol sanda söwda 8% we önümçilik 37%-e deň bolupdyr. Kepillik bilen berlen karzlar jemi 24% bolup, şol sanda söwda 3% we önümçilik 16%-e deňdir.

Ätiýaçlandyrylyşyň paýy jemi 19% bolup, şol sanda önümçilik 3%-e we söwda 16%-e deň. Ynamdarlyk bilen berlen karzyň paýynyň jemi 12% bolup, onuň hemmesi söwda üçin berlen karzlary ätiýaçlandyrmaga gönükdirilipdir. Ýokardaky maglumatlar berlen karzlar boýunça üpjünçiligi tutuşlygyna bahalandyrmaklyga mümkinçilik bermeýär. Bu maglumatlar bankdan berlen karzlary hil we san taýdan tutuşlygyna bahalandyrmaklyga onuň ýeterlikdigine, kepillendirilişine bankdan berilýän karzlaryň üpjünçiligini doly öwrenmeklige mümkinçilik bermeýär. Şonuň üçin hem goşmaça karz boýunça bölümiň barlagy netijesinde düzülen tablisanyň netijeliligini ulanmak zerurlygy ýüze çykýar.

23-nji tablisanyň birinji setirinde girew şertnamasy, ätiýaçlykly ýa-da kepillikli berlen karz üpjünçilikleriniň hemmesiniň jemi (4656474) görkezilipdir. Bu karzlar şertnamalar esasynda berlip, olaryň hili we mukdar taýdan ýeterlikdigi akt düzülmek bilen tassyklanýar. Şeýle-de müşderiniň tölege ukyplylygy ätiýaçlandyrylyp, kepillendirilişi barlanylýar.

*23-nji tablisa*

**Karz üpjünçiliginiň netijeliligi, 01. 01. 2014**

| **Karz üpjünçiligi** | **Tutuşlygyna üpjünçilikli karzlar** | | | | **Ýeterlik däl üpjünçilikli karzlar** | | **Üpjünçiliksiz karzlar** | | **Hem-mesi** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** | **9** | **10** |
| Maddy haryt gymmmat-lyklary | Beýleki girewler | Kepil-likli | Ätiýaçly | Şertlen-dirilen geleşikler | Girewiň hiliniň üýtgemegi | 1-nji orunly karzlar | Üpjün-çiligi ýok | Ynanylyp berlen karzlar | |
| 4656474 | 1396342 | 465447 | 1256708 | 465447 | 30702 | 250320 | 50800 | 302880 | 634702 |
| 100% | 30% | 10 | 27 | 10 | 5 | 39 | 8 | 48 | 100% |

Tutuşlygyna üpjünçilikli karzlar 2-nji we 5-nji setirlerde görkezilip, üpjünçiligiň ynamdarlyk resminamalary esasynda berlen tutuş karz üpjünçiliginiň ähli görnüşleri boýunça aýratynlykda bellige alynýar.

Ýeterlik üpjün edilmedik karzlar 6–7-nji setirlerde görkezilip, girewiň hiliniň üýtgemegi bilen arabaglanyşykly (guramagy, möhletiniň geçmegi, nädogry saklanmagy netijesinde zaýalanmagy) ýa-da şertnama boýunça bölekleýin üpjün edilmegi geleşikli karz üpjünçilikleri görkezilýär.

Üpjünçiliksiz karzlar bolsa 8–9-njy setirlerde sebäplerini görkezmek arkaly (müşderiniň maliýe ýagdaýynyň juda gowy bolmagy ýa-da girewiň üpjünçiliginiň hiliniň kabul edip bolmaz ýaly pes bolmagy) anyklanylýar.

## 7.4. Berlen karzlaryň yzyna gaýtarylyşynyň we karz bukjasynyň analizi

Banklarda karzyň yzyna gaýtarylyş ($K_g$) derejesi yzyna gaýtarylan karzlaryň, ortaça karz goýumlarynyň galyndylaryna bolan gatnaşygynyň esasynda kesgitlenilýär:

$$K_g = \frac{\textit{Yzyna gaýtarylan karzlar}}{\textit{Ortaça karz goýumlarynyň galyndysy}} \times 100.$$

Banklarda berlen karzlaryň yzyna gaýtarylyşynyň analiziniň esasy wezipesi karz dolanyşygynyň depginini çaltlandyrmagy emele getirmek ýa-da karzy yzyna gaýtaryp almak meselesi ýüze çykan halatynda zerur bolan çäreleri iş ýüzüne geçirmekden ybaratdyr. Karz serişdeleriniň yzyna gaýtarylyşynyň analizini geçirmek üçin sintetik we analitik hasaplaryň maliýe hasabatyndaky maglumatlary ulanylýar. Bu analiz möhleti geçen karzlaryň möçberi, gaýtadan resmileşdirilen karzlar, yzyna gaýdyp alyp bolmajak karzlaryň öçürilişiniň we şübheli karzlary ýapmak üçin ätiýaçlyklaryň möçberini barlamak arkaly geçirilýär. Möhleti geçen karzlaryň banka yzyna gaýtarylmagynyň uzaga çekdirilmeginiň sebäplerine we möçberine analiz geçirilende, bank-

dan berlen karzlaryň umumy jemindäki möhlete garaşlylygynyň emele gelmeginiň karz bukjasy boýunça her bir toparyň udel agramyny barlamakdan başlanýar.

*24-nji tablisa*

**Täjirçilik bankynyň karz boýunça algydarlary**

| Bergidarlygyň möhleti | müň manat | | | göterimde | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Söwda | Önümçilik | Jemi | Söwda | Önümçilik | %-de hemmesi |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Gündelik (möhletli geçen) | 1614106 | 3327967 | 4942073 | 100 | 87,3 | 91 |
| 1 günden 30 güne çenli möhleti geçen | – | 316944 | 316944 | | 8 | 6 |
| 31 günden 60 güne çenli möhleti geçen | – | 132045 | 132045 | | 3,5 | 2,4 |
| 61 günden 180 güne çenli möhleti geçen | – | 21694 | 21694 | | 0,5 | 0,4 |
| 181 güne çenli möhleti geçen | | 10847 | 10847 | | 0,6 | 0,2 |
| **Jemi** | **1614106** | **3809497** | **5423603** | **100** | **100** | **100** |

24-nji tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly bankdan berlen karzlaryň umumy jemindäki möhleti geçen karzlaryň paýy 9%-e deňdir. Şol sanda:

- 1 günden 30 güne çenli möhleti geçen – 6%;
- 31 günden 60 güne çenli möhleti geçen – 2,4%;
- 61 günden 180 güne çenli möhleti geçen – 0,4%;
- 181 gün möhleti geçen – 0,2%.

Analiz geçirilýän bankda möhleti geçen karzlaryň hemmesi önümçilik toparynda emele gelendigi mälimdir. Gündelik hasabyndaky 3327967 müň manat karz serişdesi hem önümçilik toparyna degişlidir. Şeýlelikde bankda 1 günden 30 güne çenli möhleti geçen karzlaryň emele gelmeginiň sebäplerini barlamakdan analiz işlerini geçirip başlamalydyr. Soňra bolsa, gaýtadan resmileşdirilen karzlaryň, karz bukjasynda tutýan paýyny hem-de gündelik hasaplardaky dürli möhletdäki karzlaryň udel agramyny kesgitlemelidir *(25-nji tablisa)*.

*25-nji tablisa*

**Gaýtadan resmileşdirilen karzlar**

| Karzlaryň görnüşleri | Hasabat döwrüne | Bergidarlaryň udel agramy, %-de |
|---|---|---|
| 30 güne çenli möhleti geçen, gaýtadan karzlaşdyrylan karzlaryň paýy | 379652 | 7 |
| Şol sanda: 2 gezekden ýokary | 300000 | 5,5 |
| Gaýtadan karzlaşdyrylan şertnamalar | 8 | – |
| **Jemi** | **679660** | **12,5** |

Bu ýerde gaýtadan karzlaşdyrmagyň paýy möhleti geçen karzlardan 12,5% artykdyr. Bu bolsa, bankyň möhleti geçen karzlarynyň ýagdaýyny görkezýän maglumatlary öwrenmezden, gaýtadan karzlaşdyrma işlerine üns berlendigine şaýatlyk edýär. Şonuň üçin hem bank işiniň analizi geçirilende, karz şertnamalaryna, gaýtadan karzlaşdyrylmagynyň hem-de karzlaryň möhletiniň uzaldylmagynyň sebäplerine seredilmegine we karz işiniň maglumatlaryndaky faktorlarda möhleti geçen karzlaryň bergidarlary boýunça maglumatlary doly öwrenmeklik talap edilýär. Mundan başga-da berlen karzlaryň yzyna gaýtarylyşynyň analizinde karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlyklarynyň hasabyna umytsyz karzlaryň öçürilişini, möhleti geçen karzlaryň umumy jemindäki öçürilen karzlaryň udel agramyny, öçürilen karzlaryň göwrümindäki möhletli karzlar boýunça ätiýaçlyklaryň döredilişini barlamak hökmandyr.

Karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlyklarynyň (500000 müň manat) hasabyna öçürilen karzlaryň paýynyň artmagy

bank işiniň netijeliligine täsir edýär. Ol karz bukjasynyň hilini gowulandyrýar, onuň töwekgelçiligini peseldýär we möhleti geçen karzlaryň möçberine täsir edýär. Ýöne muňa garamazdan, bank üçin çykdajy bolýandygyny hem göz önünde tutmalydyr.

*26-njy tablisa*

**Öçürilen karzlar**

| Öçürilen karzlar | Hasabat döwrüniň başyna | Hasabat döwrüniň ahyryna |
|---|---|---|
| Ätiýaçlyklaryň hasabyna öçürilenleri (müň manat) | – | 250000 |
| Öçürilen karzlaryň udel agramy, %-de Şol sanda: | – | |
| Karzyň umumy jemindäki paýy | – | 4,6 |
| Möhleti geçen bergidäki paýy | – | 59,7 |
| Ätiýaçlykdaky paýy | – | 50 |

$250000/5423603 \cdot 100 = 4{,}6\%$;
$250000/481530 \cdot 100 = 59{,}7\%$;
$250000/500000 \cdot 100 = 50\%$.

Hasaplamalardan görnüşi ýaly analiz geçirilýän bankda möhleti geçen umytsyz karzlary öçürmeklik karzlar boýunça bolup biljek ätiýaçlyklaryň hasabyna ýapylypdyr. Bu bolsa, bankda karzlaşdyrmak işlerini sazlaşdyrmak üçin möhleti geçen karzlara täsir edýän faktorlary içgin öwrenip, karz serişdelerini ýerleşdirende müşderiniň tölege ukyplylygyna üns bermelidigine şaýatlyk edýär.

Bank işiniň analizinde möhleti geçen karzlaryň analizi bilen bir hatarda yzyna gaýtarmaklygyň möhleti boýunça karz galyndylarynyň we karzy yzyna gaýtarmaklygyň 1 aýa, 1 aýdan 6 aýa, 6 aýdan 1 ýyla çenli döwür aralygyndaky udel agramyny kesgitlemek maksadalaýykdyr. Bu analiziň maksady berlen karzlaryň möhletini öwrenip, geljekde bankyň karz syýasatyny amala aşyrmaklyga ýardam bermekden ybaratdyr. Analiz geçirilende maglumat çeşmesi hökmünde bankyň karz bukjasyndaky serişdeler çykyş edýär.

*27-nji tablisa*

**Bergidarlaryň karz boýunça galyndysy (müň manat)**

| Yzyna gaýtarmak möhleti boýunça | Hasabat döwründe | | | Geçen döwürde |
|---|---|---|---|---|
| | Umumy karz bergisi | Ätiýaçlyk | Arassa karz bergisi | Umumy karz bergisi |
| 1 aýa çenli | 1371803 | 78908 | 1292895 | 690546 |
| 1 aýdan 6 aýa çenli | 3809325 | 113583 | 3695742 | 509341 |
| 6 aýdan 1 ýyla çenli | 242475 | – | 242475 | 643 |
| 1 ýyldan ýokary | – | – | – | – |
| **Hemmesi** | **5423603** | **192491** | **5231112** | **1200530** |

1371803/5423603 · 100 = 25%;
3809325/5423603 · 100 = 70%;
242475/5423603 · 100 = 5%.

Bu ýerde, umumy karz bergisi boýunça, esasan hem 1 aýdan 6 aýa cenli döwür aralygyndaky 70% bergidaryň karzynyň bardygy kesgitlenildi. Geçen döwrüň maglumatlary, hasabat ýylynyň maglumatlary bilen deňeşdirilende bolsa, umumy karz bergisiniň jeminiň (1200530/5423602 · 100) möçberi 22%-e deňdir.

## 7.5. Karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlandyrylmasynyň analizi

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň 2012-nji ýylyň 12-nji awgustyndaky 216-ö belgili buýrugy bilen «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» bütewi kanunyna laýyklykda «Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňeşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda» Düzgünnama tassyklandy. Bu düzgünnamada maliýe gurallar bilen geleşiklerde ýüze çykýan talaplara degişli karz

edaralarynyň karzlar boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmeginiň tertibini hem-de Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan karz edaralaryň karzlar boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmekliginiň tertibini saklaýşyna gözegçiligi amala aşyrmaklygyň düzgünleri bellenilýär. Düzgünnamada bellenilen tertibe laýyklykda bank edaralary karzlar boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary hökmany döretmelidir.

Karz alyjynyň maliýe ýagdaýyna analiz geçirmek üçin maglumat çeşmeleri hökmünde şu aşakdaky resminamalar ulanylýar:

- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen görnüşleriň esasynda düzülen, doly görnüşli ýyllyk we çärýekleýin buhgalter hasabaty;
- Soňky tamamlanan üç maliýe ýylynyň hasabaty;
- «Umumy maýadaky üýtgemeler hakyndaky» hasabaty;
- Soňky hasabat senesine «Girdejiler we çykdajylar barada hasabat».

Karzlar boýunça mümkin bolan ýitgileriň ätiýaçlandyrmasy karz bergileriniň gaýtaryp berilmezliginden emele geljek bank ýitgileriniň üstüni ýapmak üçin döredilýär. Banklarda berlen karzlar boýunça ýitgiler bolup biler, sebäbi käbir müşderileriň alan karzyny yzyna gaýtaryp bilmezligi-de ahmaldyr. Şeýle ýagdaý ýüze çykan halatynda banklar beren karzlarynyň galan esasy bergisiniň hem-de karz üçin hasaplan göterimleriniň möçberini alyp bilmeýärler. Karzlar boýunça bolup biljek ýitginiň öwezini dolmak üçin banklar ýörite ätiýaçlyk goruny çykdajynyň hasabyna döredýär. Karzlar boýunça mümkin bolan ýitgileriň ätiýaçlandyrmasyna analiz geçirilende, berlen karzlaryň töwekgelçilik derejesi boýunça toparlanyşy we olaryň bank hasabatynda dogry görkezilişi bahalandyrylýar. Mundan başga-da karzlar boýunça bolup biljek ýitgilere hasaplanan ätiýaçlyklaryň, hakyky döredilen ätiýaçlyklaryň jemine gabat gelişi bilen karz bukjasyndaky möçberiniň ýeterlikdigi barlanylýar.

Karz alyjynyň maliýe ýagdaýyny we bergä hyzmat edişiniň hilini hasaba almak bilen karzyň hil ölçeginiň kesgitlenilişi

7. Sargyt №2973.

*28-nji tablisa*

**Karz alyjynyň maliýe ýagdaýyny we bergä hyzmat edişiniň hilini hasaba almak bilen karzyň hil ölçeginiň kesgitlenilişi**

| Bergä hyzmat edilişi | Gowy | Aralyk | Ýaramaz |
|---|---|---|---|
| Maliýe ýagdaýy gowy | Standart (I ölçegli hil) | Standart däl (II ölçegli hil) | Şübheli (III ölçegli hil) |
| Maliýe ýagdaýy aralyk | Standart däl (II ölçegli hil) | Şübheli (III ölçegli hil) | Meseleli (IV ölçegli hil) |
| Maliýe ýagdaýy ýaramaz | Şübheli (III ölçegli hil) | Meseleli (IV ölçegli hil) | Ygtybarsyz (V ölçegli hil) |

Karz boýunça berginiň hyzmat edilişi boýunça esasy bergi we göterim tölegler wagtynda we doly möçberde amala aşyrylyp, soňky 180 senenama günüň dowamynda karz bergi we göterimler boýunça iki-ýeke möhleti geçen tölegleri bolan ýagdaýynda oňaýly diýip hasaplanylýar. Bergä hyzmat edilişi esasy bergi hem-de göterim boýunça soňky 180 senenama gününiň dowamynda möhleti geçen tölegleriň bolan halatynda, oňaýsyz diýlip hasaplanylýar. Karz edaralary her bir berlen karz boýunça hemişe karz töwekgelligine baha bermelidir.

Karz töwekgelçiliginiň derejesine laýyklykda kesgitlenen ätiýaçlygyň möçberini hasaplamak maksady bilen esasy bäşölçegli hil topary bahalandyrylýar:

I (ýokary) ölçegli hil (standart karzlar) – karz boýunça töwekgelçiligiň bolmazlygydyr. Bu ölçegde karz alyjynyň borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda bolup biljek maliýe ýitgileriniň ähtimallygy nola deňdir.

II ölçegli hil (standart däl karzlar) – aram karz töwekgelçiligidir. Ikinji hil ölçegde karz alyjynyň borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda bolup biljek maliýe ýitgileriniň ähtimallygy, onuň gymmatynyň gaçmagynyň möçberini 1-den 20 göterime çenli şertlendirýär.

III ölçegli hil (şübheli karzlar) – ähmiýetli karz töwekgelçiligi hökmünde karz alyjynyň karzy boýunça borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda bolup biljek maliýe ýitgileriniň ähtimallygy onuň gymmatynyň gaçmagynyň möçberini 21-den 50 göterime çenli şertlendirýär.

IV ölçegli hil (meseleli karzlar) – ýokary karz töwekgelçiligini emele getirip, karz alyjynyň borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda bolup biljek maliýe ýitgileriniň ähtimallygyny, onuň gymmatynyň gaçmagynyň möçberini 51-den 100 göterime çenli şertlendirýär.

V (pes) ölçegli hil (ygtybarsyz karzlar) – karz alyjynyň tölege ukybynyň ýoklugy netijesinde karzy yzyna gaýtarmak mümkinçiliginiň bolmazlygy ýa-da borçnamalaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaklygy netijesinde karzlaryň doly (100 göterim möçberinde) gymmatynyň gaçandygyny şertlendirýär.

II-V ölçegli hile degişli edilen karzlar gymmatyny gaçyrýandyr.

*29-njy tablisa*

**Toparlara bölünen karzlar boýunça hasaplanan ätiýaçlyklaryň ululygy**

| Hil ölçegi | Atlary | Karzyň esasy bergisiniň jeminden hasaplanylan ätiýaçlygyň möçberi, %-de |
|---|---|---|
| I ölçegli hil (ýokary) | Standart | 0% |
| II ölçegli hil | Standart däl | 1-den 20%-e çenli |
| III ölçegli hil | Şübheli | 21-den 50%-e çenli |
| IV ölçegli hil | Meseleli | 51-den 100%-e çenli |
| V ölçegli hil (pes) | Ygtybarsyz | 100% |

Ätiýaçlyklar esasy berginiň jeminiň (karzlaryň balans gymmatynyň) çäklerinde döredilýär.

*30-njy tablisa*

**Karz töwekgelçiliginiň derejesiniň toparlanylyşy**

| Töwek-gelçilik topary boýunça | Töwekgelçilik derejesi | | | |
|---|---|---|---|---|
| | Karz bergisiniň möhlete garaşlylygy boýunça | Üpjünçilikli karzlar | Gümürtik üpjünçilikli karzlar | Üpjünçiliksiz karzlar |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1 | Möhletli karzlar | 2 | 2 | 2 |
| 2 | Möhleti geçen karzlar | | | |
| II | 30 güne çenli | 2 | 5 | 30 |
| III | 90 güne çenli | 5 | 30 | 75 |
| IV | 180 güne çenli | 30 | 75 | 100 |
| V | 180 günden ýokary | 100 | 100 | 100 |

Her çärýekde döredilen ätiýaçlyklaryň möçberi karzlary gaýtadan klaslara bölmek arkaly täzeden kesgitlenýär.

Karz töwekgelçilikleriniň toparlanyşyna baglylykda, karz goýumynyň umumy jemindäki töwekgelçilik derejesi kesgitlenilýär.

*31-nji tablisa*

**Töwekgelçilikleriň toparlanyşy boýunça bergidarlar**

| Toparlar boýunça | Söwda | Önümçilik | Jemi |
|---|---|---|---|
| I topar | 1614092 | 3327981 | 4942073 |
| II topar | | 316944 | 316944 |
| III topar | | 153739 | 153739 |
| IV topar | | 10847 | 10847 |
| V topar | | | |
| **Jemi** | **1614092** | **3809511** | **5423603** |

*32-nji tablisa*

**Karz töwekgelçilikleriniň möçberiniň şertli hasaplanyşy**

| Karz töwek-gelçiliginiň toparlary | Gündelik bergi-darlyk | Hasabat berilýän döwre möhleti geçen berginiň tölege garaşlylyk wagty (gün) | | | | Ko-effi-siýent | Gündelik bergidar-lygyň ätiýaçlygy | Möhleti geçen berginiň galan döwrüne ätiýaçlygynyň hasaplanan jemi (gün) | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 30 gün | 30–90 gün | 180 gün | hemmesi | | | 30 gün | 30–90 gün | 180 gün | hem-mesi |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** | **9** | **10** | **11** | **12** |
| I | 4942073 | | | | 4942073 | 2% | 98841 | | | | 98841 |
| II | | 316944 | | | 316944 | 5% | | 5847 | | | 15847 |
| III | | | 153739 | | 153739 | 3% | | | 46122 | | 46122 |
| IV | | | | 10847 | 10847 | | | | | 8135 | 8135 |
| V | | | | | | 100 | | | | | |
| **Jemi** | **4942073** | **316944** | **153739** | **10847** | **5423603** | | **98841** | **5847** | **46122** | **8135** | **168945** |
| 13999 hasapdaky galyndy | | | | | | | | | | | 192491 |
| Barlamak üçin (6-7) | | | | | | | | | | | – 23546 |

Bu ýerde: 5423603/(98841 + 15847 + 46122 + 8135 + 0) ∗ 100 = 3, 2%.

31-nji tablisadan görnüşi ýaly, bankyň 5-nji topardaky ygtybarsyz bergi boýunça töwekgelçiligi ýokdur. 4-nji topardaky töwekgelçilik bolsa, karz bukjasynyň ujypsyzja göterimini – 0,20% tutýar. Beýleki topardaky karzlaryň töwekgelçilikleri kanagatlanarly; 3-nji toparda 2,8%, standart däl 5,8% we standart karzlar boýunça töwekgelçilikleri düzýär.

Diýmek, täjirçilik bankynda hemme karzlar boýunça bolup biljek ýitgilere 3,2% ätiýaçlygy hakykatda hem döretmelidir. Bu ýerde töwekgelçiligiň derejesi karz bukjasy boýunça ýok diýen ýalydyr.

Analiziň indiki tapgyrynda döredilen ätiýaçlygyň ýeterlikdigini 13999, 14999-njy hasaplardaky hakyky döredilen ätiýaçlygyň jemi bilen deňeşdirmelidir. Tablisadan görnüşi ýaly, hakyky döredilen ätiýaçlyk (13999, 14999) – 192491 manada deň bolup, şertli hasaplanan ätiýaçlygyň möçberinden (168945) köpdür: 168945 – 192491= = –23546 müň manat.

Diýmek, ätiýaçlandyrmakdan artyk gelen 23546 manady bankyň girdejisi boýunça hasaba yzyna gaýtarmak möhümdir.

# VIII BAP
# BANKARA KARZLARYŇ ANALIZI

## 8.1. Bankara karzy (auksion) barada düşünje

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bankyň ýerleşdirmek üçin serişdeleriniň esasy çeşmesi hökmünde bankara karzlary hereket edýär. Bankara karzlar bank edaralarynyň arasyndaky ykdysady geleşikler esasynda wagtlaýynça boş duran pul serişdeleriniň dolanyşygyny sazlaşdyrmakda möhüm ähmiýete eýedir. Bankara karzlary daşyndan çekilen serişdeler hökmünde ulanylyp, olar adatça gysga möhletli bolýar. Mundan başga-da bankara karzlar bankyň gündelik likwidliligini çaklamak ýa-da goýlan serişdeleriň düşewüntliligini ýokarlandyrmak üçin goldaw berýär. Bu karzlar bankyň habarçy hasabynyň gatnaşyklary esasynda amala aşyrylýar. Bankara karz şertnamalarynyň esasy bölegi möhletli we möhletsiz şertnamalara degişlidir. Bankara karzlarynyň subýektleri hökmünde bankara birleşikleri, täjirçilik banklary, beýleki karz edaralary we Türkmenistanyň Merkezi banky karz alyjylaryň we karz berijileriň ornunda bir wagtyň özünde çykyş edip bilýärler. Bankara karzlary diňe bir bankyň işini ýöretmek üçin alynman, eýsem bankyň müşderilerini karzlaşdyrmaklyga gönükdirilýär. Şonuň üçin hem bankara karzlary aluw-satuw häsiýetlerine eýedir. Bankara karzlaryň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

- Karz şertnamasy esasynda alnan bankara karzlary;
- Aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylaryň esasynda bellenilen möhlete bank bilen göterime razylaşylan serişdeler (karz şertnamasy baglaşylýar);

- Aragatnaşyk hasabyndaky owerdraft görnüşindäki tölegli karzlar;
- Täjirçilik banklarynyň üsti bilen halk hojalygynyň pudaklaryny goldamaklyga ugrukdyrylýan merkezleşdirilen karzlar;
- Auksion geçirmek esasynda bölünen merkezleşdirilen karzlar;
- Aragatnaşyk hasaplaryndaky serişdeleriň galyndylaryna hem-de bankara karzy hökmünde garamak bolar. Bu bankara serişdeleriniň iň arzany bolup, göterimleri müşderileriň gündelik hasaplaryndaky göterim goýumlary derejesinde bolýar.

Türkmenistanyň çäginde eýeçiligiň dürli görnüşleri boýunça hereket edýän täjirçilik banklary karz serişdelerini Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan gurnalýan auksionda ýerleşdirýärler. Bankara karz bazary (auksion) – bu wagtlaýynça boş duran pul serişdelerini bank edaralarynyň biri-birine karz görnüşinde ýerleşdirmegidir.

Karz auksionynyň gurnalmagynyň esasy maksady – banklaryň erkin duran serişdelerini aýlanyşyga çekip, olary bank edaralaryna ýerleşdirmek arkaly karzlaşdyrmaklyga, şeýle-de banklaryň tölege ukyplylygyny goldamaklyga gönükdirilendir. Auksiona Türkmenistanyň Merkezi banky we Türkmenistanyň çäginde bellige alnan täjirçilik banklary gatnaşýar. Bu subýektleriň karz serişdelerini satyjy we alyjy hökmünde auksiona gatnaşyp, başga banklaryň adyndan serişdeleri satyn almaga hem-de şol serişdeleri öz adyndan ýerleşdirmeklige hukugy bardyr.

*33-nji tablisa*

| **Satlyga hödürlenýär** | **Auksionda satyn alynýar** |
|---|---|
| Möçberi(mln. manat) | Möçberi (mln. manat) |
| Möhleti | Möhleti |
| Iň az möçberi, ýyllyk % | Iň az möçberi, ýyllyk % |
| Serişdeleriň çeşmesi | Üpjünçiligiň barlygy |

Türkmenistanyň Merkezi banky, ýurdumyzda alnyp barylýan karz-pul syýasatynyň wezipelerine laýyklykda, şeýle hem bankara bazarynyň karz serişdelerine bolan islegini nazara alyp, erkin serişdeleriň bolan ýagdaýynda nobatdaky geçiriljek auksionyň geçiriljek senesini kesgitleýär.

Bankara karz amallary aktiwler we passiwler häsiýete eýedir.

Bankara karzlary we täjirçilik bankara depozit bazary. *Bankara depozitler* – bu bir bankyň beýleki bir bankdaky goýum hökmünde goýýan serişdesidir. *Bankara karzlar* – täjirçilik banklarynyň serişdeleriniň kuwwatlylygyny goldamak maksady bilen beýleki banklardan alan karz serideleriniň çeşmesidir. Karz we depozit gatnaşyklarynda bir bank beýleki bir bankyň müşderisi hökmünde çykyş edýär. Mundan başga-da banklar biri-birine wagtlaýynça maliýe kömeklerini hem berýärler.

Täjirçilik banklary karz serişdeleri esasan hem, çeşmesi hökmünde Türkmenistanyň Merkezi bankyndan alýan karz serişdeleri hereket edýär. Türkmenistanyň Merkezi banky karz serişdelerini, köplenç halatda gysga möhletli karzlar görnüşinde berýär. Bu ýagdaýda täjirçilik banklar ykdysady çäkleri we ätiýaçlyk möçberlerini hökmany ýagdaýda ýerine ýetirmelidir.

Türkmenistanyň Merkezi banky auksion gurnamak üçin bank işiniň analizini geçirende täjirçilik bankynyň bir ýylyň dowamyndan az bolmadyk işewürliginiň görkezijilerini, onuň hemme ykdysady kadalary ýerine ýetirişini, ätiýaçlyk gaznasyna tölegleri öz wagtynda geçirişini, hasabatlarynyň öz wagtynda we ýalňyşsyz tabşyrmagyny, analiz geçirilýän täjirçilik bankynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky aragatnaşyk hasabynda debet galyndysynyň bolmazlygyny, Türkmenistanyň Merkezi bankyndan, mundan öň gysga möhletli alnan karzynyň bolmazlygyny aňladýan görkezijileri bahalandyrýar.

## 8.2. Bankara karzlarynyň ulanylyşynyň analizi

Bankara karzlarynyň ulanylyşynyň analizini geçirmek, bankyň daşyndan çekilen serişdeleriniň düzüminiň emele geliş çeşmesiniň udel agramynyň bellibir döwür aralykdaky üýtgemelerine häsiýetnama bermekden başlanýar.

*34-nji tablisa*

**Daşyndan çekilen serişdelerde bankara karzynyň udel agramy**

| № | Daşyndan çekilen serişdeler | Hasabat ýylynyň başynda, %-de | Hasabat ýylynyň ahyrynda, %-de |
|---|---|---|---|
| 11 | «Talap edilýänçä» goýumlar | 4,5 | 6,1 |
| 22 | Möhletli depozitler | 17,1 | 10,2 |
| 33 | Ilat goýumlary | 1,0 | 1,8 |
| 44 | Bankara karzlary | 77,4 | 81,9 |
| | **Jemi** | **100** | **100** |

Bankara karzlar depozit goýumlarynyň bahasy bilen deňeşdirilende banka gymmat düşýär. Analiz geçirilýän täjirçilik bankynda hem, daşyndan çekilen serişdeleriň umumy jeminde gymmat düşýän serişdeleriň biri bolan bankara karzlaryň paýy ýokary bolup biler. Umuman bankyň likwidliligi nukdaý nazaryndan alanyňda daşyndan çekilen serişdeleriň udel agramynyň ösüş derejesi ýokarlanýar hemde karz serişdeleri kesgitli döwür aralyga (bankara karzlary, möhletli depozitler) durnuklaşýar. Ýöne muňa garamazdan bu bankyň peýda gazanmagyna garşylyklaýyn täsirini ýetirýär.

Täjirçilik banklarynyň bankara karzlaryna bolan garaşlylygynyň analizi geçirilende, onuň görkezijileriniň gaýtadan maliýeleşdirme koeffisiýentine gatnaşygy hasaplanylýar. Bellemeli zatlaryň biri hem täjirçilik banklaryň beýleki bank karzlaryna garaşlylygynyň derejesiniň juda köp bolmagy, onuň girdejililiginiň derejesini pese düşürýär.

Gaýtadan maliýeleşdirme koeffisiýentiniň beýleki banklardan alnan karz serişdelerine ($K_{b.s}$) bolan gatnaşygy şeýle hasaplanylýar:

**1.** $K_{1.m} = (K_{b.s})/K_g$,
bu ýerde $K_{b.s}$ – beýleki bankdan karzyna alnan serişdeler; $K_{1.m}$ – gaýtadan maliýeleşdirme koeffisiýenti; $K_g$ – karz goýumlarynyň umumy möçberi.

**2.** $K_{2.M} = (K_{b.s})/K_b$,
bu ýerde $K_B$ – bankara karzyna berlenler.

**3.** $K_3m = (K_{b.s})/B_o$,
bu ýerde $B_o$ – bank borçnamasy.

**4.** $K_4m = (K_{b.s})/(S_{s.n})$; $K_{4.m} = (K_{b.s})/(S_{s.b})$,
bu ýerde $S_{s.n}$ – netto ýa-da $S_{s.b}$ – brutto – hususy serişdeleriň umumy möçberi.

Gaýtadan maliýeleşdirme koeffisiýenti: Bankyň beýleki banklardan alan karz serişdeleriniň 1 manadyna düşýän gymmatynyň, karz goýumlarynyň, bankara karzlarynyň, çekilen serişdeleriniň, esaslyk gaznasynyň, balansyň umumy görkezijileriniň hem-de karz ululyklaryna bolan gatnaşyklaryny häsiýetlendirýär.

Häzirki döwürde gaýtadan maliýeleşdirme ulgamynda hereket edýän täjirçilik banklary, müşderileriniň karza bolan islegini öz serişdeleriniň hasabyna üpjün edýärler. Soňra gaýtadan maliýeleşdirme esasynda Türkmenistanyň Merkezi bankyndan alan serişdelerini müşderilerine berlen karzlaryň öwezini doldurmaklyga gönükdirýär.

Eger-de Türkmenistanyň Merkezi banky pul toplumynyň agramyny azaltmaklygy maksat edinýän bolsa, onda ol täjirçilik banklaryna berilýän karzlary azaltmak ýoly bilen karz restriksiýasy syýasatyny amala aşyrýar. Ýa-da tersine pul toplumynyň agramyny artdyrmaklygy göz öňüne tutýan bolsa, karz ekspansiýasy syýasatyny öňe sürüp, täjirçilik banklarynyň berýän karzlarynyň müşderilerini ösdürýär. Şeýlelikde, gaýtadan maliýeleşdirmek – täjirçilik bankynyň beýleki banklardan karzyna alan serişdeleriniň hasabyna aktiw karz amallarynyň emele gelmegi kesgitlenilýär. Banklarda gaýtadan maliýeleşdirme amallarynyň kömegi esasynda, pul serişdeleriniň sazlaşykly ýaýradylmagy üpjün edilip, olara bankara

karz amallarynda ulanyş ýagdaýyna getirmeklik gazanylýar. Gaýtadan maliýeleşdirme karzlarynyň auksiondaky satuw bahasynyň göterim derejesi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilýär. Döwletleriň Merkezi banklarynyň karzlar boýunça goýýan resmi göterim derejeleri *hasap* ýa-da *gaýtadan maliýeleşdirmek* diýip atlandyrylýar.

Halkara tejribesinde gaýtadan maliýeleşdirmek diýen düşünje bar bolan karzlary üzmek üçin täze çeşmeden alynýan serişdeleriň ulanylmagyny aňladýar.

Gaýtadan maliýeleşdirmeklik şu aşakdaky usullar boýunça amala aşyrylýar:

- Möhleti dolan karzlary öçürmek üçin täze gymmat bahaly kagyzlaryň çykarylmagy;
- Karzyň şertini pes derejede üzmek ýa-da onuň möhletini uzaltmak barada uýtgeşmeleri girizmek;
- Karzyň möhletini uzaldyp, onuň möçberini artdyrmak;
- Bankyň karz amallaryny ýeňillikli şertlerde alnan serişdeler bilen üpjün etmek;
- Karza goýlan girewi başga bir gozgalmaýan emläge çalyşmak.

Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan, täjirçilik banklaryny gaýtadan maliýeleşdirmeklik, adatça göni karzlaşdyrma ýa-da täjirçilik wekselleri hasaba almak arkaly amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirmek boýunça goýum derejesi, hökmany ätiýaçlyklar boýunça alyp barylýan syýasat bilen birlikde, pul karz sazlaşdyrmasynyň esasy guraly hasaplanylýar.

Gaýtadan maliýeleşdirmekligiň göterim derejesi ykdysady ösüşiň üýtgemeleri – pul hümmetsizlenmesiniň depgini, pul karz syýasatynyň aýry-ýary ugurlarynyň görkezijileri, halk hojalygynyň pudaklaryndaky ýagdaýlary bilen arabaglanyşykly bolýar. Şonuň üçin goýum göterimleriniň iň ýokary we iň pes derejeleri Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan wagtal – wagtal üýtgedilip durulýar.

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmensitanyň kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde hereket edýän ähli banklar Merkezi bankyň ýörite hasabyndaky zerur ätiýaçlyklaryň iň

pes derejesiniň bolmagy hökmany ýagdaýda üpjün edilmelidir. Täjirçilik banklarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasaplarynda saklanylýan pul serişdeleriniň jemi onuň ähli borçlarynyň jeminiň 20%-inden artyk bolmaly däldir.

Bank ulgamynda karz serişdelerini sazlaşdyrmak boýunça Gazna banklaryň daşyndan çeken serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Täjirçilik banklary bu gaznada ýuridiki we fiziki taraplardan çeken serişdeleriň jeminden şu aşakdaky goýumlary goýmaklyga borçlanýar. Milli pulda: möhletli goýumlar boýunça – 5%; galan görnüşleri boýunça – 25%. Daşary ýurt pulunda: möhletli goýumlar boýunça – 5%; galan görnüşleri boýunça – 8%. Goýum geçirmegiň tertibi aýma-aý hasaplaşyk hasaplaryndaky daşyndan çekilen serişdeleriň galyndylary boýunça hasaplanylýar.

## 8.3. Bankara karzynyň netijeliliginiň analizi

Bankara karzyna analiz geçirilende, onuň netijeliligine baha bermek üçin umumy daşyndan çekilen serişdeleriň bahasynynyň banka gelip düşen gymmaty bilen deňeşdirilýär. Serişdeleriň bahasy aşakdaky formulanyň esasynda tapylýar:

$$R_b = H/(B_{G.K}) \times 100\%,$$

bu ýerde $R_b$ – serişdeleriň bahasy; $H$ – serişdeleri satyn almak üçin çykarylan çykdajy; $B_{G.K}$ – bankara karzynyň çärýek boýunça ortaça galyndysy.

*35-nji tablisa*

**Bankyň daşyndan çekilen serişdeleri barada maglumat**

| № | Serişdeler | Möçberi | 2013 ý. | | Möçberi | 2014 ý. | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | bahasy | % | | bahasy | % |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 1. | «Talap edilýänçä» goýum | 2920 | 43,8 | 1.5 | 2760 | 55,2 | 2 |
| 2. | Möhletli goýum | 715 | 57,25 | 0,08 | 820 | 65,6 | 8 |

*35-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3. | Raýat goýumlary | 150 | 13,5 | 9,0 | 370 | 15 | 4 |
| 4. | Hasaplaşyk hasabyndaky serişdeler | 2000 | 40 | 2,0 | 2600 | 52 | 2 |
| 5. | Bankara karzy | 12000 | 65,3 | 0,5 | 13000 | 65,3 | 0,5 |
| **6.** | **Jemi** | **17785** | | | **19550** | | |

35-nji tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly deňeşdirilýän döwürlerde (2013–2014 ý.) daşyndan çekilen serişdeleriň umumy möçberinde bankara karzlaryň paýy ýokarydyr.

Şeýlelikde hasabat döwründe daşyndan çekilen serişdeleriň, şol sanda bankara karzlar boýunça çykdajylaryň möçberi azalmandyr. Eger-de bankara karzy çykdajylaryň bahasyna görä ýokary nyrhdan ýerlenmese netijeliligi pes bolýar. Bu ýerde bankara karzlaryň netijeliligi bankyň alyp barýan göterim syýasatyna hem baglydyr. Bankara karzlaryň aktiwlerde ýerleşdirmek üçin çeşme bolup çykyş etmegi, onuň serişdeleriniň satyn alnan bahasyndan ýerleşdirilýän bahasynyň möçberiniň ýokary bolup, ýerleşdirilýän wagtynyň sazlaşygy gazanylanda peýda emele gelýär. Şeýle-de bankara karzyna analiz geçirilende, onuň netijeliligine täsir edýän merkezleşdirilen karzlaryň görnüşlerini we olaryň baha aratapawudyny ýatdan çykarmaly däldir. Şol sanda gaýtadan maliýeleşdirmek we lombard karz boýunça analiz geçirilende ýene-de bellemeli zatlaryň biri bankara karzy boýunça möhleti geçen bergileriň tutýan göwrümidir. Bu mesele bankyň töleg ukyplylygynyň ($T_u$) görkezijisi bolup durýar we ony tapmak üçin şu aşakdaky formuladan peýdalanylýar:

$$T_u = ({}_{G.M}K)/B_k \times 100\%,$$

bu ýerde ${}_{G.M}K$ – möhleti geçen bankara karzy; $B_k$ – bankara karz.

Bu formula boýunça hasaplamak bankyň işine doly we dogry baha bermek üçin möhleti uzaldylan (prolongirlenen) serişdeler boýunça hem ulanylýar.

Bankara karzynyň girdejiligi boýunça koeffisiýentiniň ($K_{B.K}$) hasaplanylmagy, onuň dogry ulanylmagynyň netijeliliginiň görkezijisi bolup durýar.

$$K_{B.K} = (B_{D.K})/(B_{G.K}) *100\%,$$

bu ýerde $K_{B.K}$ – bankara karzynyň koeffisiýenti; $B_{D.K}$ – bankara karzynyň girdejileri; $B_{G.K}$ – bankara karzynyň ortaça galyndylary.

Bank işinde bankara karzy boýunça analizi ýokardaky hasaplamalar we deňeşdirmeler bilen doly geçirmek üçin maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda banklarda buhgalter hasabatynyň hasaplar meýilnamasyndaky «Bankyň girdejileri we çykdajylary» bölümleriniň balans hasaplarynyň galyndylary hem-de ýyllyk maliýe hasabatynyň «Maýadaky üýtgemeler» görnüşli hasabaty ulanylýar.

# IX BAP
# BANKYŇ MALIÝE ÝAGDAÝYNYŇ DURNUKLYLYGYNYŇ ANALIZI

## 9.1. Bankyň hususy maýasynyň ýeterlikdiginiň bahalandyrylyşy

Bankyň maliýe ýagdaýynyň görkezijileriniň durnuklylygyna obýektiw baha bermek üçin ilkinji nobatda bank maýasynyň ýeterlikdigine ykdysady analiz işlerini geçirmek möhüm ähmiýete eýedir. Bank işinde hususy maýanyň ýeterlikliligi diýen ykdysady düşünje bankyň müşderileriniň öňünde ynamdarlygyny bahalandyrýar. Hususy maýanyň ýeterlikdigi bahalandyrylanda maýanyň düzümi iki dereje boýunça häsiýetlendirilýär:

a) Birinji derejeli maýanyň düzümine şu aşakdakylar degişlidir:

- Goşmaça hususy serişdeler (bankyň adaty we ýeterlikli paýlary), ilkinji eýelerine paýlaryň bellenilen (nominal bahasyndan) ýokary bahadan satylmagyndan alnan serişdeler;
- Geçen ýylyň gaznalary, ätiýaçlyklary we paýlanylmadyk peýdasy, hasabat ýylynyň zyýany aýrylandan soňra paýlanan peýda;
- Satyn alnan hususy paýlar aýrylyp, esaslyk gazna tölenen.

b) Ikinji derejeli maýanyň düzümine aşakdakylar degişlidir:

- Hasabat ýylynyň peýdalanylmadyk peýdasy;
- Esasy serişdeleri täzeden bahalandyrmak gaznasy, möçberi birinji derejedäki maýanyň 50%-inden ýokary bolmadyk subordinirlenen bergi;

- Subordinirlenen karz bankyň möhletli bergisidir. Subordinirlenen karz berlende karz beriji öz karzyny yzyna diňe karz alyjynyň beýleki bergilerini (goýum, olar boýunça göterim tölegleri, bankyň işgärleriniň öňündäki zähmet haky boýunça bergileriň üzülmegi we ş.m.) öňünçä üzen ýagdaýynda talap etmäge borçlanýar. Ikinji derejä girizilen subordinirlenen karzyň azyndan ilkibaşda 5 ýylyň dowamynda üzmek şerti goýulýar we 5 ýylyň dowamynda her ýylyň subordinirlenen bergisiniň başlangyç bahasyndan birinji derejeli we ikinji derejeli umumy maýanyň möçberinden 20% maýa aýrylýar;
- Banklara, maliýe guramalaryna goýlan düýpli maýa goýumlary;
- Maddy aktiwleri satyn almak üçin çykarylan harajatlaryň hususy çeşmelerden artykmajy aýrylýar.

Hususy maýadaky serişdeleriň ýeterlikdigi iki kada boýunça häsýetlendirilýär. Bankyň birinji derejedäki hususy maýasynyň töwekgelçiligi hasaba alnyp, çekilen aktiwlere bolan gatnaşygynyň ($N_{1.1}$) iň pes derejesi 7% möçberinde bellenendir:

$$N_{1.1}=\frac{K_1}{(A_t-13999,14999-17602-17603-17604-17605-17606-17607-71105)}\times 100>7\%,$$

bu ýerde $K_1$ – bankyň birinji derejedäki hususy maýasy; $A_t$ – töwekgelçiligi hasaba alnyp çekilen bank aktiwleri.

Bankyň hususy maýasynyň jeminiň töwekgelçilik derejesi boýunça çekilen aktiwlere bolan gatnaşygynyň ($N_{1.2}$) iň pes möçberi 10%-den az bolmaly däldir:

$$N_{1.2}=\frac{K_1}{(A_t-13999,14999-17602-17603-17604-17605-17606-17607-71105-23101)}\times 100>10\%,$$

bu ýerde $K$ – bankyň hususy maýasy.

Bankyň hususy maýasynyň ýeterlikdigini bahalandyrmak üçin Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanan esaslyk maýanyň iň pes möçberi ABŞ-nyň bäş million dollarynyň resmi konwentirlenen manat möçberinde goýlandyr. Bu bolsa hususy maýa gatnaşygynda aktiwleriň ýagdaýyna baha bermek we olaryň töwekgel-

8. Sargyt №2973.

çilik derejesini hasaba almak arkaly kesgitlenilýär. Hususy maýanyň jeminiň ýeterlikdigininiň kadasynyň dinamikasy öwrenilende, onuň ösüş depgininiň derejesiniň ýokarlanmagyna ýa-da pese düşmegine üns berilýär. Hususy maýanyň ýeterlik kadasynyň üýtgemegi döwürleýin täsirler: her aýda, her çärýekde, alty aýyň dowamyndaky jemler boýunça bahalandyrylýar. Mysal üçin:

| | |
|---|---|
| 01.01.2013 ý. | 01.01.2014 ý. |
| $K$ = 3809.2 müň man. | $K$ = 5493.8 müň man. |
| $At$ = 18964.9 müň man. | $At$ = 24375.4 müň man. |

$$N_{1.2} = \frac{\textit{Bankyň hususy maýasy}}{\textit{Töwekgelçiligi hasaba alnyp çekilen bank aktiwleri}} \times 100\%;$$

$$N_{1.2} = 3809{,}2/18964.9 \times 100 = 20\%;$$
$$N_{1.2} = 5493{,}8/24375{,}8 \times 100 = 23\%.$$

Bank işinde döwürleýin üýtgemeler hususy maýanyň sazlaşykly ösüş depginini ýa-da töwekgelçilik derejesini açyp görkezýär. Hususy maýanyň birsyhly ösüş depgini bankyň durnuklylygyny häsiýetlendirýär. Şeýlelikde bankyň hususy maýasynyň ýeterlikdigini aňladýan görkezjileriniň aktiwleriň ösmeginiň hasabyna pese düşen halatynda, onuň sebäplerine we gurluşyndaky üýtgemelere töwekgelçiliginiň derejesine baglylykda analiz geçirmek zerurdyr. Aktiwleriň likwidliliginiň pese gaçmagy (möhleti geçen algylarynyň köpelmegi) bankyň karz syýasatynyň üýtgemeginiň netijesinde (berlen karzyň möhletiniň uzaldylmagyndan, gymmat bahaly kagyzlara maýa goýumlarynyň möhletiniň uzaldylmagy we beýleki sebäpler bilen baglanyşykly) bolup biler. Bir karz alyjynyň töwekgelçiliginiň iň ýokary möçberi ($N_5$) bir karz alyja düşýän karzlar, faktoring we berlen maliýe lizing boýunça bergileriň umumy jemine şol karz alyja ýa-da karz alyjylaryň bileleşikli toparyna berlen balansdan daşary borçlary goşup alnan jem ($P$) bankyň hususy maýasyna ($K$) gatnaşdyrylyp hasaplanylýar. Bu kadanyň uly derejesi bankyň hususy maýasynyň 20% möçberinde goýlandyr:

$$N_5 = P/K \times 100.$$

Bir karz alyjynyň töwekgelçiligi hasaba alnyp deňleşdirilen talaplaryň umumy jemi, bankda bolan bir karz alyja balansdan daşary talaplaryň (kepillikler, zamunlyklar) 100% hem goşup hasaplanandaky jemi bank maýasynyň 5%-inden artyk gelse, onda ol uly karz diýip hasaplanylýar. Uly karzlary bermek baradaky çözgüt hökmany suratda bankyň dolandyrmasy ýa-da karz topary tarapyndan karz bölüminiň gelen netijesi boýunça doldurylan degişli resminamalar esasynda kabul edilýär. Uly karz töwekgelçiliginiň iň ýokary möçberi – göterim derejede goýulýar we uly karz töwekgelçiliginiň jemini bankyň hususy maýasyna gatnaşdyryp tapylýar. Bank tarapyndan uly karzlaryň umumy möçberi, arabaglanyşykly karz alyjylary we balansdan daşary talaplaryň 100%-i hasaba alnyp, bank maýasynyň möçberiniň 8 essesinden ýokary bolmaly däldigi kesgitlenendir.

Bir karz alyja – paýdara düşýän töwekgelçiligiň iň ýokary möçberi ($N_7$) bank tarapyndan berlen karzlaryň, kepillikleriň, zamunlyklaryň jemini bankyň hususy serişdelerine gatnaşdyryp hasaplanylýar. Bu kadanyň iň ýokary jemi bankyň hususy maýasynyň 15% möçberinde kesgitlenendir:

$$N_7 = K_{a.p}/K \times 100,$$

bu ýerde $K_{a.p}$ – bankyň bir paýdaryna – ýuridiki ýa-da şahsy tarapa, bankyň arabaglanyşykly paýdarlar toparyna, edara görnüşli we şahsy taraplarynyň töwekgelçiligi hasaba alnyp, deňeşdirilen bank talaplarynyň (balansdan daşarkylary hem goşmak bilen) umumy jemidir.

Beýleki edara görnüşli taraplaryň paýlaryny satyn almak üçin bankyň hususy serişdelerini ulanmaklygyň kadasy ($N_8$) karz edarasynyň düýpli maýa goýumlarynyň möçberini karz edarasynyň hususy serişdelerine gatnaşdyryp, göterim görnüşinde hasaplanylýar:

$$N_8 = KI/K \times 100,$$

bu ýerde $KI$ – beýleki edara görnüşli taraplaryň paýlaryny satyn almaklyga düýpli maliýe goýum görnüşinde goýlan bankyň hususy serişdeleri we kadanyň iň ýokary derejesi bankyň hususy serişdeleriniň 25%-i möçberinde bolýar. Bir edara görnüşli tarapa paýyny satyn almaga goýlan bankyň düýpli maliýe goýumy, bankyň hususy serişdeleriniň 10%-inden artyk bolmaly däl diýip kesgitlenendir.

## 9.2. Bankyň töwekgelçilik derejesiniň analizi

Bazar ykdysadyýeti gatnaşyklarynda bank işiniň düşewüntliliginiň möçberi töwekgelçilik derejeleri bilen berk baglanyşyklydyr. Töwekgelçilik – bu meýilnama, çaklama, taslama maglumatlarynyň garaşylýan maglumatlardan çapraz düşmegi netijesinde, emele gelýän wakalar boýunça bolup biljek ýitgileriň, alynmadyk girdejileriň ölçeg gymmatyny aňladýar. Bankyň tejribesinde töwekgelçilik onuň serişdeleriniň bir böleginiň ýitirilmek ähtimallygyny, girdejiniň alynman galynmagyny ýa-da maliýe amallary amala aşyrylmagy netijesinde goşmaça çykdajylaryň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Häzirki döwürde bankyň işini netijeli dolandyrmak uly töwekgelçiligi talap edýär. Bank işinde dolandyryş töwekgelçiligine *menejment töwekgelçiligi* diýilýär. Bankda töwekgelçilikler, esasan hem karzyň yzyna gaýtarylmazlygy; düşewintlilik töwekgelçiligi; gündelik çykdajylaryň üýtgemek töwekgelçiligi we ş. m. amallar ýerine ýetirilende ýüze çykýar. Şeýlelikde bankyň esasy wezipesi: töwekgelçilikleriň emele gelmegini öňünden duýmak; bolup biljek ýitgileriň göwrümini bahalandyrmak; ýitgileriň öwezini dolmak üçin çeşmeleri toplamak bolup durýar.

Töwekgelçiligiň analizi serişdeleriň emele gelmeginiň sebäplerini aýdyňlaşdyrmakdan başlap, bolup biljek ýitgiler we gazanyljak peýdalary deňeşdirmek arkaly geçirilýär. Töwekgelçilik dogry hasaplanylan halatynda amallar boýunça ýitgilerden gaça durmaklygy üpjün edýär. Diýmek, töwekgelçilikler bahalandyrylanda öňden görmek, ýagny duýgurlyk analizini peýdalanmazlyk mümkin däldir. Duýgurlyk analizi – bu karz edaralarynyň hasabat döwrüniň ahyrynda sezewar bolýan bazar töwekgelçiliginiň her bir görnüşi boýunça, degişli görkezijileriň mümkin bolan üýtgemeleriniň peýda ýa-da ýitgilere we hususy maýa ýetirýän täsiriniň analizidir. Bu, esasan hem töwekgelçiligi hasaplamak üçin maglumatlaryň ýetmezçilik eden ýagdaýynda zerurdyr. Şonuň üçin hem duýgurlyk we hasaplaşyklar özara biri-biriniň üstüni doldurýar. Banklar bazar gatnaşyklarynda öz serişdelerini

ýerleşdirmek bilen ykdysady gatnaşyklaryny ýola goýýan subýektlerini, müşderlerini, bäsdeşlerini hemmetaraplaýyn bahalandyrmaklygy öwrenmelidirler. Bank işinde töwekgelçilik näçe uly diýip hasaplanylsa, şonça-da onuň peýdasynyň möçberi ýokary bolýar. Banklar, esasan hem göterim derejeleriň tapawudyndan, walýuta kursunyň üýtgemeginde töwekgelçilikli işleri amala aşyrýarlar. Şeýlelikde banklaryň esasy wezipesi – öz amallarynda töwekgelçilikler bilen peýda gazanmagy sazlaşykly alyp barmakdan ybaratdyr.

Grafik görnüşinde peýda we töwekgelçilikleriň gytaklaýyn gatnaşygyna seredeliň *(1-nji surat)*.




**1-nji surat.** $M\ (P)$ – meýilnamalaşdyrylan peýda, %;
$M\ (P_o)$ – maýa goýujynyň töwekgelçilik aradan aýrylan ýagdaýynda meýilnamalaşdyran peýdasy.

Mälim bolşy ýaly, eger-de töwekgelçilik ýeterlik derejede uly bolsa, onda garaşylýan peýda hem uludyr. Şekillendirilen grafige *gytaklaýyn tapawutsyz* diýilýär. Bu grafikde peýdanyň möçberiniň artmagynyň goşmaça töwekgelçilikleri talap edýändigi görünýär. Maýa goýujynyň hiç-hili töwekgelçiliginiň ýüze çykmadyk ýagdaýynda gytaklaýyn peýda alyp biljekdigini aňlamak bolýar. Ykdysady kategoriýalary ulanmak arkaly töwekgelçiligiň hilini absolýut we otnositel görkezijilerde suratlandyrmak bolar.

Absolýut ululyklarda töwekgelçilik derejesi bellibir amallaryň amala aşyrylmagy esasynda bolup biljek ýitgileriň möçberini görkezýär. Ýöne käbir ýagdaýlarda bu ýitgileri doly suratlandyrmak mümkin däldir. Mysal üçin, eger bank işinde bolup biljek ýitgileri hä-

siýetlendirýän karz serişdeleriniň möçberini, bankyň girdejileriniň we çykdajylarynyň möçberini kesgitlemeklik anyk amallar boýunça ýerine ýetirilýän bolsa, onda bu amallaryň töwekgelçilik derejesi otnositel ululyklarda görkezilýär. Töwekgelçiligiň üýtgemegine täsir edýän ähli faktorlary uçdantutma öwrenmek mümkin bolmaýandygy sebäpli, onuň netijeleri takmynan alynýar. Muňa garamazdan töwekgelçiligi bahalandyrmagyň binýadynda bankyň kesgitli ýitgileriniň möçberiniň tötänleýin emele gelmegi ähtimal ýitgilere garaşlydygyny unutmaly däldir. Bu garaşlylykda anyk ýitgileriň töwekgelçiliginiň emele geliş derejesi gytaklaýyn ähtimallylygy öz içine alýar. Gytaklaýyn ähtimallygy bahalandyrmak üçin: a) statistiki usuly we b) ekspert bahalandyrmak usullary ulanylýar.

a) Statistiki usulynda – banklarda seredilýän amallara degişli bolan ähli statistiki maglumatlarda ýitginiň emele gelmeginiň ähtimallygynyň derejesine analiz geçirilýär. Munuň üçin bolsa hasaplaryň anyk bolmagyny kepillendirýän statistiki maglumatlaryň uly möçberi saýlanylyp alynýar. Ýitginiň emele gelmeginiň ähtimallygy ($P_x$) şu formula arkaly tapylýar:

$$P_x = M/N,$$

bu ýerde $M$ – ýitginiň derejesiniň hakyky bolmagyna garaşylýan sany; $N$ – saýlanylyp alnan ýagdaýdaky umumy sany.

Ähtimallyk – garaşylýan hadysanyň san taýdan derejesini häsiýetlendirmek bilen berk baglanyşyklydyr.

Töwekgelçilikli hadysalar – garaşylýan girdejileriň gyşarmasyna täsir etmek netijesinde, onuň ähtimallygyny häsiýtlendirýär. Ýitgileriň dürli görnüşlerinde töwekgelçilikleriň emele gelmeginiň ähtimal nokatlary boýunça ykdysatçylar şu aşakdaky töwekgelçiliklere üns bemelidir:

*36-njy tablisa*

**Bank töwekgelçilikleriň esasy nokatlary**

| Ýitgi | | | Peýda | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Gyzgyn nokat | Töwekgelçilik etmeli däl nokat | Töwekgelçilige ýol berilýär | Töwekgelçiliksiz nokatlar | | | |
| $Ç_1$ | $B_1$ | $A_1$ | 0 | $A$ | $B$ | $Ç$ |

*Bellik.* $A$ – hasaplanan peýdanyň möçberi; $A_1$ – hasaplanan peýdanyň möçberine deň ululyk; $Ç$ – satuwdan gelen serişdeleriň möçberi; $Ç_1$ – satuwdan gelen serişdeleriň hasaplanan möçberine deň ululyk; $B$ – bankyň hususy serişdeleriniň möçberi; $B_1$ – bankyň hususy serişdeleriniň möçberine deň ululykdyr.

Töwekgelçilige ýol berilýän zolakdaky nokat – hasaplanan peýdanyň möçberinden ýokary bolmadyk ýitgileriň derejesini häsiýetlendirýär. Bu nokatda bank amallarynyň birnäçe görnüşleri boýunça töwekgelçilik edip biler. Ol öz işiniň netijesinde hiç bolmadyk ýagdaýynda peýda gazanyp bilmese-de bu amallary amala aşyrmak üçin önümçilik harajatlarynyň ýapylmagyna mümkinçilik döreder.

Töwekgelçilik etmeli däl – zolakdaky nokat hasaplanan peýdanyň möçberinden artyk gelýän ýitginiň derejesini görkezýär. Ýöne bu ýitgi söwdadan gelen serişdeleriň umumy möçberinden uly däldir. Töwekgelçiligiň şeýle derejä ýetmegi bankyň amallar boýunça emele gelen girdejisiniň, hemmesini ýitirmek howpuny aňladýar. Bu bolsa pul serişdeleri boýunça amallar üçin wagtyň artykmaç sarp edilmegine getirýär.

Gyzgyn nokatda – töwekgelçiligiň bu zolagynda bankyň hususy serişdeleriniň ýitirilmegi netijesinde banka batyp galmak howpy abanýar.

Şeýlelikde 0, $A_1$, $B_{1,}$ $Ç_1$ esasy nokatlary kesgitlemek zerurdyr. Muny kesgitlemek üçin mysal hökmünde gysga möhletli karzlar berlende töwekgelçiligiň derejesine seredeliň.

Töwekgelçilikli ýitgileriň emele gelmegi dört sany zolagyň çäginde 0, $A_1$, $B_{1,}$ $Ç_1$ nokatlarda bolmagy ähtimal diýip hasap edeliň. Bu ähtimallyk 0.8; 0.5; 0.2; we 0.05 gatnaşyga deňdir.

Görkezilen ululyklara garaşlylykda grafik guralyň *(2-nji surat)*.




**2-nji surat.**

*Bolup biljek ýitgiler.* Gytaklaýyň töwekgelçilik ýitginiň ululygyna gatnaşykda, onuň emele gelmeginiň ähtimallygyny görkezýär, bu ýerde *ab* – töwekgelçilige ýol berilýän zolakda; *bs* – töwekgelçilik etmeli däl zolakda; *d* – gyzgyn nokatda ýerleşýär.

Gytaklaýyn grafik gurmak netijesinde töwekgelçiligiň derejesini kesgitläp, anyk amallary amala aşyrmak üçin analiz işlerini geçimek netijesinde optimal derejede teklipler girizmek zerurdyr. Bu ýerde hiç-hili töwekgelçilige ýol bermeli däldir.

b) Ekspert bahalandyrmak usuly – bu bankyň tejribeli hünärmenleriň pikirlerini diňlemek arkaly töwekgelçiligi kämilleşdirmekdir. Bank amallary boýunça töwekgelçilik toparlanyşy we onuň görnüşleri. Bank töwekgelçilikleriniň meselelerine uly üns berilýär. Esasy meseleleriň biri hem bank töwekgelçilikleriniň dürli görnüşlerini hasaplamakdan we toparlandyrmakdan ybaratdyr. Töwekgelçilikleri toparlamagyň wajyp düzümleri şu aşakdakylara baglydyr:

– täjirçilik banklarynyň görnüşleri;

- bank töwekgelçiliginiň emele gelmegine täsir edýän faktorlaryň gurşawy;
- bank töwekgelçiliginiň derejesi;
- töwekgelçiligiň wagt boýunça bölünmegi;
- töwekgelçiligi hasaba almagyň häsiýetleri;
- bank töwekgelçiligini dolandyrmak mümkinçiligi;
- töwekgelçiligi dolandyrmaga serişdeler.

Bank amallary boýunça töwekgelçilikler içerki we daşarky görnüşlerde bolýar.

Içerki bank töwekgelçilikleri aktiw we passiw amallarda ýüze çykýar. Aktiwde ol karz, lizing, faktoring, kliring amallar boýunça ýüze çykýar. Passiwde depozit goýumlar, «Talap edilýänçä» goýumlar, bankara karz amallar boýunça ýüze çykýar. Mundan başga-da içerki bank töwekgelçilikler balansdan daşary hasaplarda hem amallar boýunça ýüze çykyp biler. Içerki bank amallarynyň töwekgelçilikleri häsiýetlendirilende, aktiw we passiw amallar bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriň emele gelmeginiň jemi baradaky maglumatlar suratlandyrylýar. Maliýe hasabatyň «Jebislendirilen balans», «Peýdalar we zyýanlar» görnüşlerindäki dürli töwekgelçilikleriň barlanylmagy geljekde banky dolandyrmaga ýardam berýär. Sebäbi bank işindäki emele gelýän töwekgelçiliklere hakyky baha berilýär. Mysal üçin, barlag $A_1$ – karzlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin hasabat berilýän senesine çenli ätiýaçlyklar döredilmese, onda şu aşakdaky ýagdaýlar emele geler. Bu barlagyň netijesinde balans hasabatynda «Karzlar boýunca bolup biljek ätiýaçlyklar» (13999,14999) hasaby köpelip, «Hasabat ýylynyň peýdasynyň» (32302) hasaby azalar. Girdejiler we çykdajylar baradaky hasabatda bolsa, «Karzlar boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlyklarynyň» üýtgemegi sebäpli «Hasabat ýylynyň arassa girdejisiniň» hasaby azalar.

Daşarky bank töwekgelçilikleri walýuta amallary amala aşyrylanda ýüze çykýar. Daşarky bank amallary boýunça töwekgelçilikler – – bu daşary ýurt walýutasynyň aluw-satuw hümmetiniň üýtgemegi netijesinde emele gelýän töwekgelçiliklerdir. Halkara bank işine walýuta amallary; daşary ýurt karzlary; maýa goýum işleri; halkara tölegleri; halkara hasaplaşyklary; walýuta we karz töwekgelçilikleriniň ätiýaçlandyrylmagy; halkara kepillendirmeleri degişlidir.

# X BAP
# BANKYŇ MALIÝE NETIJESINIŇ ANALIZI

## 10.1. Bankyň maliýe netijesiniň analiziniň maglumat çeşmelerini emele getirýän görkezijiler ulgamy

Täjirçilik banklarynyň maliýe işiniň ahyrky netijesi – bankyň ýerine ýetiren hyzmatlarynyň we amallarynyň hasabat döwründäki görkezijileri esasynda, onuň peýda gazanandygyny ýa-da ýitgi çekendigini anyklamak arkaly banalandyrylýar. Şu nukdaýnazardan bankyň maliýe netijesine analiz geçirmegiň binýadynda, bank işiniň peýdalylygynyň möçberini artdyrmak maksady bilen bar bolan mümkinçilikleri ýüze çykarmak arkaly geljek döwre meýilnama düzmek üçin teklipleri hödürlemekden ybaratdyr. Bank işi boýunça meýilnama düzülende: karz amallarynda ýerleşdirmek üçin daşyndan çekilýän maýany mümkin boldugyça arzan bahadan satyn almak; satyn alnan maýany karz ugurlary boýunça ýerlikli ulanmak hem-de bank hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmak arkaly, bankyň düşewintlilik derejesini ýokarlandyrmak; ynamdar müşderileri banka çekmek, karzlary kepillendirmek, karz bazaryny diwersifikasiýalaşdyrmak ýoly bilen bank töwekgelçiliklerini aradan aýyrmak ýaly ýörelgeleri iş tejribesine ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» Türkmenistanyň bank ulgamynyň 2011–2030-njy ýyllar üçin esasy maliýe görkezijileriniň ösüş depginini (%-de) meýilnamalaşdyrmagyň çäginde şu aşakdakylar göz öňünde tutulýar *(37-nji tablisa)*.

*37-nji tablisa*

| Görkezijiler | 2011 | 2012 | 2013 | 2014 | 2015 | 2016–2020 | 2021–2030 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Müşderileriň sany | 6,5 | 5,0 | 20,0 | 2,0 | 2,0 | 8,0 | 10,0 |
| **Edara, kärhanalara we raýatlara berlen karzlar** | 11,7 | 10,1 | 10,0 | 11,3 | 8,0 | 1,3 esse | 1,7 esse |
| – milli pulda | 14,1 | 13,6 | 12,7 | 14,2 | 10,5 | 1,4 esse | 1,9 esse |
| – daşary ýurt pulunda | 8,4 | 5,3 | 5,9 | 6,5 | 3,7 | 1,25 esse | 1,5 esse |
| Eýeçiligiň görnüşine görä: | | | | | | | |
| Döwlet edaralaryna we kärhanalaryna berlen karzlar | 10,9 | 9,4 | 9,3 | 9,6 | 6,8 | 1,3 esse | 1,6 esse |
| Hususy bölege berlen karzlar | 19,7 | 16,9 | 16,5 | 25,1 | 17,0 | 1,5 esse | 2 esse |
| **Edaralardan, kärhanalardan we raýatlardan çekilen serişdeler** | 19,0 | 17,0 | 17,0 | 13,0 | 13,0 | 1,4 esse | 1,8 esse |
| – milli pulda | 25,0 | 21,0 | 19,0 | 14,0 | 13,0 | 1,4 esse | 1,8 esse |
| – daşary ýurt pulunda | 6,0 | 5,0 | 10,0 | 9,0 | 15,0 | 1,3 esse | 1,6 esse |
| **Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karzlary** | 10,0 | 10,0 | 8,0 | 6,0 | 6,0 | 20% | 4% |
| Hususy serişdeler | 15,0 | 12,0 | 10,0 | 9,0 | 9,0 | 1,4 esse | 1,8 esse |

Bank işiniň maliýe netijeliliginiň analiziniň öňünde durýan esasy wezipeler bankyň peýdasynyň düzümini barlamak; girdejileriň meýilnama boýunça ýerine ýetirilişini bahalandyrmak; maliýe netijeliligine täsir edýän faktorlary ýüze çykarmak; girdejililigi artdyrmak üçin bar bolan ätiýaçlyklary kesgitlemekden ybaratdyr.

Bankyň ahyrky maliýe netijelerine analiz işleri geçirilende, onuň emele gelmegine täsir edýän birnäçe içerki we daşarky faktorlar toplumlaýyn bahalandyrylýar. Daşarky faktorlara bankyň geografiki yerleşişi, hyzmat edýän binýatlaýyn müşderileriniň sanynyň ýeterlikdigi, beýleki banklaryň arasynda bäsdeşlik ukyby, maliýe bazarynda ösmek mümkinçiliginiň derejesi, çäkdäki durmuş-syýasy ýagdaý, döwlet tarapyndan berilýän goldawyň bolmagy we ş. m. degişlidir. Bankyň maliýe netijeliliginiň görkezijilerine onuň hususy maýasynyň ýeterlikdigi, hususy we daşyndan çekilen serişdeleriniň möçberi, daşyndan çekilen serişdeleriň aktiw amallar boýunça ýerleşdirilişi, girdeji getirýän we getirmeýän amallar, innowasion tehnologiýanyň ulanylyşy, bankyň şahamçalary boýunça girdejileri, içerki gözegçiligiň we auditiň guralyşy, bank işini netijeli dolandyrmagyň hili we ş. m. içerki faktorlar täsir edýärler. Bankyň işiniň ahyrky netijesi peýda ýokarda sanalan içerki we daşarky faktorlaryň maliýe netijesiniň görkezijilerine oňaýly täsir eden halatynda emele gelýär. Täjirçilik banklarynyň işine täsir edýän faktorlaryň köptaraplylygy, ony şertlendirýän ykdysady gökezijiler boýunça bolup geçýän üýtgeşmeleri bilen hem berk baglanyşyklydyr. Şu nukdaý nazardan bank işiniň anyrky netijesini öwrenmek üçin ykdysady görkezijiler ulgamyny peýdalanmak zerurdyr. Ykdysady görkezijiler ulgamy bank işiniň ahyrky maliýe netijeleriniň emele gelmegine hemmetaraplaýyn täsir edýän özara baglanyşykly ykdysady ýagdaýlary bahalandyrýan görkezijiler toplumydyr.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülen Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasynyň «Girdejiler» bölüminiň 41101-nji balans hasabyndan başlap, 46404-njä çenli balans hasaplarynyň galyndylary we «Çykdajylar» bölümindäki 51102-nji balans hasabyndan 51902-nji balans hasaplary aralykdaky galyndylar bilen bir hatarda «Bankyň maýasy» hasabat we geçen ýyllaryň paýlanylmadyk peýdasy-ýapylmadyk ýitgisi baradaky 32301–32303-nji balans hasaplarynyň galyndylary boýunça görkezijiler ulanylýar. Bu balans hasaplar boýunça maliýe netijeleriniň görkezijileri baradaky maglumatlar öwrenilende, buhgalter hasabynyň hasaplama ýörelgesine laýyklykda girdejiler we

çykdajylar hasaba alnanda, olaryň tölenen möhletine bagly bolmazdan, degişli döwründe ykrar edilýändigine üns bermelidir.

Bankyň maliýe netijesiniň analizini geçirmek üçin esasy maglumat çeşmesi hökmünde maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülen ýyllyk maliýe hasabatynyň ähli görnüşleri boýunça görkezilýän maglumatlar ulanylýar. Bankyň ahyrky maliýe netijesini häsiýetlendirýän umumy peýda hakyndaky *(2-nji görnüş)* hasabatda şu aşakdaky görkezijiler boýunça maglumatlar giňişleýin açyp görkezilýär:

- göterim girdejiler we göterim çykdajylar;
- sap göterim girdejiler/göterim çykdajylar;
- karzlaryň arzanlamagy boýunça ätiýaçlyklaryň üýtgemesi hem-de ätiýaçlygyň döredilenden soňky sap göterim girdejileri;
- hyzmat haky we ýygym görnüşündäki girdejiler we çykdajylar;
- maliýe gurallary (her bir görnüşi) bilen geçirilýän amallar boýunça çykdajylar aýrylandan soňky girdejiler;
- gaýry amaly girdejiler;
- daşary ýurt puluny täzeden bahalandyrmak boýunça çykdajylar aýrylandan soňky girdejiler;
- amaly girdejileriň jemi;
- maliýe aktiwleriniň her bir görnüşi boýunça arzanlamakdan çekilen ýitginiň möçberi;
- dolandyryş we hojalyk çykdajylary;
- gaýry çykdajylar;
- salgyt salynmazdan öňki peýdanyň möçberi;
- peýda salynýan salgyt boýunça çykdajylar;
- hasabat döwüriniň peýdasy;
- umumy peýdanyň gaýry düzüm bölekleri baradaky maglumatlar;
- esasy serişdeleri täzeden bahalandyrmagyň ätiýaçlyk gorunyň üýtgemesi;
- satmak üçin bar bolan gymmatly kagyzlary täzeden bahalandyrmagyň ätiýaçlyk gorunyň üýtgemesi;

- gaýry täzeden bahalandyrmagyň ätiýaçlyk gorunyň üýtgemesi;
- paýly gatnaşyk usuly bilen hasaba alynýan, assosirlenen we bilelikdäki kärhanalaryň gaýry umumy peýdasyndaky paýy;
- umumy peýdanyň gaýry görnüşlerine degişli bolan peýda salynýan salgyt;
- hasabat döwri boýunça ählumumy peýdanyň jemi. Mundan başga-da bankyň maliýe netijesiniň analizinde, täjirçilik banklarynyň her çärýekde düzýän buhgalter hasabatynyň görkezijileri baradaky maglumatlar hem peýdalanylýar. Bank işiniň maliýe netijesine baha bermek üçin girdejileriň we çykdajylaryň düzümindäki görkezijileriň her biri hakynda maglumatlar aýratynlykda açylyp görkezilmelidir.

## 10.2. Bankyň girdejileriniň düzüminiň analizi

Täjirçilik banklary öz müşderilerine döwrebap hyzmatlary ýerine ýetirmekden hem-de banka girdeji getirýän dürli amallary amala aşyrmakdan gelen girdejileri hasaplaýarlar:

a) Bankyň karz bukjasyndan gelýän girdejilere göterimli girdejiler diýilýär.
b) Müşderilere ýerine ýetirilen hyzmatlardan gelýän girdejilere hyzmat haky girdejiler diýilýär.

Bankyň girdejileriniň düzüminiň analizini geçirmek üçin maglumatlar toparlandyrylyp, bankyň göterim girdejileri, göterim däl girdejileri we pul däl girdejileriniň her biri aýratynlykda üns bilen öwrenilmelidir.

Göterim girdejilerine bankyň ýuridiki we fiziki taraplara beren karz serişdeleri boýunça girdejilerinden, bankara karzlardan we depozitlerden, ýerleşdirlen «owernaýt» depozitleri boýunça göterim girdejilerinden hem-de gymmat bahaly kagyzlara maliýe goýumlaryndan gelen girdejiler, bank hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmegine göterim görnüşinde tölenilýän pul serişdeleri degişlidir. Bankyň göterim girdejileriniň düzümi aşakdaky toparlara bölünýär:

- aragatnaşyk hasaplary boýunça göterim girdejilerine: Türkmenistanyň Merkezi bankynda we beýleki banklarda açylan aragatnaşyk hasaplary boýunça göterim girdejileri.
- «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejilerine Türkmenisanyň Merkezi bankynda we beýleki banklarda ýerleşdirilen «owernaýt» depozitler boýunça göterim girdejileri (gysga möhletli karz);
- Türkmenistanyň Merkezi bankyna, beýleki banklara we halkara guramalaryna hem-de maliýe däl gurluşlara bolan berlen karzlar boýunça göterim girdejileri;
- gymmatly kagyzlar boýunça göterim girdejileri;
- gaýry göterim girdejileri degişlidir.

Bankyň gaýry göterimler boýunça girdejileri diýip täjirçilik bankynyň öz şahamçalaryna beren karz serişdeleri boýunça göterim girdejileriniň möçberleri hasaplanylýar. Girdejileriniň agramly bölegini ýygym girdejileri tutýan bankyň halk hojalygynyň pudaklaryna karz bermek, şeýle-de täze bank amallary bolan liziňg, faktoring amallary bilen çäkli möçberlerde örän serasaplyk bilen hereket edýändigini bellemek bolar. Bankyň göterim girdejileriniň esasy agramly bölegi marža göterimi görnüşinde depozit we karz amallarynyň aratapawudyndan emele gelýär.

Bankyň göterim däl girdejileriniň düzümine analiz geçirilende bolsa:

- hyzmat haky girdejileri;
- diling amallary (daşary ýurt puluny alyp-satmak) boýunça göterim däl girdejileri;
- girewe alnan emläkleri we haryt maddy ätiýaçlyklary ýerlemekden alnan bankyň girdejileri;
- bankyň esasy serişdelerini we maddy däl aktiwlerini ýerlemekden alýan girdejileri we ş. m. göterim däl girdejileri baradaky maglumatlardan peýdalanylýar.

Bank işi däl amallardan alnan gaýry girdejilere muzdsuz alnan esasy serişdeler, maddy we maddy däl aktiwler degişlidir. Banklarda pul däl amallardan gelen girdejiler hem birnäçe toparlara bölünýär:

- daşary ýurt puluny täzeden bahalandyrmak boýunça girdejiler;

- gymmat bahaly metallary täzeden bahalandyrmak boýunça girdejiler;
- bankyň maýa goýumlaryndan girdejileri.

Karz girdejisine bankyň öz müşderilerine berýän karz serişdesinden, bankyň öz iş salyşýan beýleki täjirçilik banklaryna ulanmaga beren karz serişdelerinden gelýän göterim girdejileri degişlidir.

Gorag girdejisi bankyň wekillikli hyzmatlaryndan emele gelýär. Ýagny banklaryň öz müşderilerniň emläklerini barlamakda, gymmat baha kagyzlaryna gözegçilik etmekde, hasaplardaky serişdelerine müşderileriň tabşyrygy esasynda aýratyn amallary geçirmek boýunça tölegleriň kesgitlenilmegi muňa mysal bolup biler.

Bankyň girdejileriniň düzümine analiz geçirilende göterim girdejileri we göterim däl girdejileri boýunça görkezijiler aýratynlykda öwrenilýär. Mälim bolşy ýaly bankyň göterim girdejileri has-da uly ähmiýete eýedir *(38-nji tablisa)*.

*38-nji tablisa*

**Bankyň göterim girdejileriniň düzüminiň analizi**

| Göterim girdejileri | Udel agramy, %-de | Ösüş depgini (pese düşmegi) %-de | Göterim girdejisini almak üçin ulanylýan aktiwler | Udel agramy, %-de | Ösüş depgini (pese düşmegi), %-de |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Bankyň karz we depozit amallaryna ýerleşdiren serişdeleri boýunça girdejiler | 18,2 | 115,3 | Bankdaky serişdeler | 12,9 | 125,5 |
| Müşderilere berlen karzlardan gelen girdejiler | 43,4 | 93,9 | Bankyň ätiýäçlyk gorunyň hasabyna karzyň ýapylmagy | 54,6 | 136,7 |

*38-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Lizinge berlen esasy serişdelerden gelen girdejiler | 12,6 | 104,7 | Lizing amallary | 8,6 | 128,1 |
| Gymmat bahaly kagyzlardan hemişelik girdejiler | 21,3 | 118,5 | Satmak üçin niýetlenen gymmatly kagyzlar | 20,1 | 74,2 |
| Beýleki çeşmelerden girdejiler | 4,5 | 132,1 | Gaýry aktiwler | 3,8 | 65,2 |
| **Jemi** | **100** | **–** | **Jemi** | **100** | **–** |

Tablisanyň maglumatlary umumy göterim girdejisiniň esasy udel agramyny (43,4%) müşderilere berlen karzlar boýunça göterim girdejisiniň tutýandygyna şaýatlyk edýär. Onuň seredilýän döwürde möçberi 6,1% pese düşüpdir. Bu ýerde bankyň karz boýunça bergidarlygy hem-de girdeji almak üçin ulanylýan aktiwleriniň möçberi (54,6%) göterim girdejileriň aratapawudy bilen deňeşdirilende 36,7% artypdyr. Bu ýerde bankyň karz amallary boýunça göterim girdejisiniň pese düşendigine deňeşdirilen faktorlar şaýatlyk edýär. Göterim däl girdejileriniň göterim girdejileri bilen deňeşdirilende has ýokary bolmagy bankyň ykdysadyýete bolan gatnaşygynyň pes derejededigini görkezýär.

Bankyň göterim girdejilerine *39-njy tablisanyň* maglumatlary boýunça analiz geçirilen pursatynda göterim girdejisini emele getirýän aktiwleriň umumy möçberiniň we düzüminiň ösüş depgini anyklanylýar. Soňra aktiwleri ulanmak arkaly gelen girdejileriň ösüş depginini (pese düşmegini) ýerleşdirmek üçin harajatlar bilen deňeşdirilýär.

9. Sargyt №2973.

*39-njy tablisa*

| № | Bankyň girdejisini emele getirýän ululygyň aktiwlere bolan gatnaşygy | $T_1$ Wagt aralygy, ýyl | $T_2$ Wagt aralygy, ýyl | $T_3$ Wagt aralygy, ýyl |
|---|---|---|---|---|
| 1 | $\dfrac{\textit{Berlen karzlar boýunça alnan göterimler}}{\textit{Umumy berlen karzlaryň jemi}}$ | 0,29 | 0,31 | 0,52 |
| 2 | $\dfrac{\textit{Karzlar boýunça alnan wagtynda tölenmedik göterimler}}{\textit{Wagtynda tölenmedik esasy berginiň möçberi}}$ | 0,06 | 0,02 | 0,03 |
| 3 | $\dfrac{\textit{Möhleti geçen göterimleriň alnany}}{\textit{Möhleti geçen berginiň ululygy}}$ | 0,86 | 0,75 | 0,96 |
| 4 | $\dfrac{\textit{Gaýry ýerleşdirilen serişdelerden gelen göterimler}}{\textit{Göterim görnüşinde tölenilýän gaýry ýerleşdirmeleriň ululygy}}$ | 0,01 | 0,01 | 0,01 |
| 5 | $\dfrac{\textit{Depozitler we gaýry ýerleşdirmeler boýunça göterimler}}{\textit{Şertnama boýunça goýulan depozitler we gaýry ýerleşdirmeler}}$ | – | – | – |

Bankdan berlen umumy karzlaryň möçberiniň alnan göterimler boýunça deňeşdirilmegi netijesinde wagtynda tölenilmedik göterimleriň hem-de möhleti geçen göterimleriň bankyň girdejililigine ýetirýän täsiriniň hakyky üýtgemegi öwrenilýär.

Bankyň göterim däl girdejileriniň analizi geçirilende, onuň umumy girdejileriň möçberindäki tutýan paýyny kesgitlemekden başlanýar. Soňra banka has köp girdeji getirýän hyzmatlary anyklamak, bankyň müşderilerine ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleri boýunça hyzmat haky girdejileriň (tarifleriň) ulanylyş usulyny bahalandyrmak, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hakyky özüne düşýän gymmatyny öwrenmek, bank hünärmenleriniň müşderilere hyzmatlary ýerine ýetiriş derejesiniň we hiliniň sazlaşygyny kesgitlemek bilen

baglanyşykly meselelere seredilýär. Müşderilerden alynýan göterim däl hyzmat haky girdejileriň möçberine: kepil geçmek, kassa, inkassasiýa, hasaplaşyk amallary boýunça hyzmatlarynyň hiline täsiri öwrenilýär. Mundan başga-da göterim däl girdejilerine analiz işleri geçirilende, banka jerime hökmünde gelen girdejileriň göwrümi bahalandyrylanda, hasaplaşyk we amallaryň beýleki görnüşlerinden aýratyn topara bölmek arkaly öwrenilýär. Bankyň hasabat döwründe alýan girdejisiniň üýtgemegine puluň hümmetiniň pese düşmegi täsir edýän bolsa, onda anyk hasaplama geçirmek üçin aýlyk, çärýeklik we ýarym ýyllyk wagt aralykdaky hümmetsizlenmek indeksleri kesgitlenilýär. Munuň üçin öwrenilýän her bir döwür üçin aýratynlykda girdejileriň emele gelmegini üpjün edýän esasy faktorlaryň wertikal analizini geçirmek, onuň dinamikasyny öwrenmek üçin bolsa gorizontal analizi geçirmek ýeterlikdir. Täjirçilik bankynyň girdejileriniň gurluşynyň we dinamikasynyň analizini geçirmek üçin 40-njy tablisanyň maglumatlaryny peýdalanmak bolar.

Bankyň girdejileriniň düzümleýin analiziniň maksady girdejileriň esasy görnüşleriniň, durnukly çeşmeleri, olaryň geljekki akym derejesiniň bahalandyrylmagy bolup durýar. Analiz işleri, esasan hem geçen döwrüň hakyky maglumatlary bilen hasabat döwrüniň hakyky maglumatlary deňeşdirilip geçirilýär.

Ýylyň başynda bank meýilnamasynyň ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklamak üçin hasabat döwrüniň meýilnama görkezijileriniň maglumatlary bilen hakyky maglumat görkezijileri deňeşdirilýär. Bankyň girdejileriniň düzümine analiz işleri geçirmeklik, girdejileriň göterimli-göterimsiz görnüşleriniň her biriniň umumy girdejileriň göwrümindäki tutýan udel agramyny, olaryň bank işine degişli däl amallardaky möçberini hem-de gaýry amallar boýunça düzümini öwrenmek arkaly amala aşyrylýar.

*40-njy tablisa*

| **Bankyň girdejileri** | $T_1$ | | $T_2$ | | | $T_{3\text{-gindelik}}$ | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **Müň manat** | **%-de** | **Müň manat** | **Hümmetsizlenmegi (1,7) hasaba almak bilen** | | **Müň manat** | **Hümmetsizlenmegi (1,9) hasaba almak bilen** | |
| | | | | **Müň manat** | **%-de** | | **Müň manat** | **%-de** |
| Karzlar boýunça göterim girdejileri | 44790 | 43,13 | 53271 | 31336 | 51,63 | 53251 | 28027 | 38,63 |
| GBK-lar boýunça amallardan girdejiler | 18638 | 17,95 | 15324 | 9014 | 14,85 | 25642 | 13496 | 18,60 |
| Daşary ýurt walýuta amallaryndan girdejiler | 11902 | 11,46 | 14325 | 8426 | 13,88 | 17322 | 9117 | 12,57 |
| Alnan diwidendler | | | 782 | 460 | 0,76 | | | |
| Peniýa, jerime girdejileri | 300 | 0, 29 | 220 | 129 | 0,21 | 420 | 221 | 0,30 |
| Çaýry girdejiler | 28216 | 27,17 | 19252 | 11325 | 18,66 | 41212 | 21691 | 29,90 |
| Jemi girdejiler | 103846 | 100 | 103174 | 60690 | 100 | 137847 | 72551 | 100 |

Bu ýerde $K_h$ – hümmetsizlenmek koeffisiýenti.

Bankyň göterim we göterim däl girdejileriniň her biri aýratynlykda toparlandyrylýar *(41-nji tablisa)*.

*41-nji tablisa*

**Bankyň göterim girdejileri**

| № | Girdejileriň görnüşleri | Möçberi (m.m.) | %-de |
|---|---|---|---|
| 1 | Sarp ediş karzy | 130000 | 29 |
| 2 | Döwlet edaralaryna berlen karzlardan gelýän girdejiler | 50000 | 11,1 |
| 3 | Döwlete dahylsyz edaralara berlen karzlardan gelýän girdejiler | 100000 | 22 |
| 4 | Telekeçilere berlen karzlardan gelýän girdeji | 150000 | 33 |
| 5 | Daşary ýurt raýatlaryna we edara kärhanalarna berlen karzlarda gelýän girdeji | 20000 | 4,4 |
| | **Jemi** | **450000** | **100** |

Bankyň girdejileriniň gurluşynyň analiziniň geçirilmeginiň netijesinde, onuň girdejileriniň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda girdejililigiň ösüş depgini kesgitlenilýär. Mundan başga-da bankyň girdejililik derejesine baha bermek üçin şu aşakdaky maliýe koeffisiýentleri ulanylýar:

$$K_1 = \frac{Marža\ göterimi}{Aktiwler};$$

$$K_2 = \frac{Göterim\ däl\ girdejiler}{Aktiwler};$$

$$K_3 = \frac{Göterim\ däl\ girdeji - Göterim\ däl\ çykdajy}{Marža\ göterimi}.$$

Bu maliýe koeffisiýentleriniň esasynda koeffisiýentiň kadalaşdyrylyş derejesiniň ähmiýetini, onuň hakyky görkezijileriniň mazmuny bilen deňeşdirmek arkaly bankyň girdejililik derejesiniň, bankyň reýtinginiň üýtgemelerine bolan gatnaşygyny kesgitlemek

mümkinçiligi döreýär. Bankyň hasabat we geçen döwürlerdäki ösüş depginini häsiýetlendirýän, onuň ösüşiniň hakyky mazmuny bahalandyrylanda $K_1$, $K_2$ koeffisiýentleriň peselmegi, $K_3$ koeffisiýentiň bolsa ýokarlanmagy bankyň reýtingini aşakladýar *(42-nji tablisa)*.

*42-nji tablisa*

**Maliýe koeffisiýentiniň hasaplanylyşy**

| Görkezijiler | 2013 | 2014 |
|---|---|---|
| Aktiwler | 21245 | 28074 |
| Marža göterimi | 7638 | 7450 |
| Göterimsiz girdeji (+) | 524 | 875 |
| Göterimsiz çykdajy (–) | 1665 | 700 |
| Göterimsiz girdeji – göterimsiz çykdajynyň jemi | –1141 | +175 |
| $K_1$, % | 36 | 27 |
| $K_2$, % | 2,5 | 3,1 |
| $K_3$, % | –14,93 | 42,57 |

Bu ýerde $K_1 = 7638/21245 \times 100 = 36\%$;

$$K_2 = 524/21245 \times 100 = 2{,}5\%;$$

$$K_{3\,(2013\text{ ý.})} = (-1141)/7638 \times 100 = -14{,}93\%;$$

$$K_{3\,(2014\text{ ý.})} = 175/7450 \times 100 = 42{,}57\%.$$

2013-nji ýylda göterim maržasynyň derejesi pese düşýär ($K_1$), göterimsiz girdeji bolsa ($K_2$) artýar. Göterimsiz girdeji bilen göterimsiz çykdajynyň aratapawudy ($K_2$) bolsa 2014-nji ýylda geçen döwür bilen deňeşdirilende (+175 müň manat) artmagy netijesinde marža göteriminiň üstüni ýapmaga mümkinçilik döredýär.

## 10.3. Bankyň çykdajylarynyň düzüminiň analizi

Bankyň çykdajylarynyň düzümine analiz geçirmek üçin maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda banklarda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasyndaky «Çykdajylar» bölüminiň ähli balans hasaplarynyň galyndylary, ýyllyk maliýe hasabatynyň degişli görnüşleri maglumat çeşmesi hökmünde çykyş edýär *(43-nji tablisa)*.

Bankyň çykdajylary göterimli we göterimsiz çykdajylara bölünýärler:

a) Göterimli çykdajylara wagtlaýyn çekilen serişdeler üçin göterimli tölegler degişlidir.

b) Göterimsiz çykdajylara:

1 Dolandyryş diwanyny saklamak üçin çykdajylar;

2. Hyzmat haky çykdajylary;

3. Banklar bilen geçirilen amallar boýunça çykdajylar;

4. Ýygym çykdajylary degişlidir.

Şeýle-de ýygnalan häsiýetdäki çykdajylara, bank hyzmatlarynyň ýerine ýetirilýän pursadyndaky çykdajylar, zähmet haky, baýrak haky üçin pul serişdeleriniň çykdajylary, durmuş ätiýaçlandyryş edaralaryna çykdajylar, zähmet rugsady üçin çykdajylar, iş jaýlaryny saklamak we abatlamak üçin çykdajylar, bank edaralaryny goramak üçin çykdajylar, iş saparlary üçin çykdajylar we ş. m. degişlidir. Bankyň çykdajylarynyň düzümine analiz geçirilende salgytlara geçirmeler; bank önümini öndürmek üçin harajatlar; göterimli çykdajylar; daşyndan çekilen serişdeler boýunça çykdajylar; hyzmat haky çykdajylary; walýuta amallary boýunça (walýuta satyn almak, walýuta serişdelerine täzeden nyrh kesilende hümmet aratapawutlarynda) çykdajylar; esasy serişdelere we maddy däl aktiwlere dikeldiş geçirmeleri; poçta we telegraf çykdajylary; kärende tölegleri üçin çykdajylary; hojalyk çykdajylary göterim çykdajylary we göterim däl çykdajylary boýunça aýratynlykda toparlandyrylýar.

Bankyň çykdajylarynyň düzümine analiz işleri geçirilende esasy şu ugurlar boýunça görkezijiler öwrenilýär.

*43-nji tablisa*



1. Düzümleýin analiz geçirmek;
2. Dinamiki baha bermek.

Çykdajylaryň düzümleýin analizinde harajatlaryň bahasyny kesgitlemek üçin göterim we göterim däl, durnukly we durnuksyz çykdajylara bölünip, onuň ösüşine we gymmatynyň täsiri öwrenilýär. Düzümleýin analiz geçirilende göterimli we göterim däl çykdajynyň hem-de bankyň dolandyryş diwanyna edilýän çykdajynyň düzümine üns bermelidir. Bu analizde çykdajynyň ösüş depgininiň derejesi, olaryň bankyň aktiwlerine bolan gatnaşygy, göterim maržasy, göterim we göterim däl çykdajylar boýunça maglumatlar ulanylýar.

*44-nji tablisa*

**Bankyň çykdajylarynyň düzüminiň analizi**

| № | Görkezijiler | Manatda | %-de |
|---|---|---|---|
| 1. | Tölenilen göterimler | 11 000 000 | 28,3 |
| 2. | Salgytlar | 500 000 | 1,3 |
| 3. | Beýleki banklaryň we müşderileriň hyzmatlaryna tölegler | 2500 000 | 6.4 |
| 4. | Dikeldiş geçirmeleri | 900 000 | 2,3 |
| 5. | Walýuta bazaryndan geçirilen amallar boýunça çykdajylar | 300 000 | 0,77 |
| 6. | Gaýry çykdajylar | 6000 000 | 15.4 |
| 7. | Zähmet haky üçin tölegler | 15000 000 | 38.6 |
| 8. | Iş sapary üçin çykdajylar | 800 000 | 2 |
| 9. | Kanselýariýa harytlary boýunça çykdajylar | 1200 000 | 3 |
| 10. | Transport çykdajylary | 700 000 | 1,8 |
| | **Jemi:** | **38 900 000** | **100** |

44-nji tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly analiz geçirilýän bankda göterim çykdajylary (28,3%), göterimsiz çykdajylaryň agramly bölegi bankyň işgärlerine zähmet hakyny tölemek üçin 38,6% möçberinde tölenilipdir.

Bankyň umumy çykdajylary bahalandyrylanda, olaryň dürli görnüşleriniň göwrüminiň absolýut ululuklaryny kesgitlemek mümkin däldir. Sebäbi bank çykdajylarynyň ösüş depgininiň artmagy bilen bir hatarda aktiwleriň absolýut ulylyklarynyň derejesi hem ýokarlanýar. Şonuň üçin çykdajylaryň aýratyn görnüşleriniň ($Ç_{a.g}$) kanunalaýyklykda üýtgemelerini kesgitlemek üçin otnositel ululyklar ulanylýar:

$$(Ç_{a.g}) = \frac{\textit{Döwür boýunça ähli çykdajylar ýa-da olaryň aýratyn görnüşleri}}{\textit{Aktiwler}}.$$

*45-nji tablisa*

**Bank çykdajylar dinamikasynyň analizi**

| № | Görkezijiler | Aktiwleriň otnositel ululyklary, %-de | |
|---|---|---|---|
| | | 2013 ý. | 2014 ý. |
| 1 | Amallar boýunça çykdajylar we gaýry çykdajylar | 35,9 | 27,7 |
| | Şol sanda: | | |
| 2 | Tölenen göterimler | 27,5 | 22,3 |
| 3 | Salgytlar | 0,14 | 0,14 |
| 4 | Müşderilere we beýleki banklara hyzmat haky çykdajylary | 1,15 | 0,82 |
| 5 | Dikeldiş geçirmeleri (amortizasiýa) | 0,04 | 0,04 |
| 6 | GBK-lar boýunça amaly hem-de walýuta bazaryndaky çykdajylar | 0,45 | 0,43 |
| 7 | Gaýry çykdajylar | 6,6 | 4,04 |
| 8 | Dolandyryş diwanyny saklamaga çykdajylar | 1,39 | 1,21 |
| | Şol sanda: | | |
| 9 | Zähmet haky boýunça tölegler | 1,32 | 1,18 |
| 10 | Iş sapary tölegi | 0,05 | 0,05 |
| 11 | Gaýry çykdajylar | 0,02 | 0,02 |

45-nji tablisadan görnüşi ýaly 2013-nji ýyla garanyňda 2014-nji ýylyň görkezijilerinde aktiwler boýunça çykdajylar azalypdyr. Bu bolsa çykdajylary boýunça bankyň işine oňaýly diýip bahalandyrmaga mümkinçilik berýär.

Bank işiniň analizi geçirilende dürli çykajylary meýilnama görkezijileri bilen hakyky sarp edilen bölegini deňeşdirip bahalandyrmak zerurdyr. Çykdajylaryň artykmaç sarp edilmeginiň sebäplerini öwrenmek hem-de geljekde tygşytlylyk boýunça bar bolan mümkinçilikleri ýüze çykarmak wajyp meseleleriň biridir. Bu analizi geçirmek üçin dürli çykdajylaryň maglumatlary ulanylýar. 46-njy tablisanyň maglumatlarynyň her bir maddasynyň çuňňur öwrenilmegi, serişdeleriň maksadalaýyk ulanylmagyny hem-de mümkin bolan ätiýaçlyklary ýüze çykarmaklygy üpjün edýär.

*46-njy tablisa*

| № | Görkezijiler | Meýilnama | Hakyky | Aratapawut |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1 | Amaly çykdajylarynyň hemmesi<br>Şol sanda: | 13057.6 | 17887.7 | +4830.1 |
| 2 | Müşderilere tölenen göterimler | 1200 | 1595.3 | +395.3 |
| 3 | Karz serişdeleri üçin tölegler | 9742 | 13642 | +3900 |
| 4 | Hyzmatlar üçin tölegler<br>(poçta, telegraf çykdajylary) | 280 | 266.5 | –13.5 |
| 5 | Müşderiler bilen geçirilýän amallar boýunça çykdajylar | 147.6 | 187.8 | +40.2 |
| 6 | Esasy serişdelere dikeldiş geçirmeleri | 150 | 134.7 | –15.3 |
| 7 | Gaýry çykdajylar | 100 | 167.5 | +67.5 |
| | **Jemi** | **11619.6** | **15993.8** | **+4374.2** |
| 8 | Dolandyryş diwanyny saklamak üçin çykdajylar.<br>Şol sanda: | | | |
| 9 | Işgärlere zähmet haky üçin çykdajylar | 1107 | 1478.0 | +371.5 |

*46-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 10 | Döwlet ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler | 95 | 163.3 | +68.3 |
| 11 | Kanselýariýa, poçta, tipografiýa | 120 | 83.9 | –36.1 |
| 12 | Goraghana | 110 | 106.7 | –3.3 |
| 13 | Gaýry çykdajylar | 6 | 61.5 | +55.5 |
| | **Jemi** | **1438** | **1893.9** | **+455.9** |

Bank hasabat döwründe çykdajylary meýilnama görkezijilerinden +4830.1 müň manat artykmaç sarp edipdir. Çykdajylaryň agramly bölegi (+4374.2 müň manat) amallar boýunça çykdajylara müşderilere karzlar boýunça tölenen göterimlere gönükdirilipdir. Dolandyryş diwanyny saklamak, işgärlere zähmet haky tölemek (+371.5 müň manat), goraghana hyzmatlary üçin (55.5 müň manat) artykmaç sarp edilipdir. Analiz geçirýän bankda ýolbaşçylaryň çykdajylara gözegçiligi güýçlendirmegi zerurdyr.

Bankyň göterim däl çykdajylarynyň düzümine bankyň esasy we gaýry işgärlerini saklamaklyga çykdajylar, maglumatlary almak, bermek üçin iş önümçiligini ýöretmek, esasy serişdeleriň bejergisi we dikeldiş geçirmeleri gorag çykdajylary mahabatlandyryş we maslahat beriş hyzmatlary üçin çykdajylar, şeýle hem iş saparyna çykdajylary girýär. Täjirçilik banklary dürli amallar boýunça emläge salynýan salgyt, goşulan baha üçin salgyt we ýygymlar we beýleki geçirmelerini hem çykdajynyň hasabyna töleýärler. Banklaryň işjeňligine ýaramaz täsir edýändigini nazara alyp, göterim däl çykdajylaryň umumy möçberiniň ähli alnan girdejileriniň 100-den 35 böleginden az bolmagyny üpjün etmek maslahat berilýär.

## 10.4. Peýdanyň analizi

Maliýe işjeňliginiň ahyrky netijesi bolan peýda – bu alnan girdejiniň çykarylan harajatlardan artyk (ýokary) bolan halatynda emele gelýär. Peýdanyň döreýiş çeşmeleriniň emele gelmegini bahalandyrmak arkaly maliýe netijelerini öwrenmek zerurdyr.

*47-nji tablisa*

| № | Görkezijiler | 2013 ý. | 2014 ý. | Aratapawut |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Bankyň amaly we dürli girdejileriniň hemmesi | 13.909 | 14525 | +616 |
| 2 | Şol sanda: a) alnan göterimler | 13478 | 13700 | +222 |
| 3 | b) müşderilerden täjirçilik hyzmatlar üçin tölegler | 241 | 593 | +352 |
| 4 | ç) walýuta bazarynda we GBK boýunça girdejileri | 127 | 180 | +53 |
| 5 | a) alnan jerimeler | 204 | 244 | +40 |
| 6 | 32303-nji hasap boýunça gaýry amallardan alnan peýda | 50 | 70 | +20 |
| 7 | d) gaýry girdejiler | 63 | 52 | –11 |
| 8 | Bankyň amaly we gaýry çykdajylarynyň hemmesi | 7628 | 8003 | +375 |
| 9 | Şol sanda a) salgytlar | 30 | 40 | +10 |
| 10 | b) tölenen göterimler | 5840 | 6250 | +410 |
| 11 | ç) bankyň müşderilerine tölenen täjirçilik tölegler | 244 | 230 | –14 |
| 12 | d) esasy serişdeleriň könelme geçirmeleri | 9 | 10 | +1 |
| 13 | gaýry çykdajylar | 1210 | 1133 | –77 |
| 14 | Bankyň dolandyryş diwanyny saklamak üçin çykdajylaryň hemmesi | 295 | 340 | +55 |
| 15 | Şol sanda a) zähmet haky tölegleri | 280 | 320 | +40 |
| 16 | b) iş saparlaryna çykdajylar | 10 | 13 | +3 |
| 17 | ç) gaýry çykdajylar | 5 | 7 | +2 |
| 18 | Balans peýda: a) hasabat ýylda | 6535 | 6836 | +301* |

47-nji tablisadan görnüşi ýaly bankyň balans peýdasy hasabat ýylynyň maglumatlaryny, geçen ýyl bilen deňeşdirilende 301 müň manat bankyň girdejisiniň emele gelmegi, harajatlarynyň bolsa azalmagy netijesinde artypdyr. Indi bolsa bankyň ösüş depgininiň derejesiniň ýagdaýyny 48-nji tablisada görkezeliň.

*48-nji tablisa*

| № | Görkezijiler | Ösüş depgini | |
|---|---|---|---|
| | | **Müň manat** | **%-de** |
| 1 | Amaly we dürli girdejiler | 616 | 4.4 |
| 2 | Amaly we dürli çykdajylar | 375 | 2.0 |
| 3 | Dolandyryş diwanyny saklamak üçin çykdajylar | 55 | 15.2 |
| 4 | Balans peýda | 416 | 6.7 |

Indi bankyň maliýe netijesine analiz geçirmek üçin 2013-nji ýyl bilen 2014-nji ýylyň hasaplardaky galyndylaryň möçberini deňeşdireliň *(49-njy tablisa)*.

*49-njy tablisa*

**Maliýe netijeleri**

| № | Görkezijiler | 2013 ý. | 2014 ý. | Aratapawut |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Kredit galyndy 32303 | 6162 | 6578 | 106.7 |
| 2 | 32301 | 1200 | 8971 | 74.7 |
| 3 | Debet galyndy 32303 | 4753 | 4150 | 87.3 |
| 4 | 32301 | – | 300 | – |
| 5 | Maliýe netijesi | 2609 | 3025 | 116.0 |

Dünýä tejribesiniň ülňülerine gabat gelýän hasabatlarda bankyň ahyrky maliýe netijelerine *sap peýda* diýilýär. Sap peýda – bu bankyň balans peýdasyndan, salgyda tölegler, gaznalara ätiýaçlyklar geçirmeler boýunça umumy çykdajylar geçirlenden soňra emele gelýär *(50-nji tablisa)*.

*50-nji tablisa*

**Sap peýdanyň emele gelmegi (müň man)**

| № | Görkezijiler | 2013 ý. | 2014 ý. | Aratapawut |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1 | Göterim girdeji (+) | 13478 | 13700 | +222 |
| 2 | Göterim çykdajy (–) | 5840 | 6250 | +410 |
| 3 | Göterim maýa | 7638 | 7450 | –188 |

*50-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 4 | Göterimsiz girdeji (+) | 524 | 875 | +351 |
| 5 | Göterimsiz çykdajy (–) | 1665 | 700 | –965 |
| 6 | Girdeji (ýitgi) GBK boýunça geçirilýän amallarda walýuta bazary (+, –) | +32 | +60 | +28 |
| 7 | Baha işi däl amallar (+, –) | +10 | +40 | +30 |
| 8 | Karz boýunça bolup biljek ýitgilere tölegler (–) | 400 | 900 | +500 |
| 9 | Salgyt (–) | 3530 | 3800 | +270 |
| 10 | Sap peýda | 2609 | 3025 | +416 |

Sap peýdanyň emele gelmeginde göterim maržasy durnukly çeşme hökmünde çykyş edýär. Analiz geçirýän bankda 2013-nji ýylda marža göterimi 188 müň manat absolýut ululykda azalypdyr. Bu bolsa bank üçin oňaýsyz duýduryş bolup, onuň batyp galmak mümkinçiliginiň bardygy barada habar berýär.

Sap peýdanyň emele gelmeginde durnukly çeşmäniň biri hem göterimsiz girdejilerdir. Ýöne munuň üçin bankyň göterimsiz girdejileri göterimsiz çykdajylaryndan ep-esli ýokary bolmalydyr. Biziň mysalymyzda 2013-nji ýylda bankyň göterimsiz çykdajylary 1141 müň manat (1665–524) boldy. 2014-nji ýylda bolsa, bankyň göterimsiz çykadylarynyň (+175 müň manat) azalmagy esasynda göterimsiz çykdajylar, göterim maržasynyň peselmeginiň ýapylmagy netijesinde bankyň sap peýda gazanmagyna ýardam beripdir. Bankyň arassa peýdasy durnuksyz çeşmeleriň hasabyna köpelipdir: walýuta bazarynda gymmat bahaly kagyzlar (+28 müň manat), gaýry girdejiler boýunça (+30 müň manat) girdejileriň möçberi artypdyr *(51-nji tablisa).*

*51-nji tablisa*

**2013–2014-nji ýyllaryň netijeleri**

| № | | 2013 | 2014 | Aratapawut |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Göterim maržasy | 7638 | 7450 | –188 |
| 2 | Göterimsiz girdejilere we çykdajylara gatnaşykda | –1141 | +175 | +1316 |
| 3 | Durnuksyz girdeji çeşmesi | +42 | +100 | +58 |
| 4 | Arassa peýda | 2609 | 3025 | +416 |

Şeýle ýagdaýda 2014-nji ýyl boýunça sap peýda durnukly girdeji çeşmeleriniň hasabyna ýokarlanýar. Peýda çeşmelerine analiz geçirmekligiň şeýle görnüşleri gysga wagtyň dowamynda ahyrky maliýe netijesiniň dinamikasyny görkezýär, peýdanyň ýokarlanmagyna we pese düşmegine täsir edýän faktorlar aýdyňlaşdyrylýar hem-de sap peýdanyň emele geliş çeşmeleriniň bahalandyrylyp, sanawynyň artmagynyň netijesi kesgitlenilýär. Sap peýda barada netije çykaranymyzda bolsa, onuň durnukly çeşmeleriň ösmeginde netije gazanmagy bilen bahalandyrylýar. Bankyň maliýe netijelerine analiz geçirmegiň indiki tapgyry – balans peýdany barlamakdan ybaratdyr *(52-nji tablisa).*

*52-nji tablisa*

**Peýdanyň meýilnama boýunça ýerine ýetirilişiniň bahalandyrlyşy**

| № | Peýda boýunça görkezijiler | Möçberi, müň manat | | Aratapawut (+ –) | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýilnama | Hakyky | Müň man | Meýilnama boýunça peýda, %-de |
| 1 | Karzlary ýerleşdirmeklik | 21390.8 | 28140.1 | +6749.3 | +30.37 |
| 2 | Ýerine ýetirilen hyzmatlar | 830 | 889.2 | +59.2 | +0.27 |
| 3 | Ýerleşlidirilmedik amallar boýunça | 5.0 | 10.2 | +5.2 | +0.02 |
| 4 | Balans peýda | 22225.8 | 29039.5 | +6813.7 | +30.66 |

Balans peýdanyň 30,66% artykmaç ýerine ýetirilmegi, karzlary ýerleşdirmekden alnan peýdanyň 30.4% bolmagy, ýerine ýetirilen hyzmatlaryň 0.27% hem-de ýerleşdirilmeýän amallar boýunça 0.02 göterim ýerine ýetirilmegi bilen düşündirilýär. Soňra bolsa peýdanyň her bir bölegi boýunça aýratynlykda analiz işleri geçirilýär.

Täjirçilik banklarynyň işiniň ahyrky maliýe netijesi bolan peýdanyň analizi geçirilende, hasabat döwri bilen geçen ýyllaryň maglumatlary hem deňeşdirilýär. Bu bolsa analiz geçirilýän döwürde

peýdanyň düzüminiň üýtgemeginiň dinamikasyny öwrenmäge ýardam berýär. Munuň üçin aşakdaky peýdanyň düzümi boýunça görkezijiler toparlara bölünip ulanylýar.

- göterimli peýda – (çykdajysy) ýa-da arassa göterim girdejisi /oňaýsyz marža göterimi (karzyň arzanlamagyna döredilen ätiýaçlygy aýyrmak bilen) göterim girdejisi bilen göterim çykdajysynyň we ätiýaçlygyň aratapawudyny emele getirýär;
- göterimsiz peýda – gymmat bahaly kagyzlary satmakdan, walýuta amallaryndan, walýuta amallarynyň täzeden bahalandyrylmagyndan, hyzmat haky boýunça girdejilerden (bu amallara deňleşdirilen harajatlary we ätiýaçlyklary aýyrmak bilen) emele gelen peýdadyr;
- arassa girdeji – göterimli we göterimsiz girdejileriň pul möçberi;
- pul girdejisi ýa-da amallar peýdasy (ýitgisi) – göterimli we göterimsiz girdejileriň pul möçberinden, amallar (işgärleri saklamak, jaýlary saklamak we ş. m. harajatlar) boýunça harajatlar aýrylan soň galan peýda *(53-nji tablisa)*.

*53-nji tablisa*

**Karz edarasynyň peýdasynyň gurluşynyň dinamikasy**

| № | Görkezijiler | Pul möçberi (deňeşdirilýän ululykda), müň manat | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | T-3 | T-2 | T-1 | Hasabat döwri, T |
| 1 | Göterimli girdeji | 1158 | 2148 | 2515 | 3299 |
| 2 | Göterimsiz girdeji | 985 | 1154 | 2402 | 2759 |
| 3 | Arassa girdeji | 2143 | 3302 | 4917 | 6058 |
| 4 | Pul girdejisi ýa-da amallar peýdasy (ýitgisi) ýa-da salgyt tölenmänkä girdeji | 49 | –25 | 68 | 573 |
| 5 | Döwür boýunça arassa peýda (ýitgi) | 32 | –32 | 55 | 359 |

10. Sargyt №2973.

53-nji tablisanyň maglumatlary boýunça bankyň analiz geçirilýän döwürler boýunça peýdasy emele getirýän düzümiň durnuksyz bolşy ýaly onuň ululygy hem durnuksyzdyr. Ýöne bu ýerde göterim boýunça peýdanyň möçberiniň ýokarlanmagy netijesinde arassa peýda üçin oňaýly pursat emele gelipdir.

Bankyň maliýe netijesine täsir edýän görkezijileriň biri hem düşewüntlilikdir. Düşewüntlilik – bu bankyň esasy maliýe görkezijileriniň biri hökmünde birnäçe görnüşde kesgitlenilýär:

1) Aktiwleriň girdejililigi boýunça – bu peýdanyň girdeji getirýän aktiwlere gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Bu görkeziji aktiwlere goýlan 1 manadyň näçe möçberde getirilýän peýdanyň möçberini görkezýär:

$$D = \frac{Peýda}{Girdeji\ getirýän\ aktiwler};$$

2) Çykdajylara görä düşewüntlilik – bu peýdanyň çykdajylara gatnaşygy bilen kesgitlenilýär we 1 manat edilen çykdaja düşýän peýdanyň möçberini görkezýär:

$$D = \frac{Peýda}{Çykdajylar}.$$

Düşewüntlilik peýdany çykdajylara bölmek arkaly hasaplanylýar.

# XI BAP
# TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ TÖLEG BORÇNAMALARYNYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞINIŇ ANALIZI

## 11.1. Bankyň debitorlary we kreditorlary barada umumy düşünjeler

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2015-nji ýylyň 24-nji fewralynda çykaran 79-iş belgili buýrugy bilen Türkmenistanyň karz edaralarynda debitorlar we kreditorlar bilen amallaryň hasaba alnyşy boýunça Teklipler tassyklanyldy. Bu Teklipler «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna, Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip düzülip, bankyň işgärlerine zähmet hakyny tölemegiň, şeýle hem debitorlar we kreditorlar bilen amallary ýöretmegiň we buhgalterçilik hasaba alnyşyň hasaplarynda görkezmegiň tertibini kesgitleýär. Täjirçilik banklary derhal dolandyryş maksatlarynda şu Teklipleriň talaplaryny nazara alyp, debitor we kreditor algy-bergileriň ýüze çykan möhletleri boýunça analiz işlerini geçirmek üçin mümkinçilik berýän ähmiýetli maglumatlar maliýe hasabatlylygynda açylmalydyr.

Bank işini dolandyrmagyň esasy wezipesi hökmünde, onuň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijileriň biri bolan töleg borçnamalaryny bahalandyrmak zerurdyr. Sebäbi bankyň aktiwlerini ýerleşdirmek ukyby, passiwleri boýunça töleg borçnamalaryny

öz wagtynda geçirmegine bütinleýin garaşlydyr. Munuň üçin, esasan hem täjirçilik bankynyň balansynda aktiwleriň we passiwleriň gurluşyndaky töleg möhletleri deňeşdirilip, olaryň sazlaşygy gazanylmalydyr.

Borçnama:
- Kreditor borçnama boýunça;
- Ýuridiki we fiziki taraplaryň depozit goýumlary boýunça;
- Bankara karzlar boýunça;
- Paýlara hasaplanan göterimlere;
- Salgyda we býujete bergiler;
- Gaznalara geçirimler boýunça.

Täjirçilik banklarynyň töleg borçnamalarynyň ykdysady taýdan özara baglanyşykly emele gelmeginiň esasy ugurlaryny ýokardaky görkezijiler boýunça göz öňüne getirmek bolar:

Kreditor borçnamalar bankyň gündelik geçirýän amallary boýunça 28201-nji balans hasapdan başlap, 28210-njy balans hasaba çenli aralykdaky hasaplaryň galyndylary boýunça öwrenilýär. Olara hojalyk işleri, düýpli maýa goýumlar, gaýra goýlan salgyt borçlary, dellallar we diwidentler boýunça borçnamalar hem-de bankyň işgärlerine bergiler degişlidir.

Bankara karzlar boýunça borçnamalara Türkmenistanyň Merkezi bankyndan hem-de bank edaralaryndan alnan karz serişdeleri boýunça bergileri degişlidir.

Ýuridiki we fiziki taraplaryň depozit goýumlary boýunça borçnamalaryna – ilat goýumynyň, «Talap edilýänçä» goýumlar, möhletli goýumlar, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we karz edaralarynyň, maliýe gurluşlaryň öňündäki möhletli hasaplar boýunça bergileri degişlidir.

Paýlar boýunça hasaplanan göterimler boýunça borçnamalar – bu hasabat ýylynyň peýdasy tassyklanandan soňra paýdarlara paýlanylmaly diwidentler boýunça bergilerdir.

Salgyda we býujete bergiler diýip, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bütewi Kanunyna laýyklykda, täjirçilik banklarynyň

alýan peýdasyndan Merkezleşdirilen býujete bergisine aýdylýar. Mundan başga-da banklar salgyt kanunçylygyna laýyklykda soňky döwürleriň salgyt töleglerine täsir edip biljek gaýra goýlan salgyt borçlaryny hem hasaplamalydyrlar.

Gaznalara geçirimler boýunça borçnamalar – bank işinde garaşylmadyk ýitgileri ýapmaklyga, onuň peýdasynyň hasabyna Türkmenistanyň Merkezi bankynda döredilýän esasy ätiýaçlyk gazna geçirimleridir.

Täjirçilik banklarynyň töleg borçnamalarynyň analizi geçirilende maglumat çeşmesi hökmünde maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň ähli görnüşlerinden, şeýle-de hasaplar meýilnamasynda Debitorlar bilen hasaplaşyklar 19201–19210-njy aktiw balans hasaplary hem-de Kreditorlar bilen hasaplaşyklar bolsa 28201–28210--njy passiw balans hasaplaryndaky galyndylar ulanylýar. Bu balans hasaplarda amallar boýunça debitor we kreditor borçnamalarynyň emele gelen döwri, onuň döremeginiň sebäpleri hem-de wagtlaýyn ýa-da tötänden gelip düşen pursadynda niýetlenilişi boýunça degişli hasaplara geçirilip bilinmejek serişdeleri, bankyň hojalyk işi boýunça debitor we kreditor bergileri, işgärleri bilen hasaplaşyklary, bank işiniň netijesinde ýüze çykan artykmaçlyklar-ýetmezçilikler, brokerler we diwidentler boýunça hasaplanan göterimler we ş. m. görkezijileriň hereketi hasaba alynýar. Täjirçilik banklarynda ýokarda agzalan balans hasaplary aktiw we passiw hasaplary maddalar boýunça bölmek arkaly hyzmatdaş taraplara görä töleg borçnamalarynyň dörän döwri boýunça analiz işlerini geçirmek üçin maglumat ulgamyny üpjün edýän analitik hasaplar açylýar. Aktiwler boýunça aşakdaky analitik hasaplar:

- potratçylar we üpjün edijiler bilen hasaplaşyklar geçirilende bankyň hojalyk işine degişli bolan we düýpli maýa goýumlar boýunça debitor bergileriň analitik hasaby;
- dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar geçirilende debitor bergiler. Debitor bergiler gysga möhletleýin häsiýete eýedir. Analitik hasap, esasan hem dellallara (brokerlere) hakujy tölegleri geçirmeli bolanda ulanylýar;
- nagt pul serişdeleri hasaplananda ýüze çykarylan ýetmezçilikleriň analitik hasaby;

- bankyň işgärleri bilen hasaplaşyklar geçirilende debitor bergileri boýunça analitik hasaplar açylýar;
- gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar geçirilende bankyň işine degişli bolan debitor bergileriň analitik hasaby açylýar.

Passiwler boýunça aşakdaky analitik hasaplar:

- bankyň işgärlerine zähmet haky hasaplanan, ýöne entek tölenmedik;
- zähmet hakyndan salgyda, saglyk ätiýaçlandyrmasyna, pensiýa, kärdeşler arkalaşygyna geçirmeleriň analitik hasaby;
- esasy serişdeler satyn alnanda goşmaça baha üçin salgyda bergiler boýunça analitik hasap;
- peýdanyň hasabyna diwidentler boýunça paýdarlara bergileri hasaba almak üçin analitik hasap;
- peýdadan salgyda bergileriň analitik hasaplary açylýar.

Täjirçilik banklary debitor we kreditor bergiler boýunça analitik hasaplaryndaky galyndylaryny barlap, tölegleriň öz wagtynda geçirilmegine gözegçilik etmelidirler. Bu hasaplardaky bergidarlar baradaky galyndylara auditorlar tarapyndan hem çuňňur analiz geçirilýär. Debitor we kreditor bergileriň hasaplaşyk geçirilmedik bölegine, analiz işlerini geçirmek üçin her bir bergidara aýratynlykda açylan analitik hasaplaryň maglumatlary ulanylýar.

Bankyň debitorlar we kreditorlar balans hasaplarynyň düzüminiň hili içgin seredilende indiki gurluşa eýe bolýar.

*54-nji tablisa*

| **Aktiw** | **Udel agramy, %-de** | **Passiw** | **Udel agramy, %-de** |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| Hasabyň galyndysy<br>Şol sanda: | 100 | Hasabyň galyndysy<br>Şol sanda: | 100 |
| Gaýra goýlan salgytlar boýunça talaplar | 2,7 | Bankyň işgärlerine zähmet haky boýunça bergileri | 6,7 |

*54-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Almaga degişli diwidentleriň tölenilmegi | 25,8 | Gaýra goýlan salgytlar boýunça talaplara tölegler | 2,3 |
| Bankyň işgärlerine hak ujy bergiler | 12,7 | Paýdarlaryň maýasyny emele getirmek üçin almaga degişli diwidentleriň gatanç hökmünde hasaplanylmagy | 82,3 |
| Gymmatlyklary satyn almak üçin tölegleriň öňünden tölenilmegi | 42,3 | Peýdanyň hasabyna diwidentleriň tölenilmegi | 0,4 |
| Paýdarlar bankynyň esaslyk maýasyna gatançlar | 16,5 | Salgyda bergileriň hasaplanylmagy | 0,3 |

54-nji tablisanyň maglumatlary passiw balans hasaplar boýunça galyndylaryň aglaba böleginiň paýdarlaryň maýasyny emele getirmek üçin almaga degişli diwidentleriň gatanç hökmünde goýum goýlandygyna şaýatlyk edýär. Debitor we kreditor bergiler boýunça aktiw we passiw balans hasaplaryň galyndylarynyň udel agramyna beýleki amallaryň täsiri uly däldir. Muňa garamazdan bankyň aktiw we passiw balans hasaplarynyň düzüminiň üýtgeýändigine hem üns bermek zerurdyr.

## 11.2. Bankyň kreditor borçnamalaryny möhletinde tölemeginiň analizi

Bankyň töleg borçnamalarynyň tölenilmegine gözegçilik edilende onuň umumy maliýe ýagdaýyna täsir edýän kreditor bergidarlygynyň analizini geçirmek bilen jebis arabaglanyşyk göz öňünde tutulýar. Bu analiziň esasy maksady bankyň kreditor borçnamalarynyň emele gelmeginiň sebäplerine täsir edýän faktorlary aýdyňlaşdyrmakdan, borçnamalaryň töleg möhletiniň dolmagyna gözegçiligi ýola goýmakdan hem-de borçnamalar boýunça hasaplaşyklary öz wagtynda

amala aşyrmakdan ybaratdyr. Kreditor borçnamalara tölegleriň nobatlylygynyň möhleti kesgitlenende gyssagly tölemeli borçnamalar (býujete, salgyda, möhleti dolan bankara karzlara) we möhletli tölemeli borçnamalar (bank bilen uzak möhletleýin gaýry gatnaşyklary saklaýan müşderiler) görnüşlere bölünýär. Olaryň hasabat döwründe tölemeli möhleti dolanlaryna we möhleti geçen töleglerine esasy üns berilýär *(55-nji tablisa)*.

*55-nji tablisa*

**Kreditor borçnamalaryň analizi**

| Kreditor borçnamalar boýunça görkezijiler | Borçnamalaryň galyndysy, (müň manat) | | Şol sanda olaryň emele gelen möhleti (ýylyň ahyryna müň manat) | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Ýylyň başynda | Ýylyň ahyrynda | 1 aýa çenli | 1 aýdan 3 aýa çenli | 3 aýdan 6 aýa çenli | 6 aýdan köp |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** |
| **Gyssagly borçnamalar** | | | | | | |
| 1. Bankyň işgäriniň iş saparyna (soňra hasabat bermek şerti bilen) | 384 | 115 | 115 | 1 | – | – |
| 2. Işgärlerine zähmet haky | 157 | 193 | 193 | | – | – |
| 3. Salgytlar boýunça býujete töleg | – | – | – | – | – | – |
| 4. Dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar | – | 12 | 12 | – | – | – |
| 5.Potratçylar we üpjün edijiler bilen hasaplaşyklar geçirilende bankyň hojalyk işine degişli bolan kreditor borçnamalar | 3952 | 2697 | 1352 | – | 1345 | – |
| 6. Bankara karzlar | 2118 | 825 | – | – | 825 | – |

*55-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 7. Paýdarlar bilen düşewüntler boýunça hasaplaşyklar | 3 | – | – | – | – | – |
| 8.Gaýry tölegler | 117 | 254 | 96 | 158 | – | – |
| Jemi: | 6731 | 4096 | 1768 | 1503 | 825 | – |
| **Möhleti geçen borçnamalar** | | | | | | |
| Bankyň işgärlerine zähmet haky boýunça tölegler | 98 | 134 | 134 | | | |
| Gaýry kreditorlar | 79 | 105 | 27 | 55 | 23 | |
| **JEMI:** | **177** | **239** | **161** | **55** | **23** | |
| **HEMMESI:** | **6908** | **4335** | **1929** | **1 1558** | **848** | **–** |

Kreditor borçnamalara analiz geçirilende, esasan hem tölenilmeli bergileriň möhletine üns berilýär.

Gysga möhletli borçnamalara analiz geçirilende kreditor borçnamalaryň umumy jemindäki paýdarlaryň maýasy we bankyň girdejisini häsiýetlendirýän görkezijileri ulanmak bolar. Bu görkezijileriň ösüş depgini düşewüntlilige täsir edýän kynçylyklary açyp görkezýär. Şeýle alamatlaryň biri hem kreditorlara tölegler boýunça hasaplaşyklaryň saklanylýandygydyr. Kreditor borçnamalaryň analizinde gysga möhletli borçnamalaryň umumy jeminde möhleti geçen bergidarlygyň gatnaşyklaryny hasaplamak hem-de möhleti geçen borçnamalaryň düzüminiň dinamikasy bilen gyzyklanmak aýratyn ähmiýete eýedir. Möhleti geçen bergidarlaryň emele gelmeginiň oňaýsyz ýagdaýa getirýändigi gürrüňsizdir. Ýöne muňa garamazdan bankyň maliýe kynçylygyna sezewar bolan pursady düzümi boýunça borçnamalar şertlendirilip, gyssagly we möhletli töleglere bölünýärler. Mysal üçin, bankyň býujete, salgyda, bankara karzlary boýunça borçnamalar gyssagly tölegler diýip hasaplanylýar.

Bankyň borçnamalary boýunça kreditor bergidarlygyň emele gelen möhletine analiz geçirilende hem gündelik we uzak möhletlere bölünip, olaryň ykdysady mazmuny we tölenmeli möhleti boýunça tölegleriniň jemi deňeşdirilip öwrenilýär *(56-njy tablisa)*.

*56-njy tablisa*

**Bankyň kreditor bergileri barada maglumat görkezijileri (01.07.14)**

| Kreditorlar | Döwrüň başyna borçnama | | Döwrüň ahyryna borçnama (müň manat) |
|---|---|---|---|
| | Emele gelen senesi | Möçberi müň manat | |
| 1. Möhleti geçen karzlary ýapmak üçin serişdeler | 05.02.14 | 8000 | 0.00 |
| 2. Ýapylan hasaplaşyk we akymlaýyn hasaplar boýunça, aksept tabşyrygy we çekler | 02.04.14 | 3000 | 0.00 |
| 3. Ýylyň ikinji ýarym ýyllygy üçin hasaplanan zähmet haklary | 05.06.14 | 13000 | 13000 |
| 4. Goşulan baha üçin salgyt | 05.03.14 | 1000 | 0.00 |
| **Jemi** | | **25000** | **13000** |

Ýokardaky hasaba alyş sanawnamasynyň her aýda ýöredilmegi kreditorlaryň ýagdaýynyň barlanmagyna mümkinçilik döredýär. Umuman bankyň debitor we kreditor töleg borçnamalaryna analiz geçirilmeginiň esasy maksady, onuň tölege ukyplylygynyň ýagdaýyny geljek ýyl boýunça anyklamak möhüm orun tutýar. Bankyň tölege ukyplylygynyň analizini geçirmek, onuň geljekki işlerini dolandyrmakda möhüm orun eýeleýär. Bu analiz bankyň maliýe hasabatynyň we debitorlar we kreditorlar boýunça balans hasaplaryň maglumatlary esasynda amala aşyrylýar. Kreditor borçnamalaryň aýlanyşygyny ($K_a$) hasaplamak üçin şu aşakdaky formula ulanylýar:

$$K_a = D_o / K_{o.g},$$

bu ýerde $D_o$ – analiz geçirilýän döwürdäki debet aýlanyşyk; $K_{o.g}$ – aşakdaky formula arkaly hasaplanylýan, kreditor borçnamalaryň ortaça galyndysy.

$$K_{o.g} = (K_{o.g}\ \textit{başdaky galyndy} + K_{o.g}\ \textit{ahyrky galyndy})/2.$$

## 11.3. Depozitleriň goýum hasabynda saklanyşynyň analizi

Bank edaralarynda karz serişdeleriniň binýadynyň agramly böleginiň, onuň hususy serişdeleri bolman, eýsem-de maliýe çeşme hökmünde bankyň borçnamasyny emele getirýän daşyndan çekilen depozit we karz serişdeleriniň hasabyna döreýändigini aýratyn bellemek zerurdyr. Bankyň umumy daşyndan çekilen serişdeleriniň düzüminde müşderileriň depozitleriniň paýy möhüm ähmiýete eýedir.

Depozit (latynça *depozitium – saklamaga berlen zat, emläk diýen manyny aňladýar*) – bu bankyň müşderilerinden şertnama esasynda daşyndan çekilen serişdeleri goýum hasaplarynda wagtlaýynça ulanmaklyga bermek hakyndaky ykdysady gatnaşyklarydyr.

Bankyň depozit binýady müşderileriň hasabyna döredilende esasy iki ýörelgeden: a) müşderileriň fiziki ýa-da ýuridiki tarapa degişliligi boýunça; b) depozit hasaplaryna serişdeleri goýýan möhletinden ugur alynýar. Ykdysady ähmiýeti boýunça depozitler: möhletli goýumlar, «Talap edilýänçä» goýumlar we ilatyň süýşürintgi goýumlary diýen toparlara bölünýär.

*Möhletli goýum* dürli görnüşli goýumlaryň arasynda möhüm orun eýeleýär. Täjirçilik banklary tarapyndan bu goýumlary banka çekmek üçin dürli usullar ulanylýar. Bu goýumda göterim derejesiniň üýtgeýşine, möhletine esasy üns berilýär. Möhleti boýunça: 3 aýa; 6 aýa; 1 ýyla çenli goýulýar. Bu möhlet ahyrky çäk däldir, ýyl dolandan soň hem goýum möhletli goýum häsiýetini saklaýar.

*«Talap edilýänçä» goýum* serişdeleriň hasaplardaky ýerleşdirilişine we häsiýetlerine baglydyr. Oňa gündelik we hasaplaşyk hasaplaryndaky edara, kärhanalaryň pul serişdeleri; dürli hasaplarda saklanylýan gaznalar; maýa goýum üçin niýetlenen edara kärhanalaryň hasaplaryndaky serişdeler; habarçy hasaplaryndaky kredit galyndylary; şahsy taraplaryň goýumlary degişlidir. Bu goýum eýesine ilkinji talap boýunça serişdeleri yzyna almaklyga mümkinçilik berýär. «Talap edilýänçä» hasaplarda pul serişdeleri bölekleýin goýlup hem-de bölekleýin yzyna alnyp bilinýär. Bank üçin «Talap edilýänçä» goýumlaryň hasaplarynyň amatly tarapy, onuň ýerlenmek ukybynyň ýokary bolup, töleg serişdesi hökmünde gönüden – göni ulanylýan-

lygy bilen baglanyşyklydyr. Bu goýumy goýan müşderilere amatsyz tarapy bolsa, onuň göterim derejesiniň möçberi möhletli goýumlaryň derejesi bilen deňeşdirilende has pes bolýanlygy bilen düşündirilýär.

*Ilatyň süýşürintgiler goýumy* bu goýum ilatyň goýumlarynyň möhletlerine we goýum amallarynyň şertlerine baglydyr. Meselem, maksatly goýumlar, utuşly goýumlar, pensionerler üçin goýum we ş. m.) Möhletleri boýunça bu goýum «Talap edilýänçä» we möhletli goýumlara bölünýär. Depozit hasaplarynda depozit serişdeleri näçe köp saklanyldygyça, şonça-da bankyň likwidliligi ýokarlanýar. Munuň üçin depozitler durnukly we durnuksyz görnüşlere bölmek arkaly bahalandyrylýar. Depozit binýadynyň durnukly ýagdaýyny goldamak üçin täsir edýän görkezijileriň dinamikasynyň üýtgemeginiň analizini geçirmek üçin matematiki model usuly ulanylýar. Bu görkezijilere pul serişdesiniň ortaça goýum möhleti ($M_o$); serişdeleriň goýum hasabynda çöküş derejesi ($G^ç$); kärhananyň hasaplaşyk hasabynda pul serişdesiniň çöküşi ($Dos\ H^ç$); durnukly serişde hökmünde ulanmak üçin «Talap edilýänçä» goýum hasabynda serişdeleriň çöküşi degişlidir.

Goýum serişdesiniň ortaça saklanyş möhleti (serişde hökmünde gysga möhletli karz üçin ulanmaga mümkinçiligi bahalandyrylýar):

$$M_o = (G_{o.g} \times D)/K_a,$$

bu ýerde $G_{o.g}$ – goýumyň ortaça galyndysy (goýumyň pul möçberi döwrüň başyna we döwrüň ahyryna deň ikä bölünen); $K_a$ – karzlaşdyrmak üçin aýlanyşyk, $D$ – döwrüň gün sany.

Tutuş bank boýunça serişdeleriň hasaplarda saklanyşynyň ortaça möhleti boýunça ösüş dinamikasyny hasaplalyň. Bu görkezijiler goýumlara karz amallarynyň çeşmeleri hökmünde baha bermeklik üçin ulanylýar.

Mysal üçin, 2013-nji ýylda goýum hasabynda ortaça saklanyş möhletini hasaplamaly bolsa, onda 01.01.2013-nji ýylyň ýagdaýyna galyndy 10 000 manat diýip alýarys we 01.01.2014 ýagdaýyna galyndyny bolsa 20 000 manat diýip hasap edeliň (10 000 + 20 000) = 15 000; $M_o$ tapmak üçin degişli hasaplaryň debet alýandygyny alýarys. Goý, ol hasabat döwri 10 000 manat bolsun.

Hasabat ýylynda 365 gün bar diýip alýarys:

$M_o$ = (15000 ×365)/10000 = pul serişdesiniň ortaça goýum möhleti 54 gün saklanýar.

$$G_ç = (G_{a.g} – G_{b.g})/G_t \times 100\%,$$

bu ýerde $G_{a.g}$ we $G_{b.g}$ ýylyň başyna we aýagyna goýumyň galyndysy; $G_t$ – döwrüň dowamynda goýuma gelip düşmeler.

Indi bolsa serişdeleriň goýum hasaplarda çöküşini hasaplalyň:

$$G_ç = (20\,000 – 10\,000)/11\,000 \times 100 = 90\%.$$

Hasaplamadan görşümiz ýaly serişdeleriň çöküşiniň derejesi hasabat ýylynda serişdeleriň (11 000 manat) möçberinde goýumlaryň gelip düşmegi netijesinde 90%-e deň bolupdyr. Diýmek, bu hasaplar boýunça hereket köp bolýar. Serişdeleriň goýum hasabynda çöküş derejesiniň koeffisiýenti, hasabat döwründe goýum hasabyna gelip gowşan serişdeleriň näçe göteriminiň galandygyny görkezýär. Bu gökezijiniň möçberi näçe köp boldugyça (banka gelýän goýumlaryň möçberi çykýan goýumlaryň möçberinden agdyk bolmaly), şonça-da bankyň aktiw amallaryny amala aşyrmaga serişdeleriň köpelmegini üpjün edýär.

# XII BAP
# BANKYŇ MÜŞDERILERINE HASAPLAŞYK HYZMATLARYNYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞININ ANALIZI

## 12.1. Bankyň müşderilerine hasaplaşyk hyzmatlaryny gurnamagyň aýratynlyklary

Türkmenistanyň bank ulgamynda «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» kanunlara, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanan «Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda», «Türkmenistanyň karz edaralarynda pulhana amallaryny geçirmegiň tertibi baradaky» Düzgünnamalara laýyklykda, ýurdumyzyň çäginde hereket edýän täjirçilik banklarynda müşderilere nagt we nagt däl hasaplaşyk amallaryny ýerine ýetirmekligiň tertibi düzgünleşdirilýär. Ýurdumyzyň çäginde ýerleşýän ähli kärhanalar, öz pul serişdelerini bankda saklamak üçin hem-de hasaplaşyk amallaryny amala aşyrmak üçin täjirçilik banklarynda hasaplaşyk hasaplaryny kanuna laýyklykda açmalydyrlar.

Müşderilere bankda hasaplaşyk hasaplary şertnama baglaşmak arkaly açylýar. Müşderileriň pul serişdelerini banklaryň üsti bilen geçirmek boýunça hasaplaşyk amallary:

a) Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan aragatnaşyk (aragatnaşyk kömekçi) hasaplaryny;
b) beýleki banklarda açylan aragatnaşyk (aragatnaşyk kömekçi) hasaplaryny;

ç) düzümine bir banka tabyn bolan edaralaryň arasyndaky hasaplaşyklaryň hasaby we şahamçanyň bankiçerki hasaplaşyk ulgamy boýunça aragatnaşyk hasabyna girýän, bankiçerki hasaplaşyk ulgamynyň hasaplarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Täjirçilik banklarynda müşderilere hasaplaşyk amallary boýunça hyzmatlary gurnamak üçin hasaplaşyk hasaby; müşderileriň gündelik hasaby; karz hasaby; depozit hasaby; býujet hasaplary açylýar.

Hasaplaşyk hasaplary özbaşdak balansy bolan ýuridiki we fiziki taraplara açylyp, hasaplaşyk, onuň ustawynda göz öňüne tutulan hasaplaşyk amala aşyrylýar.

Gündelik amallar boýunça hasaplar önümçilik bilen meşgullanýan kärhanalara, jemgyýetçilik guramalaryna we döwlet býujetindäki guramalara açylyp bilner.

Depozit hasaby – pul serişdelerini wagtlaýynça bank hasabynda saklamak barada goýumçynyň arzasy esasynda şertnama baglaşylýar.

Karz hasaplar bankda karz amallaryny ýerine ýetirmäge hukugy bolan ýuridiki we fiziki taraplar üçin açylýar.

Býujet hasaby döwlet bujediniň hasabyna maksatly serişdeler bölünip berilýän guramalar üçin açylýar *(57-nji tablisa)*.

*57-nji tablisa*

**Täjirçilik banklarynda hasaplaşyk amallarynyň guralyşy**

| Müşderilere hasaplaşyk amallary | Subýektleri | Töleg guraly | Müşderilere ýerine ýetirilýän hyzmatllar |
|---|---|---|---|
| – Bankyň geçirme amallary;<br>– Kliring;<br>– Akkredetiw hasaplaşyk | – TMB;<br>– Täjirçilik banklar;<br>– Bankyň ýuridiki we fiziki taraply müşderileri | – Nagt hasaplaşyklar (kassa);<br>– Nagt däl hasaplaşyklar;<br>– Çekler we ş.m. | – Hasap açmak;<br>– Hasap ýöretmek;<br>– Hasap barada müşderä maglumat bermek |

Müşderiniň hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdelerini aýyrmak boýunça hyzmatlar hasabyň eýesiniň görkezmesi boýunça ýerine ýetirilýär.

Bankyň geçirme amallary – fiziki we ýuridiki taraply müşderileriň tabşyrygy esasynda, onuň bankdaky hasaplaşyk hasabyndan satylan harytlar, ýerine ýetirilen işler üçin pul serişdeleriniň nagt däl hasaplaşyk görnüşinde bank tarapyndan geçirilmegidir. Pul geçirmeleri baradaky habarlar elektron poçta, telegraf aragatnaşyk tilsimatlarynyň üsti bilen alyjy banka puluň möçberini, tölenen senesi we kime tölenýändigini görkezmek arkaly amala aşyrylýar.

Kliring – bu özara talaplar we borçnamalar boýunça nagt däl hasaplaşyklary ýola goýýan ulgamdyr. Türkmenistanyň çäginde kliring ulgamy Tükmenistanyň Merkezi bankynyň hasaplaşyk merkezinde, habarçy hasaplaryň üsti bilen bankara hasaplaşyklary geçirmek üçin ulanylýar.

Halkara hasaplaşyklarynda kliring – daşary söwda ykdysady gatnaşyklarynda ýüze çykyp, döwletara ylalaşyk esasynda özara töleg talaplaryny we borçnamalaryny amala aşyrmaklygy ýerine ýetirýär.

Akkredetiwler boýunça hasaplaşyklar – bu nagt däl hasaplaşyklaryň bir görnüşi bolup, halkara hasaplaşyklarynda giňden ulanylýan töleg resminamasy bolan akkredetiwleri ulanmak arkaly geçirilýän amallardyr.

Täjirçilik banklarynda töleg guraly hökmünde nagt we nagt däl hasaplaşyklar çykyş edýär. Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän kärhanalar we guramalar özleriniň guramaçylyk hukuk görnüşlerine garamazdan, wagtlaýynça boş duran pul serişdelerini baglaşylan şertnama esasynda bank edaralaryna tabşyrmaklyga borçludyr. Şu nukdaý nazardan Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik banklarynda müşderiler bilen nagt hasaplaşyk amallary geçirmegiň, olary saklamagyň we inkassasiýalaşdyrmagyň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň 2014-nji ýylyň iýul aýynyň 4-ne №281-iş buýrugy bilen çykaran «Türkmenistanyň karz edaralarynda pulhana amallaryny geçirmegiň tertibi baradaky» Düzgünnamasy esasynda täjirçilik banklarynda müşderilere kassa amallarynyň ýola goýluşy sazlaşdyrylýar. Kassa amallary – gymmatlyklary ka-

bul etmek, gaýtadan sanamak, böleklemek, çalyşmak, çykdajy etmek, saýhallamak, gaplamak we saklamak bilen baglanyşykly amala aşyrylýan amallardyr. Müşderileriň öz kassalarynda saklanylmaly pulunyň möçberine banklar tarapyndan çäk bellenilýär. Şol bellenen çäkden artyk gelýän pul serişdeleriniň galyndysy öz wagtynda bank edarasyna tabşyrylmaga degişlidir. Kärhanalardan we edaralardan gelýän nagt pul serişdelerini banklaryň gündizki we agşamky kassalaryna inkassatorlaryň tabşyrmagynda kabul edilýär. Müşderilerden banka gelip gowşan nagt pullaryň ählisi boýunça girdeji we çykdajy amallaryny ýerine ýetirmek üçin täjirçilik banklary kassa dolanyşygyny düzýär. Amallar boýunça günüň dowamynda gelip gowşan nagt pullaryň ählisi kassa dolanyşygyna girdeji edilip, şol iş günüň dowamynda degişli hasaplara geçirilýär.

## 12.2. Täjirçilik banklarynda müşderileriň hasaplaşyk hasabyndaky serişdeleriň saklanylyşynyň analizi

Täjirçilik banklary müşderilere hasaplaşyk hasaplaryny açmak, hasaby dogry ýöretmek, hasap barada maglumatlary bermek, olaryň töleg tabşyryklaryny wagtynda berjaý etmek we ş. m. hasaplaşyklary geçirmek bilen baglanyşykly amallar boýunça, öz müşderileriniň öňünde borçnama kabul edýärler. Müşderileriň hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleri, onuň eýesiniň üçünji bir tarapa satyn alan harytlary ýerine ýetiren hyzmatlary üçin geçirýänçä bankda saklanylmagy hem-de wagtlaýynça ulanylmagy kanuna laýykdyr. Karz edaralarynda ýuridiki taraplaryň hasaplaşyk hasabyndaky serişdeler esasy çeşme hökmünde ulanylyp, ähli borçnamalaryň ýarysyndan gowragyna deňdir. Munuň üçin kärhananyň meýilnamalaşdyrýan girdejisiniň hasaplaşyk hasabyndaky paýynyň ortaça çöküşini şu formula arkaly ($M_o$) hasaplamak bolar:

$$M_o = (M_g \times G_{os})/H_g \times 100\%,$$

bu ýerde $M_g$ – meýilnamalaşdyrylýan döwürde hasaplaşyk hasabyna gelip gowuşmagyna garaşylýan serişdeler; $G_{os}$ – geçen ýylyň deňeşdi-

rilýän döwründe hasaplaşyk hasabyndaky ortaça galyndy (3, 6, 9, 12). Bu aýyň, çärýegiň hakyky galyndysy esasynda orta hronologik ýaly hasaplanylýar; $H_g$ – kärhänänyň hasaplaşyk hasabyna hakyky gelip gowşan (geçen ýylyň degişli döwründe hakyky ýerleşdirileni) serişdeler.

Bankyň hasap-amallar bölüminde müşderileriň hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleriniň hereketiniň analizini geçirmek üçin müşderleriň her birine aýratynlykda şahsy hasaplar açylýar. Müşderileriň şahsy hasaplarynda hasaplaşyk resminamalary ulanmak arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklary boýunça, onuň hasabyna gelýän-gidýän pul serişdeleriniň hasaplarda saklanylyşyna gündelik gözegçilik edilýär. Bankda tarap hasaplary iki nusgada düzülýär, onuň birinji nusgasy bankyň resminamalar gününe çatylýar, ikinji nusgasy bolsa şahsy hasabyna goşulyp müşderä berilýär. Bankyň şahsy hasabynda şu aşakdaky görkezijiler bolýar:

- hyzmat edýän bankyň ady;
- müşderiniň ady we hasaplaşyk hasabynyň belgisi;
- tarap hasabynyň düzülen senesi;
- günüň başyna pul serişdeleriniň galyndysy;
- resminamalaryň belgisi;
- amalyň görnüşiniň san bilen aňladylyşy;
- müşderiniň hasaplaşyk hasaby bilen habarlaşýan hasaplaryň belgileri;
- habarçy banklaryň kodlary;
- habarçy banklaryň korrespondent hasaplary;
- kredit boýunça hasaplaşyk hasabyna gelýän pul serişdeleri;
- debet boýunça hasaplaşyk hasabyndan çykýan pul serişdeleri;
- günüň ahyryna pul serişdeleriniň galyndysy görkezilýär.

Akkreditiwler boýunça hasaplaşyklaryň amala aşyrylmagynda, oňa gatnaşýan banklaryň öz müşderileriniň öňündäki tölegleri geçirmek boýunça borçnamasynyň ähmiýeti has-da artýar. Sebäbi, hasaplaşyklaryň bu görnüşi amala aşyrylanda banklar haryt iberijiler bilen satyjylaryň arasynda kepillendirmek boýunça hyzmatlaryny hem ýola goýýarlar. Hasaplaşyk amallaryna analiz geçirilende akkreditiwleriň görnüşleri aýratyn toparlara bölünip öwrenilýär.

Olaryň hasaplaşyk amallaryndaky serişdeleriň umumy jemindäki paýy anyklanylýar.

Bankara hasaplaşyklaryna analiz geçirilende, esasy ünsi hasaplaşyklaryň alnyp barlyşyna bermelidir. Meselem, ätiýaçlyk habarçy hasabynda karz galyndysynyň möçberi, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanan çäklere gabat gelmelidir. Banka pul serişdeleri wagtlaýynça ýetmedik ýagdaýynda, ol bankara karzlary almaga mejbur bolýar. Bu karzlar habarçy hasaplara geçirilýär. Bu bolsa tölegleriň yzygiderli amala aşyrylmagyna mümkinçilik berýär. Eger bank öz wagtynda bankara karzyny almadyk ýagdaýynda, habarçy hasaplarynda debet saldo emele gelýär we onuň netijesinde tölegleriň gelýän pul serişdelerinden köp bolmagy mümkindir. Eger debet saldo emele gelse, täjirçilik bank onuň galyndysyna göterim töleýär. Ol göterimiň möçberi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilýär.

# XIII BAP
# TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ GÖTERIM SYÝASATYNYŇ ANALIZI

## 13.1. Bankyň göterim syýasatynyň emele gelmeginiň esasy ugurlary

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän täjirçilik banklary «Karz edaralary we bank işi hakynda» kanuna laýyklykda ýuridiki we fiziki taraplaryň pul serişdelerini depozit görnüşinde banka çekmeklige hem-de daşyndan çekilen serişdeleri öz adyndan möhletlilik, töleglilik hem-de yzyna gaýtarmaklyk ýorelgeleri esasynda karz görnüşinde ýerleşdirmeklige doly hukugy bardyr. Şu nukdaýnazardan seredeniňde täjirçilik banklary karz serişdelerini satyn alyjynyň, şol bir wagtyň özünde hem satyjynyň ornunda çykyş edýär. Bu ýerde banklaryň araçyllyk işine borçnama satyn almak we karzlaşdyrmak boýunça. ykdysady taýdan ikitaraplaýyn baha bermek mümkinçiligi emele gelýär. Banklar maliýe araçyllary hökmünde çykyş edip, daşyndan çekilen serişdelerini (passiw) ýerleşdirmek arkaly karz alyjylaryň (aktiw) ygtyýaryna geçirýärler. Şeýlelikde täjirçilik banklarynyň göterim syýasaty emele gelip, onuň aktiw we passiw amallary boýunça göterim derejeleriniň aratapawudynda (marža) manysyny tapýar. Bu ýerde müşderiler goýum serişdeleri boýunça göterim girdejisini alýar, banklar bolsa marža göterimini almaga gyzyklanýar *(58-nji tablisa).*

*58-nji tablisa*

**Tajirçilik banklarynda göterim syýasatynyň emele gelmegi**

| TÄJIRÇILIK BANKLARY | | |
|---|---|---|
| Satyn almak: kapital + göterim derejesi | | Satmak: kapital hyzmaty + göterim derejesi |
| Aluw – satuw = Göterim marža | | |

Bankyň karz amallarynda ýerleşdirmek maksatly daşyndan çekilen serişdeleriniň binýady hökmünde ýuridiki we fiziki taraplaryň «Talap edilýänçä» we möhletli depozitleri, bankara karzlar ulanylýar. Aktiw amallarda ýerleşdirmek üçin arzan hem-de has durnukly çeşmesiniň binýadyny depozit goýumlary tutýar. Şonuň üçin hem täjirçilik banklarynyň göterim syýasaty öwrenilip, daşyndan çekilen serişdeleriň ählisiniň gymmaty bahalandyrylanda, umumy serişdeleriň düzümindäki depozit goýumlaryň her biriniň paýy aýratynlykda kesgitlenilýär. Bu analiziň esasy ugurlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- täjirçilik banklarynyň ähli serişdeleriniň ortaça nominal bahasynyň gymmatyny hem-de umumy daşyndan çekilen serişdelerde, olaryň her bir görnüşine aýratynlykda ortaça nominal göterim goýumlaryň dinamikasyny öwrenmek;
- serişdeleriň hakyky gymmatyny hasaplamak;
- täjirçilik banklarynyň umumy çykdajylarynyň düzüminiň üýtgemeginde, daşyndan çekilen serişdeler boýunça harajatlaryň paýyny öwrenmek;
- bankyň serişdeleriniň gymmatlamagyna täsir edýän faktorlary ýüze çykarmak.
- «Arzan» bahaly serişdeleri banka çekmek üçin teklipleri girizmek we ş. m.

**1.** Täjirçilik banklarynyň ähli daşyndan çekilen serişdeleriniň ortaça ýyllyk nominal bahasy ($N_{ý.o}$) (ýyllyk göterim derejesi) şu aşakdaky formula arkaly hasaplanylýar:

$$N_{ý.o} = \frac{\textit{Ýylyň dowamynda tölenen göterimler}}{\textit{Hususy we daşyndan çekilen serişdeleriň ortaça galyndysy}} \times 100.$$

2. Daşyndan çekilen serişdeleriň ortaça nominal bahasy:

$$N_{ý.o} = \frac{\textit{Ýylyň dowamynda tölenen göterimler}}{\textit{Çekilen serişdeleriň dürli görnüşleriniň ortaça galyndysy}} \times 100.$$

3. «Talap edilýänçä» serişdeleriň ortaça nominal bahasy:

$$N_{ý.o} = \frac{\textit{Ýylyň dowamynda «Talap edilýänçä» serişdelere tölenen göterimler}}{\textit{«Talap edilýänçä» goýumlaryň ortaça galyndysy}} \times 100.$$

4. Möhletli goýumlaryň ortaça nominal bahasy:

$$N_{ý.o} = \frac{\textit{Ýylyň dowamynda möhletli goýumlara tölenen göterimler}}{\textit{Möhletli goýumlaryň ortaça galyndysy}} \times 100.$$

Eger ýokardaky formulalar boýunça hasaplaşyk geçirilýän möhlet bir ýyla ýetmeýän bolsa, onda sanawjyda 360 güne, maýdalawjyda bolsa hasabat döwründäki günüň sanyna köpeltmelidir. Mysal üçin, bankyň daşyndan çekilen serişdeleriniň düzümindäki «Talap edilýänçä» goýum boýunça göterim çykdajysy 6 aýda 500 000 manat, «Talap edilýänçä» goýumlaryň ortaça galyndysynyň möçberi 8 000 000 manat, onda

$$N_{ý.o} = 500000/8000000 \times 360/180 = 0{,}126 \times 100 = 12{,}6\%\ \text{ýyllyk}.$$

Bankyň daşyndan çekilen serişdeleriniň ortaça nominal bahasynyň hasaplanylmagy netijesinde, onuň her bir görnüşiniň hasabat döwri bilen geçen ýylyň degişli döwründe bahasynyň (gymmatlandygyny ýa-da arzanlandygyny) deňeşdirilmegini hem-de serişdeleriň dürli görnüşleriniň ortaça nominal bahadan üýtgemesiniň dinamikasy öwrenilip, banka iň gymmat düşýän serişdeleri anyklamaga mümkinçilik döredýär. Ýokarda agzalan ýagdaýlardan başga-da täjirçilik banklarynyň göterim syýasatynyň üýtgemegine birnäçe daşky we içki faktorlar täsir edýär. Daşky faktorlara ýurduň pul-karz syýasaty; bazardaky bäsdeşleriň karzlaşdyrma hyzmaty boýunça ukyby; hümmetsizlenmek; walýuta alyş-çalyş kursy; pul bazarynda goýum we karz serişdelerine bolan islegleriň özara hereketi, içki faktorlara bolsa bankyň töwekgelçilik derejesi; karz amallarynyň esasynda peýda gazanmak (marža); karzyň ýörelgeleri (üpjünçilik görnüşi, möh-

leti, karzyň möçberi we ş. m.); karz alyjy bilen bankyň arasyndaky gatnaşygyň häsiýeti; müşderiniň tölege ukyplylyk derejesi; bankyň ýerleşýän ýeri we onuň häsiýetnamasy we ş. m. degişlidir.

Banklarda daşyndan çekilen serişdeleriň nominal bahasy kesgitlenende, ulanylýan möhleti bir ýyla ýetmeýän döwürdäki serişdeleriň göterim derejesiniň möçberi bahalandyrylyp, olary ýerleşdirmek baradaky şertnamada, onuň eýesiniň bähbitleri göz öňünde tutulmalydyr *(59-njy tablisa).*

2014-nji ýylyň awgust aýynda TMB-niň karz auksionda yglan edilen göterim derejesi

2014-nji ýylyň awgust aýynda TMB-niň goýum amallarynyň auksionda yglan edilen göterim derejesi

*59-njy tablisa*

| **Karzlaryň möhleti** | **Göterim derejesi (%)** | **Goýumlaryň möhleti** | **Göterim derejesi** |
|---|---|---|---|
| | **awgust** | | **awgust** |
| 1 aý | 5,0% | 1 aý | 3,0% |
| 2 aý | 5,5% | 2 aý | 3,5% |
| 3 aý | 6,0% | 3 aý | 4,0% |

## 13.2. Serişdeleriň hakyky bahasynyň kesgitlenilişiniň analizi

Serişdeleriň hakyky we nominal bahasy biri-birinden tapawutlanýar. Nominal (bazar baha) baha – bu bazar nyrhy boýunça serişdelere göterim goýumynyň bahasy baradaky geleşikdir. Bu ýerde serişdäniň eýesiniň hasabyna göterim tölegleri geçirilýär. Bankyň daşyndan çekilen serişdelerine birnäçe faktorlaryň täsir etmegi netijesinde, onuň bahasy şertnamada görkezilen nyrhdan gymmata düşýär. Daşyndan çekilen serişdeleriň şertnamada görkezilen nyrhdan gymmat düşmegine hem-de bazar bahasynyň üýtgemegine täsir edýän faktorlar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- daşyndan çekilen serişdeleriň bellibir möçberiniň Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky hökmany ätiýaçlyk hasabynda deponirlenmegi;

- ➢ karz serişdelere islegiň bolmazlygy;
- ➢ hümmetsizlenmek;
- ➢ salgyt gullugynda hereket edýän käbir düzgünler.

Türkmenistanyň «Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky» kanunyna laýyklykda ýurduň çäginde hereket edýän ähli banklar Merkezi bankyň ýörite hasabynda zerur ätiýaçlyklaryň iň pes derejesiniň bolmagyny hökmany üpjün etmelidir. Bank ulgamynyň karz serişdelerini sazlaşdyrmak Gaznasy täjirçilik banklarynyň çeken serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Banklar bu Gaznada hukuk taraplardan çeken serişdeleriniň jeminden şu aşakdaky möçberlerde goýum goýmaklyga borçlandyrylýar:

a) milli pulda:
- möhletli goýumlar boýunça – 5%;
- galan görnüşler boýunça – 25%;

b) daşary ýurt pulunda:
- möhletli goýumlar boýunça – 5%;
- galan görnüsler boýunça – 8%.

Banklar daşyndan çekilen serişdeleriniň her bir görnüşi boýunça ätiýaçlyklary döretmelidirler. Goýum geçirmeklik aýma-aý hasaplaşyk hasaplaryndaky çekilen şerişdeleriň galyndylary boýunça hasaplanylýar. Geçirilmeli hökmany ätiýaçlyklaryň jemi ortaça ululygy kesgitlemegiň ýönekeý – arifmetik usuly bilen hasaplanylýar. Ýuridiki we fiziki taraplaryň möhletli we «Talap edilýänçä» goýumlarynyň hakyky (real) bahasy kesgitlenilende analitiki hasaplar boýunça olaryň her biri aýratynlykda bahalandyrylýar. Serişdeleriň hakyky bahasyny $R_b$ hasaplamak üçin şu formula ulanylýar:

$$R_b = N_b/(100 - H_ä) \times 100,$$

bu ýerde $R_b$ – hakyky baha; $N_b$ – nominal baha; $H_ä$ – hökmany ätiýaçlandyrma kadasy.

Mysal üçin, möhletli goýumyň nominal bahasy ýyllyk 12%; hökmany ätiýaçlandyrma kadasy 5% bolsa, onda serişdäniň ýyllyk göterim derejesiniň hasaplanylyşy:

$$R_b = 12\% \times 100 \;/\; 100 - 5 = 12{,}6\%.$$

Bu ýerde daşyndan çekilen serişdäniň hakyky bahasy, onuň nominal (bazar) bahasyndan 0,6% ýokarydyr.

Serişdeleriň ortaça göterim derejesiniň real bahasy ortaça arifmetik ululyklaryň formulasy boýunça hasaplanylýar.

*60-njy tablisa*

| Serişdeleriň ulanylyş möhletli görnüşleri | Hakyky göterim derejesi (%) | Udel agramy (%) |
|---|---|---|
| «Talap edilýänçä» goýum | 3 | 50 |
| Möhletli goýum 30 güne çenli. | 25 | 25 |
| Möhletli goýum 31 günden 90 güne çenli | 28 | 20 |
| Möhletli goýum 90 günden ýokary | 30 | 5 |
| | – | 100 |

60-njy tablisanyň maglumatlary esasynda hasaplananda «Talap edilýänçä» serişdeleriň we möhletli goýumlaryň ortaça hakyky bahasy 8,85%-e deňdir:

$$3 \times 0{,}5 + 25 \times 0{,}25 + 28 \times 0{,}2 + 30 \times 0{,}05 = 8{,}85\%.$$

Täjirçilik banklarynyň karz serişdeleriniň hakyky gymmaty hasaplananda, hereket edýän kanuna laýyklykda salgyt ulgamynyň hem täsirini bellemek zerurdyr. Şeýlelikde bankara karzynyň hakyky bahasy aşakdaky formula arkaly hasaplanylýar:

$$R_b = \frac{\textit{Salgyda tölegler}}{\textit{Bankara karzynyň ortaça möçberi}} \times 100.$$

Peýda gazanmak üçin serişdeleriň binýadyny emele getirýän passiwleriň ortaça bahasy, olar boýunça çykdajylaryň (serişdeleri emele getirmek üçin çykdajylaryň esasy bölegi) düzüminiň gurluşyna hem-de göwrümine baglydyr. Passiwleriň çekilen we karz serişdelere bölünmegi netijesinde, olaryň umumy daşyndan çekilen serişdeler boýunça çykdajylarynyň göwrümindäki mugt düşýän ýa-da satyn alynýan serişdeleriň möçberiniň paýy anyklanylýar. Banka mugt düşýän serişdeler – bu serişdeler üçin bankda öň harajatlar çekilen,

şonuň üçin hem serişdeleriň ortaça real gymmatyna analiz geçirilýän hasabat döwründe, mugt düşýän serişdelere çykdajylar hasaplanylmaýar. Diýmek, bankyň serişdeleriniň bahasy diýip, onuň hususy serişdeleriniň däl-de daşyndan çekilen serişdeleriniň bahasyna düşünilýär. Bankyň umumy serişdeleriniň hakyky gymmaty hasaplananda (hususy mugt serişdelerini hem goşmak bilen), olaryň her bir görnüşiniň hakyky bahasyny hem-de ähli serişdeleriň düzümindäki tutýan paýyny hasaplamak üçin ortaça ululyk formulasy ulanylýar. Serişdeleriň hakyky gymmatynyň analizi geçirilende bankyň göterim syýasatynyň dinamikasynyň ýagdaýyny bahalandyrmak mümkinçiligi döreýär. Serişdeleriň hakyky bahasy – bankyň karz amallary boýunça göterim goýumlarynyň derejesiniň emele gelmegine esas bolmalydyr. Şonuň üçin hem bank işgärleri tarapyndan serişdeleriň ortaça şertnama bahasy kesgitlenende serişdäniň ortaça gymmatyny + + ýeterlik maržany göz öňünde tutmak zerurdyr ($M_ý$):

$$M_ý = \frac{B_ç}{Bankyň\ girdeji\ getirýän\ aktiwleriniň\ ortaça\ galyndysy} \times 100,$$

bu ýerde $B_ç$ – bankyň çykdajylary (bankyň amallar boýunça çykdajylary – tölenen göterimler + dolandyryş diwanyna çykdajylar – gaýry girdejiler).

Gaýry girdejiler – bankyň karz häsiýetine eýe bolmadyk täjirçilik girdejileri, kassa hyzmatlary, inkassasiýa, maslahat bermek, gaýry hyzmatlar.

Bankyň girdeji getirýän aktiwlerine – karz bukjasy, lizing we faktoring amallary, gymmat bahaly kagyzlara goýumlary degişlidir.

Serişdeleriň göterim derejesiniň ortaça hakyky gymmatynyň esasynda maržanyň ýeterlikdiginiň hasaplanylmagy bilen bankyň göterim syýasatynyň şu ugurlaryna: karz amallarynyň we aktiwleriň aýratyn görnüşleriniň şertnamada göz öňünde tutulan ortaça hakyky bahasyndan, serişdeleriň hasabat döwründäki hakyky bahasynyň üýtgemegine we bankyň tutumlaryny ýapmak üçin ýeterlikdigine; bankyň ähli karz amallarynyň şertnamada görkezilen hakyky ortaça bahasynyň göz öňünde tutulan ortaça bahadan gyşarmalaryna analiz işleri geçirilýär.

## 13.3. Bankyň göterim maržasynyň analizi

Täjirçilik banklarynyň peýdasynyň emele gelmeginde esasy çeşme hökmünde göterim maržasyndan gelýän girdejiler çykyş edýär. Göterim maržasynyň analizinde göterim maržasynyň absolýut ululyklarynyň dinamikasy (bankyň göterim girdejileri bilen göterim çykdajylarynyň aratapawudy); bankyň aktiw we passiw amallary boýunça göterim derejeleriniň aratapawudy; marža göteriminiň koeffisiýenti; hümmetsizlenmegiň dinamikasynyň diňe koeffisiýentlere ýetirýän täsiri we ş. m. esasy ugurlaryna üns bermek maksadalaýykdyr. Marža göteriminiň dinamikasynyň analizinde diňe bir absolýut ululygy däl-de, eýsem göterim maržanyň koeffisiýentini ($K_1$) aňladýan otnositel möçberi öwrenmek hem möhümdir:

$$K_1 = \frac{\textit{Alnan göterimler} - \textit{Tölenen göterimler}}{\textit{Girdeji getirýän aktiwler}}.$$

Göterim maržanyň absolýut ululygynyň we koeffisiýentiniň möçberiniň azalmagy bankyň batyp galmagyna howp salýan esasy alamatlaryň biridir.

Göterim maržanyň azalmagynyň sebäplerine aktiw amallar boýunça göterim goýumlarynyň (stawka) pese gaçmagy, serişdeleriň gymmatlamagy, aktiwleriň umumy göwrüminde girdeji getirýän aktiwleriň paýynyň azalmagy, göterim tölegleriniň gelmezligi hem-de bankyň göterim syýasatynyň nädogry gurnalmagy esas bolup biler. Dünýä tejribesinde bankyň $K_1$ – koeffisiýentiniň kadalaşdyryjy derejesi 3,2%-den 4,6%-e çenli. Indiki otnositel ululyga karz bukjasy boýunça göterim maržanyň koeffisiýenti ($K_2$) diýilýär:

$$K_2 = \frac{\textit{Berlen karzlardan alnan\%} - \textit{Karz serişdelerine tölenen\%}}{\textit{Berlen karzlaryň ortaça galyndysy}}.$$

Göterim maržasynyň karz bukjasy ($K_2$) boýunça koeffisiýentiniň dinamikasy karz göterim goýumynyň üýtgemegine, karz serişdeleriniň gymmatyna, karz bukjasynyň möçberine, hasaplanan göterimleriň tölenilmezligine baglydyr.

$K_1$ – bankyň aktiw amallarynyň: karzyň berlişini, beýleki kärhanalaryň gymmat bahaly kagyzlaryna goýumlary, lizing we faktoring amallarynyň ortaça girdejililigini häsiýetlendirýär.

$K_2$ – karz amallarynyň girdejililigini häsiýetlendirýär. $K_2$ göterim maržasynyň karz bukjasy boýunça koeffisiýentini, göterim maržanyň koeffisiýenti $K_1$ bilen deňeşdirilende, bankyň bu ulgam boýunça peýda getirýän aktiwleriniň ortaça girdejililigini öwrenmäge mümkinçilik berýär.

$K_1$ bilen $K_2$-ni $M_ý$ deňeşdirilende bolsa, aktiw we karz amallarynyň hasabat döwründäki girdejililiginiň zerur minimal derejesinden tapawutlanyşyny bahalandyrmaga mümkinçilik berýär. Göterim syýasatynda aktiwler we passiwler boýunça karz we depozit amallaryndaky göterim töwekgelçiligini peseltmek (minimum) özara baglanyşykly alnyp barylmalydyr. Bu özara sazlaşygyň derejesi $K_3$ СПРЭД koeffisiýentini häsiýetlendirýär:

$$K_3 = \frac{\textit{Karz üçin alnan göterimler}}{\textit{Berlen karzyň ortaça möçberi}} - \frac{\textit{Depozitlere tölenen göterimler}}{\textit{Depozitleriň ortaça möçberi talap edilýän möhlete}}$$

Bu koeffisiýentiň kadalaşdyryjy derejesi 1,25%-e deňdir.

## 13.4. Ösdürilen göterimleriň analizi

Ösdürilen göterimler – bu maliýe serişdelerini wagtlaýynça ýerleşdirýän tarapyň öndürip alýan peýdasydyr. Bankyň göterim syýasatynyň analizinde ösdürilen göterimleriň paýynyň hem-de dinamikasynyň öwrenilmegi netijesinde, olaryň göterim maržasyna we peýdanyň möçberine ýetirýän täsiriniň derejesi kesgitlenilýär. Ösdürilen göterimleriň gymmaty hasaplananda ýönekeý we çylşyrymly göterim usullara bölünýär. Ýönekeý göterim usulynda-goýum serişdesi banka gelip gowşan pursadyndan başlap, tä yzyna gaýtarylýança, onuň ilkibaşdaky möçberi boýunça ösdürilen göterim hasaplanylýar.

$$S = B_g \times n \times G_b,$$

bu ýerde $S$ – göterimiň bahasy; $B_g$ – goýum serişdesiniň ilkibaşdaky bahasy; $n$ – ýylyň mukdary (bir ýyldan az bolup biler); $G_b$ – ulanylýan göterim goýumy.

Bu ýagdaýda möhlet $n$ bir ýyldan geçen bolsa, maýa goýumynyň $R_n$ göterim gymmaty aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$R_n = B_g + 1 = B_g \times (1 + n \times s).$$

Eger maýa goýumynyň möhleti (goýumyň saklanylmagy) gün hasabynda bolsa, onda

$$n = t : K,$$

bu ýerde $t$ – gün hasabynda amalyň möhleti; $K$ – ýylyň dowamyndaky hasaplanýan günüň mukdary;

Şeýlelikde ýokardaky formula şu görnüşe eýe bolar:

$$B_g + 1 = B_g \times (1 + t : K \times s)$$

we ýönekeý göterim goýumy $G_b$ deňdir:

$$G_b = S/B_g \times K/t.$$

Bank tejribesinde, köplenç, goýumyň möhleti bir ýyla ýetmedik ýagdaýynda ýönekeý göterim usuly boýunça ösdürilen göterim hasaplanylýar. Mysal üçin, daşyndan çekilen serişdeleriniň möhletli goýum hasabyndaky görnüşine 3 aýyň dowamynda bankyň çykdajysy 3 000 manada deňdir. Möhletli goýumlaryň ortaça galyndysynyň möçberi 700 000 manat. Onda göterim goýumy:

$$G_b = 3\,000/70\,000 \times 365/120 = 0{,}130 \times 100 = 13\%.$$

Çylşyrymly ösdürilen göterim usuly – daşyndan çekilen serişdeleriň bankda bir ýyldan köp saklanylýan görnüşlerine ösdürilen göterimler geçen döwür üçin hasaplanylyp, borçnamanyň esasy bergisine goşulýar. Çylşyrymly ösdürilen göterimleriň gurluşy $Ö_ç$ aşakdaky görnüşe eýe bolýar:

$$Ö_ç = B_g \times (1 + G_b)\, n,$$

bu ýerde $Ö_ç$ – ösdürilen baha; $G_b$ – çylşyrymly göterim boýunça ýyllyk goýum; $n$ – goýumyň ýa-da karzyň möhleti.

Eger ösdürilen ululygyna $Ö_ç$ bankyň daşyndan çekilen serişdesine $B_g$ tölenen göterimler $G_b$ hökmünde seredilse, onda

$$G_b = \sqrt[n]{1 + \frac{S}{B_g}} - 1 .$$

Mysal üçin, iki ýylyň dowamynda depozit goýumyna 10 000 manat göterim çykdajy edilen bolsa, şu döwrüň dowamynda göterim goýumy hemişe 2 000 manada deňdir:

$$G_b = \sqrt[2]{1 + \frac{2\,000}{10\,000} - 1} = 0{,}095 \times 100\% = 9{,}5\%.$$

## 13.5. Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda GAP (aratapawut) usuly boýunça göterim töwekgelçiliginiň analizi

Göterim derejesiniň üýtgemeginiň töwekgelçiligi – bu maliýe gurallary boýunça adalatly (bazar) bahanyň ýa-da geljekki pul serişdeleriniň akymlarynyň bazarda göterim derejesiniň üýtgemeginiň durnuksyz häsiýete eýe bolmagy bilen baglanyşykly töwekgelçilikdir. *GAP* (aratapawut) analizi göterim töwekgelçilini hasaplamagyň giňden ulanylýan usullarynyň biridir. *GAP* (aratapawut) – bu her bir wagt aralygy üçin kesgitlenen, göterim derejesiniň üýtgemegine duýgurly maliýe gurallary boýunça uzyn ýagdaýlaryň pul möçberi bilen gysga ýagdaýlaryň pul möçberleriniň arasyndaky aratapawutdyr.

$$GAP = RSA - RSL,$$

bu ýerde *RSA* we *RSL* – bazardaky göterim derejesiniň üýtgemegine duýgurly aktiwler we passiwler. *GAP* – üýtgewsiz birliklerde görkezilen, bazardaky % derejesiniň üýtgemegine duýgurly aktiwleriň we passiwleriň aratapawudy.

Göterim derejesiniň üýtgemegine duýgurly aktiwlere gysga möhletli gymmatbaha kagyzlar; bankara karzlar; üýtgäp durýan göterim derejeli karzlar hem-de ylalaşygyň şertlerine görä, göterim derejesini täzeden seretmek üçin möhlet goýlan karzlar degişlidir.

Göterim derejesiniň üýtgemegine duýgurly passiwlere üýtgäp durýan göterim derejeli depozitler; üýtgäp durýan göterim derejesi bellenen *GBK*; bankara karzlar hem-de ylalaşygyň şertlerine görä, göterim derejesini täzeden seretmek göz öňünde tutulan depozit ylalaşyklar degişlidir. *GAP* absolýut we otnositel ululyklar görnüşinde hasaplanylyp bilner. *GAP* otnositel görnüşinde, her bir wagt aralygynda ösdürilen jemi görnüşinde hasaplanan aktiwleriň borçnamalara bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenilýär. *GAP*-yň göterim derejesi oňyn we oňyn däl üýtgäp durmagy netijesinde bankyň arassa göterim derejesiniň üýtgemegine analiz geçirmäge mümkinçilik döredýär. Oňyn *GAP* (göterim derejesiniň üýtgemegine duýgurly aktiwleriň möçberiniň, göterim derejesiniň üýtgemegi duýgurly passiwlerden köp bolanda) göterim derejesi ýokarlananda arassa göterim girdejisiniň köpeljekdigini we göterim derejesi peselende arassa göterim girdejisiniň möçberiniň azaljakdygyny aňladýar. Oňyn däl *GAP* göterim (göterim derejesiniň üýtgemegine duýgurly aktiwleriň möçberiniň, göterim derejesiniň üýtgemegi duýgurly passiwlerden az bolanda) göterim derejesi peselende arassa göterim girdejisiniň köpelmegini we göterim derejesi ýokarlananda azalmagyny aňladýar. *GAP* usuly bilen göterim töwekgelçiliginiň analizini geçirmek üçin hasaplamagyň tertibi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Hasaplamada göterim derejesiniň üýtgemegine duýgurly aktiwler we passiwler göz öňünde tutulýar. Bu ýerde aktiwler-uzyn ýagdaýy, passiwler bolsa gysga ýagdaýy emele getirýär.
2. Aktiwler we borçnamalar balans bahalary boýunça hasaba alynýar.
3. Aktiwler we borçnamalar wagt aralyklary boýunça üzlüşmek üçin galan möhletine baglylykda bölünýär.
4. Üzlüşmek möhleti näbelli bolan («Talap edilýänçä») gurallar boýunça dolanyşyk (üzlüşmek) möhleti karz edaranyň hünärmen garaýşy esasynda, emma 5 ýyldan köp bolmadyk möhlete kesgitlenilýär. Hünärmen garaýşy ilki bilen bazar tejribesine hem-de karz beriji edaranyň öz tejribesinden ugur alýar.

5. Kuponly obligasiýalary kuponlaryň üzlüşmek üçin galan möhletine baglylykda wagt aralyklary boýunça bölünýär.
6. Her bir wagt aralygynda aktiwleriň we passiwleriň pul möçberleri (6 setir we 12 setir) ösýän jemi (1ýylyň dowamynda) arkaly hasaplanylýar.
7. Her bir wagt aralygynda aktiwleriň we borçnamalaryň pul möçberiniň (5-nji setir – 11-nji setir) arasyndaky tapawut hökmünde *GAP*-niň möçberi (13 setir) hasaplanýar.
8. Her bir wagt aralygynda aktiwleriň 6-njy setirini 12-nji setire bölmek arkaly aratapawut koeffisiýenti (14 setir) hasaplanylýar *(61-nji tablisa)*.

*61-nji tablisa*

| № | AKTIWLER | 1 aýdan az | 1 aýdan 3 aýa çenli | 3 aýdan 6 aýa çenli | 6 aýdan 12 aýa çenli | 1 ýyldan 2 ýyla çenli | Möhleti näbelli |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Karz we maliýe edaralaryndaky serişdeler | 103077 | 3510 | 6252 | 0 | 1570 | 700 |
| 2 | Müşderilere karzlar we hakujylar | 147736 | 3200 | 10536 | 3043 | 23212 | 6576 |
| 3 | Satmak üçin bar bolan maliýe aktiwleri | 10396 | 0 | 3025 | 1499 | 1098 | 990 |
| 4 | Üzlüşilýänçä saklanylýan maliýe aktiwi | 6271 | 0 | 0 | 0 | 2000 | 1300 |
| 5 | Jemi aktiwler | 267480 | 6710 | 19813 | 4542 | 27880 | 9566 |
| 6 | Ösdürilen jem bilen aktiwleriň jemi | 267480 | 274190 | 294003 | 298545 | – | – |

*61-nji tablisanyň dowamy*

| BORÇNAMALAR | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 7 | Banklaryň we maliýe edaralarynyň serişdeleri | 35081 | 10300 | 12230 | 5301 | 1450 | 500 |
| 8 | Müşderileriň serişdesi | 45463 | 49120 | 40061 | 18494 | 15200 | 5051 |
| 9 | Goýberilen borçnama-laýyn GBK | 6055 | 3078 | 12800 | 5430 | 3080 | 4730 |
| 10 | Beýleki borçnamalar | 1500 | 2574 | 3560 | 2300 | 570 | 230 |
| 11 | Jemi boçnamalar | 88099 | 65072 | 68651 | 31525 | 20300 | 10511 |
| 12 | Ösdürilen jem bilen borçnama-laryň jemi | 88099 | 153171 | 221822 | 253347 | – | – |
| 13 | GAP | 179381 | –58362 | –48838 | –26983 | 7580 | –945 |
| 14 | Aratapawut koeffisiýenti | 3,04 | 1,79 | 1,33 | 1,18 | – | – |

9. *GAP* hasaplanyňdan soň, her bir wagt aralygynyň ortaça ýagdaýy boýunça stresstesti (mysal üçin, 100 karz bölekleri) ulanmak arkaly arassa göterim girdejisiniň bolup biljek üýtgemelerini hasaplamak maslahat berilýär. Hasaplama, ýyllyk kalendar dowamlylygy 360-a deň diýen ýol berme esasynda ýerine ýetirilýär.

*Mysal:* birinji wagt aralygynyň ýol berme absolýut *GAP* + +179381-e deňdir, ýagny täzeden bahalandyrylýan maliýe gurallarynyň arassa ululygy + 179381 manada deňdir. Wagt aralygy ortaça 15 gün. Stresstestiň şertlerine görä göterim derejesiniň üýtgemegi 1%-e deňdir:

*Wagt koeffisiýenti* = 345/360 = 0,95833;

1793,81 × 0,01 = 1793,81 man; 1793,81 × 0,95833 = 1719,07 man.

12. Sargyt №2973.

Stresstestiň şertlerine görä arassa göterim girdejisiniň üýtgemegi 1719,07 manada deň.

Ortaça 60, 135 hem-de 270 güne degişlilikde diýip kesgitlenýär. Indiki üç sany wagt aralygy (58-nji tablisa seret) üçin hem şular ýaly hasaplama düzülýär. Ýokarda görkezilen tehnikany ulanmak bilen aralyklar boýunça arassa göterim girdejisiniň üýtgemek mümkinçiligi: – 486,35 manat; –305,24 we – 67,46 manada deň bolar.

Göterim töwekgelçiliginiň analizi ýylyň netijesi boýunça alnan GAP-yň absolýut ululygyna gatnaşygynda ýerine ýetirilýär. Eger göterim derejesi 100 bazis bölege ýokarlansa, onda 1 ýyl boýunça arassa göterim derejesi, takmynan 860,02 man. (+1719,07 + (–486,35) + + (–305,24) + (–67,46)) öser, göterim derejesiniň peselmegi netijesinde bolsa 860,02 man (–1719,07 + 486,35 + 305,24 + 67,46) kemeler.

# XIV BAP
# HALKARA HASAPLAŞYKLARY WE WALÝUTA TÖWEKGELÇILIGINIŇ ANALIZI

## 14.1. Halkara hasaplaşyklaryň görnüşleri

Halkara hasaplaşyklarda banklaryň orny olaryň ýerleşýän ýurtlarynyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň möçberi, milli walýutanyň ulanylyş derejesi, maliýe ýagdaýy, işjeňlik abraýy, bank – korrespondentleriniň tory bilen kesgitlenýär. Halkara hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin banklar özüniň daşary ýurt diwanyny we daşary ýurt banklary bilen korrespondent gatnaşyklaryny ýola goýmak maksady bilen «Loro» (bankda daşary ýurt banklarynyň hasaplaryny) hem-de «Nostro» (daşary ýurt banklarynda öz hasaplaryny) açylýar. Halkara hasaplaşyklary – dürli ýurtlaryň raýatlarynyň we ýuridiki taraplaryň arasynda ykdysady, syýasy, ylmy-tehniki we medeni gatnaşyklaryň has-da ösmegi sebäpli döreýän borçlar hem-de talaplar boýunça pul tölegleri sazlamakdan ybaratdyr. Halkara hasaplaşyklaryň aglaba bölegi banklaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Banklar bu hasaplaşyklary karzlaşdyrýarlar we kepillendirýärler. Banklar halkara hasaplaşyklaryny amala aşyrmak üçin korrespondent ylalaşyklary baglaşýarlar. Korrespondent ylalaşyklary esasynda hasaplaşyklaryň tertibi, hyzmat haky, tölegiň möçberi hem-de harçlanan serişdeleriň üstüni dolmak usullary anyklanýar. Halkara hasaplaşyklaryny öz wagtynda, rejeli amala aşyrmak üçin banklar dürli walýutada geljekki tölegleriň wagtyna we gurluşyna görä zerur bolan walýuta pozisiýalaryny döredýärler. Şeýlelikde banklar

özleriniň walýuta ätiýaçlyklarynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny durmuşa geçirýärler. Halkara hasaplaşyklaryň subýektleri bolup, eksportýorlar (daşary ýurtlara harytlaryny satýanlar), importýorlar (daşary ýurtlardan harytlary satyn alýanlar) we banklar çykyş edýärler. Daşary söwda şertnamalary harytlaryň berlendigini tassyklaýan resminamalary eksportýoryň bankynyň importýoryň bankyna ýa-da haryt alýan ýurduň töleg geçirýän bankyna bellenen möhletde berilmegini göz öňünde tutýar. Halkara hasaplaşyklar töleg serişdeleriniň dürli görnüşleri bilen amala aşyrylyp bilner. Olara indikiler degişlidir: wekseller bilen hasaplaşyklar; çekler bilen hasaplaşyklar; töleg tabşyryklary bilen hasaplaşyklar; elektron poçtanyň üsti bilen hasaplaşyklar. Şol bir wagtyň özünde hem, banklar özara talaplaryň we borçlaryň özara hasaplaşyklaryny geçirýärler. Bu çäreleri amala aşyrmak üçin milli hasaplaşyk palatalary, kliring banklary ulanylýar. Olara mysal edip, dollarlarda töleg geçirýän başga ýurtlaryň banklary üçin ABŞ-nyň banklarynyň kliring banklary bolup hyzmat edýändigini bellemek zerurdyr. Halkara hasaplaşyklary amala aşyrmakda SWIFT ulgamy – bütindünýä bankara maliýe telekommunikasiýa birleşmesi bolup, olar telegraf üsti bilen halkara hasaplaşyklaryň dessine geçmegine ýardam berýär. SWIFT ulgamynyň esasyny üç sany paýlaýjy merkez tutýar. Bu merkezler Amsterdamda, Brýüsselde we Wiržiniýa ştatynda (ABŞ) ýerleşýär. Bu merkezler goşa prosessorlar bilen enjamlaşdyrylandyr. Prosessorlaryň hersi aýratynlykda gelip, gowuşýan maglumatlary sazlamaga niýetlenendir. SWIFT ulgamynyň agzasy bolan banklar öz ýurtlarynyň aragatnaşyk ugry arkaly konsertratorlar bilen habarlaşýarlar.

Dünýä tejribesinde halkara hasaplaşyklaryň birnäçe görnüşleri bolup, olar daşary ýurt şertnamalarda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar. Halkara hasaplaşyklaryň esasy görnüşleriniň biri nagt hasaplaşyklardyr. Nagt hasaplaşyklar diýlip, satyn alynýan harydyň ýurda getirilen ýa-da serhetden geçen ýagdaýynda bahasynyň tölenmegine aýdylýar. Nagt hasaplaşyklar şeýle haryt resminalarynyň satyn alyja berlen ýagdaýynda hem amala aşyrylyp biliner.

Halkara hasaplaşyklary geçirmeklik üçin erkin konwertirlenýän walýutalar ulanylyp bilner. Olara häzirki wagtda funt sterling, ABŞ-nyň dollarlary, ýewro, Ýaponiýanyň iýeni we ş. m. degişlidir.

Halkara hasaplaşyklaryň töleg tabşyryklary bilen geçirilmegi eksportýor (haryt satyjy) üçin ygtybarly görnüşdir. hasaplaşyklaryň bu görnüşinde ugradylan harytlar alnyp, olar boýunça hiç hili nägileligiň ýok ýagdaýynda, haryt alyjy (importýor) töleg tabşyrygyny doldurmak bilen öz bankyna tabşyrýar. Bank bolsa öz gezeginde berlen töleg tabşyrygy esasynda tölegi amala aşyrýar. Bank pul geçirmeleri halkara hasaplaşyklaryň beýleki görnüşleri bilen hem utgaşdyrylyp bilner. Olara ilkinji nobatda inkasso, hakujy tölegler, açyk hasap görnüşinde hasaplaşyklary degişli etmek bolar. Bank pul geçirmeleriň telegraf ýa-da poçta töleg tabşyryklary, şeýle hem SWIFT ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylyp bilner.

Halkara hasaplaşyklaryň giňden ulanylýan görnüşleriniň biri hem akkreditiwler bilen hasaplaşyklardyr. 1993-nji ýyldaky halkara söwda palatasynyň «dokumental akkreditiwler üçin infisirlenen adatlar we düzgünler» esasynda akkreditiw bankyň müşderiniň haýyş esasynda töleg geçirmäge borjy hakynda ylalaşykdyr. Ylalaşyk esasynda akkreditiw boýunça hasaplaşyklary geçirilmeklik şu ýagdaýlary göz öňüne tutýar:

1. Akkreditiw açylan benefisiaryň resminamalaryna töleg geçirmek;
2. Benefisiaryň goýan traktasyny tölemek ýa-da ony akseptlemek (tölege razyçylygyny almak);
3. Resminamalary satyn almak.

Halkara hasaplaşyklarynda geçirilýän wekseller (trattalar) ulanylýar. Banklar tarapyndan akseptlenen (tölege razyçylyk berlen) wekselleri satmak bilen dessine nagt pula öwürmek mümkinçiligi bardyr. Akkreditiwe goşmaça hökmünde wekselleriň ulanylmagy eksportýora karz we walýuta girdeýjisini almaga mümkinçilik berýär. Töleg serişdesi hökmünde bir wekselde geçirilýän ýazgylary (indossament) ulanmaklyk bilen birnäçe bergileri ýapmaklyga mümkinçilik döreýär.

Halkara hasaplaşyklarynyň ýene bir görnüşi bank çekleri bilen hasaplaşyklardyr. Bank çeki – bankyň öz bank korrespondent bankyna bellibir möçberdäki pul serişdesini onuň gündelik hasabyndan daşary ýurtdaky çek saklaýja geçirmegi barada hat üsti bilen buýrugydyr. Çek boýunça banka göz öňüne tutulan möhletde töleg tabşyrylmalydyr. Hasaplaşygyň bu görnüşi buýruk beriji (çek beriji) benefisiaryň töleg

alamatlaryny (rekwizitlerini) bilmedik ýagdaýynda ulanmak örän maksadalaýykdyr.

Dünýäniň iri banklary ýol (syýahatçylyk) çeklerini – töleg resminamalaryny bermek tejribesini ulanýarlar. Çek – onda görkezilen möçberdäki pul serişdesini onuň eýesine tölemeklige berilýän gullukdyr. 1968-nji ýyldan bäri hereket edýän «Ýewroçek» ylalaşygyna girýän ýurtlaryň müşderilerine ÝEWROÇEK ýazylyp berlip bilner. Bu çekler ýerwo walýutaly ýazylyp berilýär. Şeýle hem bu çekler müşderileriň puly alynman bank karzlarynyň hasabyna hem berlip bilner. Ýöne bu çekleriň eýelerine çegiň tölegi kepilnama kartoçkalarynyň esasynda amala aşyrylýar.

Halkara hasaplaşyklarda karz plastik kartoçkalary hem ulanylýar. Bu plastik kartoçkalar anyk müşderä berlip, onuň bilen daşary ýurtlarda harytlar we hyzmatlar üçin nagt däl görnüşinde töleg geçirilýär. Bu kartoçkalaryň karz we plastiki görnüşleri bardyr.

## 14.2. Walýuta töwekgelçiliginiň analizi

Halkara hasaplaşyklary dürli walýutalarda amala aşyrylýar. Şoňa görä-de bu amallar daşary ýurt walýutasyny satmak hem-de satyn almak bilen baglanyşyklydyr. Walýuta töwekgelçiligi – bu daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemegi bilen baglylykda, maliýe gurallary boýunça pul serişdeleriniň geljekki akymlarynyň ýa-da adalatly (bazar) bahasynyň üýtgäp durmak töwekgelçiligidir. Karz edaralarynyň birnäçe daşary ýurt pullarynda görkezilen aktiwleri we borçlary bardyr. Daşary ýurt pulunyň haýsy hem bolsa bir görnüşinde çaklanylýan aktiwleriň, edil şol pulda görkezilen çaklanylýan borçnamalardan göwrümi ýokary ýa-da pes bolan halatynda walýuta töwekgelçiligi ýüze çykýar. Walýuta töwekgelçiligi monetar maddalara degişli bolmadyk maliýe gurallarynda, şeýle hem funksional pulda görkezilen maliýe gurallary boýunça ýüze çykmaýar. Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynda walýuta töwekgelçiligine duçar bolmaklygyň duýgurlyk analizi karz edarasynyň ähmiýetli ýagdaýy bolan her bir pul birligi boýunça aýratynlykda açylyp görkezilýär *(62-nji tablisa).*

*62-nji tablisa*

| 2014-nji ýylyň 31-nji dekabryna görä | Türkmen Manady (TMM) | ABŞ-nyň dollary. ABŞ-nyň 1$ = TMM 2,85 | Ýewro. 1 Ýewr = TMM 4.09 | Ýapon ýenasy. ÝÝ 1 = TMM 0,03 | Hytaý ýuany. HÝ 1 = TMM 0,42 | Beýleki walýutalar | Jemi 2012-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **MALIÝE AKTIWLERI** | | | | | | | |
| Pul ser. we oňa deňl. serişdeler | 146,428 | 38,758 | 7,848 | 27 | 76 | 1,868 | 195,005 |
| Banklardaky serişdeler | 30,000 | 5,830,831 | 88,317 | 45 | – | 1,552 | 5,950,745 |
| Müşderilere berlen karzlar | 301,014 | 85,876 | 146,425 | 1,427,532 | 979,596 | – | 2,940,443 |
| Satuwa degişli maýa goýumlar | 2,293 | – | – | – | – | – | 2, 293 |
| Gaýry maliýe aktiwleri | – | 4,120 | | 18 | 80 | – | 4,218 |
| Jemi maliýe aktiwleri | 479,735 | 5,959,585 | 242,590 | 1,427,622 | 979,752 | 3,420 | 9,092,704 |

*62-nji tablisanyň dowamy*

| MALIÝE BORÇNAMALARY | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Banklaryň serişdeleri | 1,521 | 101,769 | 1,902 | – | – | 58 | 105,250 |
| Müşderileriň serişdeleri | 276,843 | 5,754,442 | 90,437 | – | 1 | 57,537 | 6,179,260 |
| Gaýry çekilen serişdeler | – | – | 146,499 | 1,427,524 | 988,036 | 3,007 | 2,565,066 |
| Gaýry maliýe borç-namalary | 3,462 | 17 | 2 | – | – | 5 | 3,486 |
| Jemi maliýe borçna-malary | 281,826 | 5,856,228 | 238,840 | 1,427,524 | 988,037 | 60,607 | 8,853,062 |
| AÇYK BALANS ÝAGDAÝY | 197,909 | 103,357 | 3,750 | 98 | (8,285) | (57,187) | |

*63-nji tablisa*

| 2011-nji ýylyň dekabr aýynyň 31-i ýagdaýyna | Türkmen Manady (TMM) | ABŞ-nyň dollary. ABŞ-nyň 1$ = TMM 2,85 | Ýewro. 1 Ýewr = TMM 4.09 | Ýapon ýenasy. ÝÝ 1 = TMM 0,03 | Hytaý ýuany. HÝ 1 = TMM 0,42 | Beýleki walýutalar | Jemi 2011-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **MALIÝE AKTIWLERI** | | | | | | | |
| Pul ser. we oňa deňl. serişdeler | 130,301 | 114,161 | 5,985 | 61 | 98 | 1,267 | 251,873 |
| Banklardaky serişdeler | – | 3,065,911 | 46,266 | 64 | 3 | 14,595 | 3,126,839 |
| Müşderilere berlen karzlar | 89,082 | 95,244 | 192,136 | 1,232,631 | 908,529 | 117,954 | 2,635,576 |
| Satuwa degişli maýa goýumlar | 2,025 | – | – | – | – | 26 | 2,051 |
| Jemi maliýe aktiwleri | 221,408 | 3,275,316 | 244,387 | 1,232,756 | 908,630 | 133,842 | 6,016,339 |

*63-nji tablisanyň dowamy*

| MALIÝE BORÇNAMALARY | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Banklaryň serişdeleri | 713 | 15,703 | 411 | – | – | 13,482 | 30,309 |
| Müşderileriň serişdeleri | 248,080 | 3,155,480 | 47,056 | – | 20 | 2,268 | 3,452,904 |
| Gaýry çekilen serişdeler | – | – | 192,136 | 1,229,526 | 907,619 | 4,182 | 2,333,463 |
| Gaýry maliýe borç-namalary | 8,008 | 582 | 19 | 2 | 2 | 32 | 8,645 |
| Jemi maliýe borçna-malary | 256,801 | 3,171,765 | 239,622 | 1,229,528 | 907,641 | 19,964 | 5,825,321 |
| AÇYK BALANS ÝAGDAÝY | (35,393) | 103,551 | 4,765 | 3,228 | 989 | 113,878 | |

Walýuta töwekgelçiliginiň duýgurlyk analizini geçirmek üçin bank hünärmenleri 2011-nji 31-nji dekabr ýagdaýyna degişli geçen hasabat döwrüniň maglumatlary bilen 2012-nji ýylyň dekabr aýynyň 31-ne çenli toplanan hasabat maglumatlaryny deňeşdirýärler. Bu maglumatlar toparlandyrylyp, öwrenilenden soňra walýuta amallary boýunça üýtgemeleriň peýda ýa-da ýitgilere we hususy maýa edip täsiriniň duýgurlyk analizini geçirmelidir *(63-nji tablisa)*.

Duýgurlyk analizi – bu karz edarasynyň hasabat döwrüniň soňunda sezewar bolýan bazar töwekgelçiliginiň her bir görnüşi boýunça, degişli üýtgeýjileriň mümkin bolan üýtgemeleriň peýda ýa-da ýitgilere we hususy maýa edip biljek täsiriniň analiziniň geçirilmegidir. Bu analizi bankyň hünärmenleri walýuta töwekgelçiligi boýunça hasabat berenlerinde ulanýarlar. Duýgurlyk analizi pul bilen baglanyşykly maddalaryň diňe daşary ýurt möçberdäki walýutalary öz içine alýar. Karz edarasynyň arassa girdejisiniň we maýalyk gorunyň bir ýylyň dowamyndaky waýuta hümmetiniň üýtgemegine bolan (31.12.2011 ý.; 31.12.2012 ý. hereket edýän walýuta ýagdaýlarynyň we ABŞ-nyň dollarynyň, ýewronyň we beýleki pul birlikleriniň türkmen manadyna bolan hümmetiniň 5% ýokarlanmagy ýa-da peselmegi esasynda düzülen ýönekeý çaklama laýyklykda) duýgurluk analizini indiki görnüşde görkezip bolar.

| **2012-nji ýylyň 31-nji dek.** | | **2012-nji ýylyň 31-nji dek.** | |
|---|---|---|---|
| TMM/ABŞ--nyň doll. +5% | TMM/ABŞ--nyň doll. –5% | TMM/ABŞ--nyň doll. +5% | TMM/ABŞ--nyň doll. –5% |
| Salgyt salynmagyna çenli sap peýda we maýa bolan täsir: | | | |
| 5,168 | (5,168) | 5,178 | (5,178). |

Ýokardaky maglumatlardan çörnüşi ýaly esasy çaklamalardaky üýtgeşmeleriň täsiriniň bardygyny, beýleki çaklamalarda bolsa, üýtgeşmeleriň täsiriniň ýokdugyny duýýarys. Bu ýerde hakykat ýüzünde çaklama bilen beýleki faktorlaryň arasynda arabaglanyşyk bardyr.

Banklarda walýuta töwekgelçiligi açyk walýuta pozisiýasynda döreýär. «Walýuta pozisiýasy (ýerleşişi)» diýip daşary ýurt walýutasynda hasaplarda galan galyndylaryň aktiw we passiw hasaplarynyň (balansdan daşgary talaplaryň we ýerine ýetirilmedik borçlaryň) jemlenmegine aýdylýar. Daşary ýurt walýutasynda kursuň üýtgemegi bilen baglanyşykly goşmaça girdeji we çykdajy bolmagyna ätiýaçlyk döredýär. Walýuta pozisiýasy açyk hem-de ýapyk bolup bilýär.

a) *Açyk walýuta pozisiýasy* – daşary ýurt walýutasynda hasaplardaky galan serişdeleriň aktiwiň we passiwiň (balansdan daşgary talaplaryň we ýerine ýetirilmedik borçlaryň) sany boýunça deň gelmeýän ýagdaýyna aýdylýar. Açyk walýuta pozisiýasy öz gezeginde gysga we uzyn görnüşlerde bolup bilýär:

1. Gysga açyk walýuta pozisiýasy – käbir daşary ýurt walýutasynda passiw we balansdan daşgary borçlaryň sany boýunça aktiwden we balansdan daşgary talaplardan köp bolan ýagdaýyna aýdylýar.
2. Uzyn açyk walýuta pozisiýasy – käbir daşary ýurt walýutasynda aktiw we balansdan daşgary talaplar sany boýunça passiwden we balansdan daşgary borçlardan köp bolan ýagdaýyna aýdylýar.

b) *Ýapyk walýuta pozisiýasy* – daşary ýurt walýutasyndaky hasaplardaky bolan serişdeleriň aktiwiň we passiwiň (balansdan daşgary talaplaryň we ýerine ýetirilmedik borçlaryň) sany boýunça deň gelen ýagdaýyna aýdylýar.

Walýuta hümmetiniň üýtgemegi dürli ýurtlarda walýutanyň ähli görnüşlerinde maýa goýumlary amala aşyrýan Trans milli kompaniýalaryň işiniň netijesine gös-göni täsir edýär. Walýuta töwekgelçilikleri daşary ykdysady ýa-da karz şertnamasyna gol çekilenden soň töleg geçirilen sene aralykda tölegiň walýutasyna görä, nyrhyň (karzyň) pul borçnamasynyň hakyky bahasynyň üýtgemegi bolup durýar. Walýuta töwekgelçilikleri daşary ykdysady ýa-da karz şertnamasyna gol çekilenden soň töleg geçirilen sene aralykda tölegiň walýutasyna görä, nyrhyň (karzyň) walýutasynyň hümmetiniň üýtgemegi netijesinde walýuta ýitgileriniň bolmak howpy bilen

baglanyşyklydyr. Walýuta hümmetleriniň üýtgäp durmagy (oýnamagy) dürli kompaniýalaryň, banklaryň peýda gazanmagyna we şol bir wagtyň özünde hem beýleki taraplaryň ýitgi çekmegine getirýär. Walýuta töwekgelçiligine ylalaşan iki tarap hem (söwda we karz) sezewar bolýar. Walýuta töwekgelçiligine döwlet eýeçiligindäki, şeýle hem döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk daşary ýurt puluna serişdeleri bolan edara-kärhanalary sezewar bolup bilerler.

Halkara walýuta karz we maliýe amallarynda töwekgelçilikleri anyklaýan faktorlara ykdysady ösüşiň depginiň pese gaçmagy; kontragentiň maliýe – hojalyk ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy; puluň hümmetsizlenmeginiň (inflasiýanyň) güýçlenmegi; haryt alyjynyň (importýoryň) we karz alyjynyň tölege ukypsyzlygy; söwda we töleg balansynyň ýaramazlaşmagy; nyrhyň (karzyň) walýutasynyň hümmetiniň töleginiň walýutasyna görä durnuksyzlygy; döwlet bergisiniň (içerki we daşarky) köpelmegi; göterim stawkalarynyň üýtgäp durmagy degişlidir. Şeýle-de halkara walýuta, karz we maliýe amallaryndaky töwekgelçiliklere subýektiw faktorlar hem täsir edýärler. Subýektiw faktorlara kontragente ynamyň derejesi; resmi gyzyl – walýuta ätiýaçlyklarynyň (rezerwleriň) azalmagy; hususy maýanyň migrasiýasy (ýurda gelmegi we gitmegi); bergidar ýurduň kanunçylyklygynda üýtgeşmeleriň bolmagy (gadagan etmeler, çäklendirmeler); syýasy hadysalar degişlidir.

Dünýä tejribesinde halkara walýuta, karz we maliýe amallarynda töwekgelçiliklerden goranmak üçin gorag şertleri ulanylýar. Ikinji Jahan urşundan soň, walýuta töwekgekçiliklerini ätiýaçlandyrmak üçin gyzyl we walýuta şertleşikleri ulanylyp başlandy.

*Gyzyl şertleşik* – gorag şertleşigiň bir görnüşi bolup, ol töleg walýutasynyň düzüminde bar bolan gyzylyň möçberini şertnama gol çekilen senede hasaba alýar we onuň möçberiniň tölegiň amala aşyrylýan senesinde proporsional üýtgemegini göz öňünde tutýar. Göni gyzyl şertleşiginde – borjuň jemine gyzylyň agramynyň möçberi deňeşdirilýär. Mysal üçin, Ikinji Jahan urşundan soň, 1 tonna bugdaýyň bahasy 65–70 gram arassa gyzyla barabar hasaplanýar. Gytaklaýyn gyzyl şertleşigi – walýutada aňladylan borjuň jeminiň täzeden hasaplanmagyny göz öňüne tutýar. Ýagny tölegiň

jemi bu walýutanyň düzümindäki gyzylyň möçberiniň azalmagyna proporsional köpeldilýär ýa-da tersine walýutanyň düzümindäki gyzylyň möçberiniň köpelmegine proporsional azaldylýar (köplenç halatda ABŞ-nyň dollary). Aýratyn alnan ýurtlaryň kanunçylyklaryna laýyklykda gyzyl şertleşikleriň ulanylmagy gadagan edilendir. Gyzyl şertleşikler ulanylmagy resmi gyzyl paritetleriniň bolmagyna esaslanýar. Gyzyl paritetleriň manysy bolsa, walýutanyň onuň düzümindäki gyzyla gatnaşygy hökjmünde düşünilýär. Ol bolsa 1934-nji ýyldan 1976-njy ýyla çenli gyzylyň resmi bahasynyň binýadyndan ABŞ-nyň dollarynda aňladylmagy bilen kesgitlenip gelindi. Gyzylyň bazar bahasynyň yzygider üýtgäp durmagy, dewalwasiýalaryň yzly-yzyna geçirip durulmagy netijesinde, Bretonwutt ulgamynyň krizis şertlerinde gyzyl şertleşikleri özüniň gorag alamatlaryny ýitirdi. Ýamaý walýuta reformasy Halkara Walýuta Gaznasynyň agzasy ýurtlaryň gyzyl paritetlerini we gyzyl resmi bahasyny ýitirdi. Bu reforma netijesinde gyzyl şertleşigiň ulanylmagy bes edildi.

Gyzyl şertleşigiň ýatyrylmagy bilen, walýuta şertleşigi giňden ulanylyp başlandy. Walýuta şertleşigi – halkara söwda, karz we beýleki ylalaşyklarda walýutanyň hümmetiniň üýtgemegine görä proporsional gatnaşykda tölegiň jemine täzeden seretmekligi aňladýar. Munuň özi bolsa, haryt satyjylary (eksportýorlary), karz berijileri walýutanyň hümmetsizlenmegi töwekgelçiliginden ätiýaçlandyrmakdyr. Tölegiň walýutasy walýuta şertleşiginde has durnukly walýuta baglylykda goýulýar. Tölegiň walýutasy bilen nyrh walýutasynyň (karzyň) gabat gelmezlik görnüşi giň ýaýrandyr. Eger harydyň bahasynyň walýutasy ýa-da karzyň walýutasy tölegiň walýutasyndan has durnukly bolsa, borjuň jemi nyrhyň walýutasynyň (şertleşigiň) hümmetiniň ýokarlanmagy netijesinde tölegiň walýutasyna gatnaşygyna görä proporsional köpeler.

Nyrhyň walýutasy bilen tölegiň walýutasy gabat gelen ýagdaýynda tölegiň walýutasy walýuta şertleşigindäki soňky walýuta bagly bolýar. Mysal üçin, geleşik ABŞ-nyň dollarlarynda baglaşylýar. Walýuta şertleşiginiň walýutasy bolsa ýewro pul birligi. Şeýle ýagdaýda, haryt satyjylar (eksportýorlar) we karz berijiler şertleşigiň walýutasynyň hümmetiniň pese gaçmagy netijesinde töwekgelçilige sezewar bolýarlar.

Tölegiň walýutasy walýuta şertleşigi amala aşyrylanda, tölegiň jeminiň täzeden hasaplanmagy, walýuta şertleşigindäki walýutanyň hümmetiniň üýtgemegine görä proporsional görnüşde hasaplanýar. Mysal üçin, 10 müň ABŞ-nyň dollary möçberinde şertnama baglaşylýar, töleg funt sterlingde göz öňünde tutulan. 1971-nji ýylda dollaryň 7.89% möçberde dewalwasiýa edilmegi netijesinde, tölegiň walýutasy 8.57% möçberde ýokarlandy. Şertleşigiň walýutasynyň hümmetiniň peselmegi netijesinde (7.89%), tölegiň walýutasynyň jemi hem şoňa görä proporsional azalar. Şeýle ýagdaýlarda haryt satyjylaryň (eksportýorlaryň) ýitgi çekjekdikleri ikuçsyzdyr. Tersine, nyrhyň walýutasy funt sterling, tölegiň walýutasy ABŞ-nyň dollarlary bolsa, onda ýokarda agzalan dewalwasiýanyň netijesinde haryt satyjy (eksportýor) utuş gazanar. Sebäbi, tölegiň jemi 8.57% şertleşigiň walýutasy bolup hyzmat edýän nyrhyň walýutasynyň hümmetiniň ýokarlanmagy netijesinde köpelýär.

Dünýä tejribesinde köp walýutaly şertleşikler hem ulanylýar. Bu şertleşikler XX asyryň 30-njy ýyllarynda bütin dünýä we ykdysady walýuta krizisi sebäpli döredi. Köp ýyllaryň dowamynda köp walýutaly şertleşikler halkara ykdysady guramalar tarapyndan döwletara ylalaşyklar esasynda amala aşyrylyp gelindi. Köp walýutaly şertleşikler pul borjunyň jemi tölegiň walýutasy bilen walýuta sebediniň (korzinanyň) hümmet gatnaşygy esasynda täzeden hasaplanýar. Walýuta sebedinde (korzinasynda) bolmaly walýutalaryň görnüşleri geleşige gatnaşyjylar tarapyndan özara ylalaşylýar. Walýuta sebedindäki (korzinasyndaky) walýutalaryň sany iki we ondan köp bolup biler. Köp walýutaly şertleşikleriň bir walýutaly şertleşiklerden bir topar artykmaçlyklary bardyr. Olara ilkinji nobatda şu aşakdakylary degişli etmek bolar:

1. Walýuta sebedi (korzinasy) tölegiň walýutasynyň hümmetini ortaça arifmetiki görkeziji görnüşinde aňlatmak usuly hökmünde, tölegiň jeminiň düýpli üýtgemek ähtimallygyny peseldýär;
2. Kontragentleriň ikisi üçin (algydaryňam, bergidaryňam) hem walýuta töwekgelçiligi boýunça bähbitlerini doly derejede üpjün edýär. Sebäbi walýuta sebedi (korzinasy) durnuklylygy dürli derejede bolan walýutalary öz içine alýar.

Köp walýutaly şertleşikleriň hümmet ýitgilerini hasaplamak usullary baglylykda olaryň düzlüşiniň dürli görnüşleri bardyr. Şertnamada köp walýutaly şertleşikleriň düzülişiniň nätakyklygy her tarapa hümmet ýitgilerini hasaplamakda öz usulyny saýlamaga mejbur edýär. Bu bolsa öz gezeginde halkara hasaplaşyklaryň kadalaşmagyny kynlaşdyrýar. Köp walýutaly şertleşikleriň gorag häsiýetleri sebede (korzina) saýlanyp alynýan walýutalaryň sanyna däl-de, olaryň hiline baglydyr.

Walýuta sebedine tötänleýin saýlanan walýutalara esaslanan köp walýutaly şertleşikleriň netijeliligi bir walýutaly adaty şertleşigiňki ýaly pes bolup biler. Şweýsariýada gyzyl standarty ýatyrylandan soň Bütindünýä ösüş banky özüniň balansyna baha bermek üçin şertli gyzyl Şweýsar frankyny ulanýar. Ýurdumyzyň demir ýol ulagy ministrliginde hem halkara hasaplaşyklarynda Şweýsar frankynyň ulanylýandygyny bellemek gerek.

Brettonwud walýuta ulgamy gyzyl dewizli standarta esaslanyp, hümmetleriň we paritetleriň kesgitlenen (fiksirlenen) tertibinde halkara walýuta birlikleri şertli gyzyl düzüme ýa-da durnukly walýuta (ÝEWRO, Şweýsar frankyna, ABŞ dollaryna) otnositel gatnaşygy deňeşdirýär. Olar pul borçlarynyň möçberini, halkara guramalara gatançlaryň (wznoslaryň), karzlaryň, kömekleriň, nyrhlaryň möçberini anyklamaklyk üçin ulanylýar. Tölegleriň möhleti gelende, gyzyl şertleşikdäki ýaly onuň jemi hasap birliginiň şertli gymmatyna görä täzeden hasaplanýar.

Ýamaý walýuta ulgamyna we walýutanyň ýüzýän (plawaýuşiýe) hümmetine geçilmegi bilen halkara walýuta birlikleri anyk walýuta sebedine (korzinasyna) kybaplaşdyryldy.

Walýuta sebetleri (korzinalary) düzüminiň walýutalary boýunça şu görnüşlere bölünýärler: birmeňzeş udel agramlary bolan sebet (simmetriki sebet); dürli udel agramlary bolan sebet (assimetriki sebet); walýuta şertleşigi hökmünde bellibir möhlete ulanmaklyga kesgitlenen walýuta birligi bolan sebet (standart sebet); bazar faktorlaryna baglylykda üýtgeýän sebet (sazlanýan sebet).

Walýuta töwekgelçiliklerinden goranmak üçin köp walýutaly şertleşikler kabul edilende, nyrhyň walýutasynyň hümmetini walýuta sebedine (korzinasyna) gatnaşygy boýunça deňleşdirmek ýörelgesi ulanylýar. Munuň özi töleg möhleti gelendäki walýutanyň hümme-

ti, şertnama gol çekilen senesindäki walýutanyň hümmeti bilen deňleşdirilýär. Şeýle ýörelge ulanylanda şertleşik şu görnüşde beýan edilýär: «Şertnamanyň bahasy bellenende, ylalaşygyň gol çekilen senesinde walýuta sebediniň bahasy nyrhyň şunça walýuta birligine barabardyr. Eger töleg gününde (senesinde) walýuta sebediniň bahasy üýtgese, onda nobatdaky töleg şol möçberde proporsional üýtgediler».

Walýuta şertleşiginiň hereketiniň mehanizmi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Onuň hereket edip başlaýan wagty, ol şertnamada hümmetiň üýtgemeginiň çägine baglydyr (mysal üçin, +2%);
2. Walýuta sebediniň bazis gymmatynyň sebedi – bu sene şertnama gol çekilen güni diýlip hasaplanýar;
3. Töleg möhletinde walýuta sebediniň şertli bazis gymmatynyň kesgitlenmesi – bu sene köplenç tölegiň öň ýanyndaky gün hasaplanýar.

Daşary söwda şertnamalaryna ýa-da karz geleşiklerine gorag şertleşikleriň girizilmegi kontragentleriň çylşyrymly ylalaşyk mehanizmini talap edýär. Munuň özi, şertnamanyň beýleki geleşikleri boýunça hem taraplaryň özara ylalaşyga gelmegini aňladýar. Eglişikleriň gazanylmagy nyrhyň peseldilmegine hem getirip biler.

Halkara hasaplaşyklarda haryt nyrh şertleşikleri hem ulanylýar. Haryt – nyrh şertleşikleriniň ylalaşyklarda görkezilmegi haryt satyjylary (eksportýorlary) we karz berijileri puluň hümmetsizlenmegi töwekgelçiliginden ätiýaçlandyrmak maksady bilen amala aşyrylýar. Haryt-nyrh şertleşikleriň nyrh dörediji faktorlara baglylykda ýokarlanýan nyrhlar hakynda şertleşikler; pul borjy ýüze çykan seneden, onuň öwezi dolunýan senä çenli nyrh indeksiniň üýtgemegine görä proporsional tölegiň jemini täzeden hasaplamagy göz öňüne tutýan aýratyn indeks şertleşigi ylalaşykda görkezilýän indeksasiýa görnüşleri bolýar.

Halkara hasaplaşyklarynda indeks şertleşikleri az ulanylýar. Onuň sebäbi harytlaryň bahasynyň ýokarlanmagyny hakyky görkezýän indekslere täzeden seretmekligiň we olary saýlamaklygyň kynçylyklary bilen düşündirilýär. Karz alyjylar hem indeks şertleşikleri ulanylanda, karzlaşdyrmanyň şertlerinde ýaramazlaşmagyna garşy bolýarlar.

13. Sargyt №2973.

# XV BAP
# BANKYŇ MALIÝE HASABATYNYŇ ANALIZI

## 15.1. Bankyň maliýe hasabaty barada düşünje

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda çykaran 11139 belgili «Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda» Kararyna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2012--nji ýylyň mart aýynyň 9-na 46-ö belgili buýrugy esasynda «Karz edaralarynyň ýyllyk maliýe hasabatlary hakynda Düzgünnama» Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 14-nji martynda tassyklandy. Bu Düzgünnama Türkmenistanyň 2010-njy ýylyň 27-nji noýabryndaky «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Kanunyna hem-de maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy. Düzgünnamanyň esasy maksady karz edaralarynyň maliýe hasabatlarynda bankyň maliýe ýagdaýyny, maliýe netijelerini, onuň hususy maýasyndaky üýtgemeleri we pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlaryň binýadyny döretmek hem-de hasabatlary tabşyrmak üçin taýýarlamakdan ybaratdyr. Şeýle-de maliýe hasabatlary geçen hasabat döwrüň degişli maglumatlary hem-de beýleki karz edaralarynyň maliýe hasabatlary bilen deňeşdirmek mümkinçiligini üpjün edýär. Maliýe hasabatlylygy – bu ykdysady subýektiň hasabat senesindäki maliýe ýagdaýy, hasabat döwründe ýerine ýetiren işleriniň maliýe netijeleri, hususy maýasyndaky üýtgemeleri we pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky

maglumatlary özünde jemleýär. Maliýe hasabatynyň halkara standartlary (MHHS (IFRS)) – bu maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary boýunça Komitetiň Müdiriýeti (MHHSK Müdiriýeti) tarapyndan kabul edilen standartlardan we düşündirişlerden ybarat bolup, olara şu aşakdakylar degişlidir:

- Maliýe hasabatynyň halkara standartlary (IFRS);
- Maliýe hasabatynyň halkara standartlary (IAS);
- Düşündirişler boýunça Gaznasy ýa-da öňki hereket eden düşündiriş boýunça Hemişelik Komiteti tarapyndan taýýarlanan düşündirişler.

Düşündirişler – maliýe ýagdaýy hakynda hasabatyň, gaýry umumy peýda hakynda hasabatyň, peýdalar we ýitgiler hakynda aýratyn hasabatyň, hususy maýadaky üýtgemeler hakynda hasabatyň we pul serişdeleriniň hereketi hakynda hasabatyň görkezijileriniň üstüni dolýan maglumatlaryň jemidir. Bu hasabatlarda açylyp görkezilen maddalar, şeýle-de hasabatda ykrar edilmäge degişli bolmadyk maddalar jikme-jik aýdyňlaşdyrylýar ýa-da beýan edilýär.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlary boýunça maliýe hasabaty işlenilip düzülende diňe esasy meselelere üns berilýär, sebäbi jikme-jik standartlary düzmek, olaryň bütindünýä derejesinde ulanylmagyna kynçylyk döredýär. Häzirki döwürde hasabyň we auditiň 41 sany halkara standarty hereket edýär.

| **№ standart** | **Standartlaryň atlary** |
|---|---|
| IFRS 1 | MHHS-iň ilkinji ulanylyşy |
| IFRS 2 | Paýlar esasynda tölenen |
| IFRS 3 | Kompaniýalaryň birleşmesi |
| IFRS 4 | Ätiýaçlyk şertnamalary |
| IFRS 5 | Satmak üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler |
| IFRS 6 | Tebigy baýlyklary gazyp almak we bahalandyrmak |
| IFRS 7 | Maliýe gurallaryny açyp görkezmek |
| IAS 1 | Maliýe hasabatyny açyp görkezmek |
| IAS 2 | Haryt-maddy ätiýaçlyklar |
| IAS 7 | Pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabat |

| | |
|---|---|
| IAS 8 | Bahalandyrmalar, ýalňyşlyklar<br>we hasap syýasatyndaky üýtgemeler |
| IAS 10 | Hasabat döwründen soňky ýagdaýlar |
| IAS 11 | Gurluşyk potratlary (şertnamalary) |
| IAS 12 | Peýda salynýan salgyt |
| IAS 14 | Hasabatyň bölekleýin maliýe maglumatlary |
| IAS 16 | Esasy serişdeler |
| IAS 17 | Kärende |
| IAS 18 | Girdejileri kesgitlemegiň usullary |
| IAS 19 | Işgärlere baýraklar |
| IAS 20 | Döwlet goldawynyň hasabyny<br>we döwlet kömegini açyp görkezmek |
| IAS 21 | Walýuta aluw-satuw kursunyň üýtgemeginiň täsiri |
| IAS 23 | Karzlar boýunça harajatlar |
| IAS 24 | Maliýe işine gözegçilik edýän<br>kompaniýalaryň maglumatlaryny açyp görkezmek |
| IAS 26 | Pensiýa üpjünçilik maksatnamalary boýunça<br>buhgalter hasaby we hasabat düzülişi |
| IAS 27 | Ylalaşdyrylan maliýe hasabatlary we garamagyndaky<br>kärhanalara düýpli maýa goýumlaryň hasaby |
| IAS 28 | Assosirlenen kompaniýalara düýpli<br>maýa goýumlaryň hasaby |
| IAS 29 | Iň ýokary derejeli pul hümmetsizlenmeginiň<br>ykdysady şertlerindäki maliýe hasaby |
| IAS 31 | Bilelikdäki kärhanalaryň maliýe hasabatyndaky<br>gatnaşyk paýyny görkezmek |
| IAS 32 | Maliýe gurallary |
| IAS 33 | Aksiýalara (paýlara) peýda |
| IAS 34 | Aralyk maliýe hasabaty |
| IAS 36 | Aktiwleriň arzanlamagy |
| IAS 37 | Ätiýaçlyklardaky şertli borçlar we şertli aktiwler |
| IAS 38 | Maddy däl aktiwler |
| IAS 39 | Maliýe aktiwlerini kesgitlemek we baha bermek |
| IAS 40 | Hususy maýa goýumlar |
| IAS 41 | Oba hojalygy |

